TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY
MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY

**Mäne baba**
(Abusagyt Abylhaýyr)

# RUBAGYLAR

Pars dilinden terjime eden
we çapa taýýarlan
*Gurbangözel Kömekowa*
Şygra geçiren
*Amandurdy Annadurdyýew*

**Aşgabat**
**«Ylym» neşirýaty**
**2012**

UOK 820/ 89 (100 – 87)+894.361
A 16

**Abusagyt Abylhaýyr (Mäne baba)**
A 16 **Rubagylar.** – A.: Ylym, 2012. — 180 sah.

Seljuk türkmenleriniň kuwwatly zamanasynda «söz äleminiň soltany», yslam dünýäsinde «ýedi weliniň biri» hasaplanan Abusagyt Abylhaýyr — Mäne baba beýik alym, uly pir, weli, arap-pars dillerinde şygyr — rubagy ýazan ussat şahyr, ynsanperwerligiň, dostlugyň, halallygyň we agzybirligiň ündewçisi hem waspçysy hökmünde tanalýar.

Döwürdeş alymlary tarapyndan «Halkyň halany we Hakyň aşygy» diýen iň ýokary hormatly lakama mynasyp bolan Mäne babanyň şirin rubagylarynda ylahy söýgi, watançylyk, ynsanperwerlik baradaky oýlanmalar, dünýä, jemgyýete akyl ýetirmek baradaky pelsepeler uly orun tutup, ähli işlerde diňe Haka, halka we hakykata golaý durmaklyk ündelýär.

TDKP №26, 2012 KBK 84.35+84 tür 1

© TYA-nyň Milli golýazmalar instituty, 2012.
© TYA-nyň "Ylym" neşirýaty, 2012.

## GÖWNE – GANAT, DILE – AÝDYM

**Eziz halkym!**

Ata-babalarymyzyň almaz akylyndan, jöwher zehininden dörän türkmeniň milli mirasy halkymyzyň gamly günlerinde göwünleriniň ganatyna, şat günlerinde dilleriniň aýdymyna öwrülip, asyrlaryň synagyndan geçip, taplanyp biziň günlerimize gelip ýetipdir. Her bir sözi gyzyla gaplanmaly nakyllardyr atalar sözi, eneleriň süýji arzuwlary siňen hüwdüler, türkmen gözelleriniň inçe duýgularyna eýlenen monjugatdylardyr läleler, pederlerimiziň durmuş tejribesi siňen hekaýatlardyr tymsallar, mahlasy türkmen geçmişiniň müňýyllyklara uzaýan taryhy we medeni durmuşyny şöhlelendirýän milli mirasymyz täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda täze röwüşde ýalkym saçýar. Bäş müň ýyllyk arheologik tapyndylar, iki müň ýyllyk taryhy çeşmeler, Geradot, Strabon, Ptolomeý, Arrian, Belazury, Hamawy, Tabary, Beýhaky, Istehri, Kazwyny kimin günbataryň we gündogaryň meşhur taryhçylarynyň, syýahatçy alymlarynyň ýazgylary ruhy mirasyny, ruhy dünýäsini, milli häsiýetlerini gözüň göreji deýin päkize saklan milletimizi dünýäniň ylymly-bilimli, dana halklarynyň biri hökmünde tanadýar, ýakyn-alys, goňşy-garyndaş halklaryň medeniýetleriniň baýlaşmagynda türkmen halkyna taýsyz ornuň degişlidigini ykrar edýär. Ine, hut şonuň üçin hem, ynsanperwerligiň aýdymyna öwrülen türkmeniň ruhy dünýäsi – asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan döredijilik älemi bilen tanyşmak, adamzadyň şöhratly geçmişiniň altyn sahypalaryny okamak her bir ynsan üçin örän gyzyklydyr.

**Eziz okyjylar!**

Sagdyn aňy, giň gözýetimi bilen tapawutlanýan türkmen halkynyň şanly geçmişi, adamzat kalbyny heýjana salýan ruhy mirasy geçmişde-de, bu gün hem dünýä halklarynyň iňňän ýokary bahasyna, çäksiz hormatyna mynasypdyr. Çünki, adamzat gymmatlyklar hazynasynyň baýlaşmagynda, pelsepe, saz, edebiýat, dil, matematika, himiýa, astronomiýa, geologiýa, lukmançylyk ýaly ylymlaryň kämilleşmeginde Muhammet Horezmi, Abusagyt Abylhaýyr, Abu Nasr Faraby, Abu Reýhan Biruny, Ibn Sina, Mahmyt Kaşgarly, Mahmyt Zamahşary, Hoja Ahmet Ýasawy, Nejmeddin Kubra, Alyşir Nowaýy, Baýram han, Nurmuhammet Andalyp, Döwletmämmet Azady, Magtymguly Pyragy kimin ylym dünýäsinde müdimi meşhur akyldarlarymyzyň, kelam güýjüni, kelam gudratyny äleme ýaýan söz ussatlarymyzyň taýsyz hyzmatlarynyň ýatandygyny görenimizde kalbymyzy milletimize bolan beýik buýsanç, çäksiz guwanç duýgulary gurşap alýar. Aňyrsyna-bärsine gözýetmez, çäksiz hem-de düýpsüz döredijilik ummanyny döreden beýik şahslarymyzyň mirasy, ýyllaryň, asyrlaryň, müňýyllyklaryň dowamynda zähmetiň, zehiniň hem-de ylhamyň sazlaşygynyň miwesi bolan ruhy baýlyklarymyz täzeden galkynýan jemgyýetimiziň ruhy çyragydyr, dostlugy, doganlygy, ynsanperwerligi ündeýän aňyýetimiziň egsilmez hazynasydyr, mizemez nusgasydyr.

Gözbaşyny alyslardan hem asyrlardan alyp gaýdýan türkmeniň milli mirasy – bu akyldar alymlarymyzyň dünýäni müdimi haýrana goýýan ylym dünýäsidir, şirin nagmaly, hoş sedaly söz ussatlarymyzyň ynsan kalbyna, ynsan ýüregine ruhy melhem beriji çuň many-mańyzly, şekerden datly söz bossanydyr.

Adamzadyň kalbynda nepis duýgulary oýarýan, zehini taplaýan iň ajaýyp, iň gözel, iň näzik bu miras geçmişe, şu güne hem-de geljege çäksiz buýsanç we guwanç duýgularyny döredýän ruhy güýçdir, biziň baky diriligimizdir.

«Oguznama», «Gorkut ata», «Görogly», «Şasenem-Garyp», «Zöhre-Tahyr», «Saýatly-Hemra» kimin dürdäne eserlerimiz milletimiziň egsilmez ruhy gorudyr, ynsan ýüreklerini ysnyşdyrýan, dostlugy, doganlygy wagyz edýän adamzat pähiminiň örän seýrek duşýan ajaýyp dürdäneleridir.

Täze galkynyş eýýamynda ylym dünýäsinde, alymlarda, syýahatçylarda uzak ýyllardan bäri uly gyzyklanma döredýän şirin zybana, dury paýhasa eýlenen ruhy dürdänelerimizi toplamak, öwrenmek, dünýä dillerine terjime etmek hem-de adamzadyň ajaýyp medeni-ylmy ýadygärlikleriniň sanawyna girizmek zerurdyr. Çünki, jemgyýetimiziň galkynýan täze taryhy döwründe ýürek törlerimizde baky orun tapan bu öçmez -ýitmez ruhy mirasy döreden ata-babalarymyzyň mübärek adyny, mertebesini şöhratlandyrmak, gadymy hem müdimi taryhymyzy, milli genji-hazynalarymyzy, pelsepämizi, zybanymyzy, däp-dessurlarymyzy, toý-baýramlarymyzy dünýä ýaýmak biziň mukaddes borjumyzdyr.

**Mähriban okyjylar!**

Siziň eliňizde Türkmenistanyň Ylymlar akademiyasynyň Milli golýazmalar institutynyň taýýarlan ajaýyp kitaby. Ynsanyýetiň baş baýlygy, onuň sermaýasy kitapdyr. Söz ussatlarynyň ylham-zehininden kemala gelen nepis edebi eserler, şygyr diwanlary, şanly geçmişden söhbet açýan taryhy, ylmy kitaplar ynsan üçin ajaýyp sowgatlardyr. Buýsançly geçmişimiziň, baý ruhy dünýämiziň aýrylmaz parçasy bolan şeýle ajaýyp kitaplaryň täze Galkynyş zamanamyzda gözellikde, nepislikde we şirinlikde durmuş ýörelgämize, taryhymyzyň dowamatlylygynyň, durmuş gurluşymyzyň mizemezliginiň ruhy we maddy esasyny üpjün edýän gymmatlyklara öwrüljekdigine berk ynanýaryn. Şeýle eserleriň höwrüniň köp bolmagyny tüýs ýüregimden arzuw edýärin!

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI

**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**

* * *

Jan bar, dil bar, jana ýagy bil dili!
Sözüň az et, titrese jan bilbili!
Bir ajap söz diýmiş senemler[1] şasy:
«Baş – bag ýapragydyr, dil – güýzüň ýeli».

* * *

Rebbim, işlerimiň düwünni açgyn,
Akyl ejizligme keremli bakgyn.
Dergähiňden başga gapy sermemen,
Ýa, Gapbar, üstüme nygmatyň seçgin!

* * *

Köýüňde kösenip, gamly gaýtmaýyn,
Ýüzüme sylaýyn, dik dogsun Aýym!
Kerim – Sen, hiç kimi goýmadyň nansyz,
Il deňinde bergin meniň hem paýym.

* * *

Eý, Züljalal, waspyň sözlesem azdyr,
Gapy-gapy gezmek bendäňe sazdyr.
Ýa umyt guşumy kapasa sal sen,
Ýa-da işlerimiň gulpuny ýazdyr!

---

[1] Senem – but.

* * *

Ýa Rep, salma meni perişan hala,
Dogana mätäçlik dälmidir nala?!
Umytly gapyňdan rysgymy bitir,
Özge işik getirmäýin hyýala.

* * *

Syryňdan serlere jaý söz dolandy,
Rehnet gapyň barça taýsyz ulandy.
Dergähiňe dileg diläp gelen gul,
Dergähiňden haçan paýsyz dolandy?!

* * *

Kalpda orun berme Özüňden gaýra,
Maňlaýyma dileg tozanyn ýaýma!
Hiç zat gelýän däldir meniň elimden,
Meni öz-özüme bagly edip goýma!

* * *

Gam özenin hiç bir permana bermen,
Tä ölýänçäm Dostdan ýüregim üzmen.
Dostdan ýadygärlik ýeke derdim bar,
Ol derdimi ýüz müň dermana bermen.

* * *

Seni ýada salmak jigeriň emi,
Seniň söwdaň bilen atyrýas daňy.
Kalbym bu bendelik halkaňda baky,
Bar bolsa ýüregiň dirilik demi.

* * *

Ybadatym bilen nagyş etsem nany,
Saçakda bir ite bagyş etsem ony.
Aç ýatan bolsa-da bir ýyl zyndanda,
Namys eýläp, uzatmaz ol burnuny.

* * *

Dünýä – bir ýol, behişt bolsa menzildir,
Paýhasyň ýanynda ikisem guldur.
Aşyk bolsaň, el ýuw ikisinden hem,
Dost öýüne eltjek, ine, şu ýoldur.

* * *

Yşgyňdan gaçdym men, eý, janym dildar,
Bilimde hasrata eýlenen zünnar[2].
Yşk köwsarlap gelip, ýoldan dolady,
Boýna syrtmak atdy, misli men ganhor.

* * *

Etmeseň barlygňa eger sen puşman,
Aryp halkasyna kyn bolar düşmäň.
Il gözünde öwrülmeseň kapyra,
Aşyk mezhebinde mömin däl, duşman.

* * *

Meniň isleýänim dälmidir mälim,
«Wysalyňa höwes» saýraýar dilim.
Peryat-pyganymyň bilseň sebäbin,
Seň bilen söhbete salym ber, salym!

[2] Zünnar – isaýylara degişliligi bildirmek üçin,bile guşanylýan guşak.

* * *

Ýardan el çekmegi kalba düweýin,
Ýürek ogrusyndan kalbym ýolaýyn.
Dildar bilen aralykda perde men,
Şonuň üçin men ýolumy sowaýyn.

* * *

Bu gün ýarym maňa nämeler diýdi:
«Bizden özgä bakmagyňy goý! » diýdi.
Ýüz-gözünden otly-ýalyn çabradyp,
«Diňe ýar ýolunda ýanyp-köý! » diýdi.

* * *

Ýürek gitdi görkli kişiň ýanyna,
Onuň gamy girer görküň sanyna.
Günde müň soranda janym bermeýän,
Onuň hoş talabnyň süýji şanyna!

* * *

Ähdiniň üstünde berk dur kalp-ýürek,
Jan – seniň gamyňa mydama hörek.
Iki jahan yşgy gitdi ýürekden,
Seniň gamyň öz ornunda janserek.

* * *

Diýdiler: «Geň diniň aýnasy – köňül»,
Ulumsy görkliniň görkünden sowul.
Ajap däl görklini aýnada görmek,
Hem Aýna, hem Görkli, ine, bu kabul.

* * *

«Magşugyň kim?» diýip, sorady bende,
«Ol – pylan. Maksadyň mundan ne gende?»
Hahahaýlap güldi, galgadyp golun:
«Günüň niçik geçer onuň elinde?!»

* * *

Dost bilen garyşmak bagty ýok mende,
Yşkdan ýüz öwürmek nagty ýok mende.
Ykbal bilen tutluşmaga goşar ýok,
Eliňden gaçmaga aýak ýok mende.

* * *

Kaddyň kaddym mähnet ýükünden tutdy,
Çeşmiň çeşmim çeşme deýin eretdi.
Gün kimin garaltdy halyň halymy,
Zülpüň işim buýr-u bulaşyk etdi.

* * *

Rebbim, günälemden gyzýandyr ýüzüm,
Bet işlemden duýýan ýazykly özüm.
Ýok bolsun köňlümden batyl hyýallar,
Kalbym keremiňe dikýändir gözün.

* * *

Ömür geçdi haýyr işden çetleşe.
Haram lukma, gara nebis gatlyşa.
Bogýar meni berjaý etmedik parzym,
Arman çekýän buýrulmadyk etmişe.

* * *

Il görsedi meniň hakyky ýüzüm,
It deýin kowardy, etmezdi dözüm.
Eger içim çöwürseler daşyma,
Otlardylar meni, ýok muňa sözüm.

* * *

Günäniň ýükünden tenim ha:r bolar,
Elimden çekerňe göwnüm zar bolar.
Saňa laýyk bolmasa-da amalym,
Keremiňe mynasyby bar bolar.

* * *

Barlyga baglanmaz Alla söýen mert,
Pynhan kalby saplyk – merde bolan şert.
Hak ýola düşen mert meý meýlisinde,
Meýhana boşadar, ýok serhoşlyk dert.

* * *

Tesbi sanamaklyk – uly bir sogap,
Meý jamyn götergin, dünýeden sowap.
«Dosta näme sowgat etsem?» diýipdiň,
Dertsiz gelme hem-de yşga et togap!

* * *

Ömür bagy – tiken – mende, gül – Sende,
Säher çagy zäher – mende, bal – Sende.
Günä sellesini orandym başa,
Nädip diýsem: «Dodak – mende, dil – Sende».

* * *

Eý, ýürek, gan bolýaň, hany çydaşmaň?
Eý, jan, çyk daşary, ne näz-kereşmäň?
Eý, dide, utan sen, görýän zadyň ýok,
Dostuň halyn görmän, bar näme pişäň?!

* * *

Eý, ýürek, hijranda boýalgyn gana,
Eý, dide, heýhat gün öwrül Jeýhuna!
Eý, janym, Janandan ezizmi nä sen?
Gursagymdan çyk-da, uç git asmana!

* * *

Gamyň ýürek gamym talady-çatdy,
Derdiň kalp öýüme satyjy bakdy.
Zahytlaryň[3] mahrum düşen syryny –
Yşgyň gulagmyza pyşyrdap çakdy.

* * *

Maksat tuta bilmen, ýüzüň bolmasa,
Saňa bolan söýgim ylla solmasa!
Ornaşa bilmerin wysal gözlegde,
Yşkdan dönmen, ajal janym almasa!

* * *

Anbar zülpe – zünnarparazlyk adat,
Gaşyň çeti – ornum, edýän ybadat.
Ýa Rep, Sen – Käbe Sen, kapyr-möminiň,
Ýüregi bakýandyr bir Saňa tarap.

---

[3] Zahyt – takwa, dindar. Allanyň ybadaty üçin, terkidünýäligi kesp edinip, dünýa lezzetinden ýüz öwren kişi.

* * *

Ýar saňa hernäçe bolsa gaharly,
Gamlanma, ol saňa şonça mähirli.
Dildar edil mysalynda aýnanyň,
Seretseň, sereder saňa ýakymly.

* * *

Hemra etdiň meni garyplyk bilen,
Ýarsyz-ýaransyzlyk bagrymy dilen.
Gapyňa golaýlaň derejesi bu –
Haýsy hyzmat bilen men muňa gelen?!

* * *

Bir pursat arzuwlaň çyrasyn öçür,
Her Ýusup görklüden nazaryň gaçyr.
Şu baldan çalaýyn seniň lebiňe,
Duýmasaň lezzetin, sen ony tüýkür.

* * *

Ýüzlerim saraldyp eýleme saman,
Hiç kişä işimi etmegin aýan!
Eger gerek bolsa bizden bu wysal,
Seni oňa dartsam, dileme aman!

* * *

Bu tyýpançak ýerde gitmäýin taýyp,
Röwşen eýle ýolum nuruňy çaýyp!
Goldawsyz, hünärsiz halyma bakma,
Ýa Rep, eçil näme bilseň ylaýyk!

* * *

Ybadatda etseň hernäçe hata,
Muň üçin gam iýme, gel sen Dost gapa!
Günä gomlarynyň möwjünden gorksaň,
Köşeş, bu ummanyň nawbaşy Huda.

* * *

Güzeriň düşende meň meýdanyma,
Çöwgenimden howp abanar janyňa.
Jigermiň ganyna daş sözüň bulap,
Meni öwürdiň sen öz gulamyňa.

* * *

Gaşy gylyç ýarym – meniň saklawym,
Wah, gaplaň göz gan içmekde taplanan.
Bir tarapym – gylyç, bir ýanym – gaplaň,
Arasynda gylyç bilen gaplaňyň.

* * *

Seniň ýanyňdakam – gülşende mydam,
Aýralyga ýokdur sabyrdyr çydam.
«Ýaman gözden daş bol», eýledim doga,
Menden gaçýaň, eýsem, menmidim ýaman?!

* * *

Magrypet[4] ýolunda men köp çolaşdym,
Danalar hatarna girdim, ulaşdym.
Öz perdämi özüm açyp göremde,
Boşlugymy bilip, gama bulaşdym.

---

[4] Magrypet – Allany tanamaklyk hakdaky ylym.

* * *

Başa gaýgy-hasrat geler nebisden,
Derwüşlige köňül bagla jebisden.
Alym boljak bolsaň, gysga bolsun el,
Uzagrak dur ham-hyýaldan, höwesden!

* * *

Janymdan arzuwyň gitmez hiç haçan,
Jemalyň höwesi kalp alyp gaçan.
Köýüňden gidenler goýdy ýüregin,
Kalbyn äkitmedi mundan her geçen.

* * *

Yşk hem-de dert beren şükür men Taňra,
Akyldan aýyryp, tutansyň gaňra.
Namazlykdan düşmez takwa kişidim,
Öwürdiň buzahor[5], kezzap, boş ýaňra.

* * *

Bizde gama bolan uly wada bar,
Ýürek ganymyza telwas dide bar.
Eý, bigäne, bäsdeş bolsaň, bäri geç,
Bulgurmyzda meý deregne bada bar.

* * *

Barýardym kalp ganym ýoluma döküp,
Ah çekmämden dowzah oduny seçip.
Gülşen köýe gelýän Seniň şowkuňdan,
Etek-etek günä gülüni sepip.

[5] Buzahor – şeraphor, arakhor, meýhor.

* * *

Sendenem gowyny serinde beslän,
Ýa men deýin Seniň wysalyň islän,
Buýsanmaga hakly öz barlygyna,
Hak tomaşa eýlär, jemalyň taslan.

* * *

Zülpüň – şa, ýüzüňe esedip görsem,
Tagtyň tomaşasyn, Dost, gidip görsem.
Halkaňdan asylan boýnum boljakdyr,
Aýagyň astynda jesedim görsem.

* * *

Asman, Aý, Gün saňa umytly bakar,
Jan, ýürek hem dide – husnuňa nöker.
Asmanyň mukaddes ruhy hemişe
Seň yşk depderiňde ebjedi çykar.

* * *

Köp pyrlandym men imanyň da:şynda,
Etmişe puşmanlyk meniň huşumda,
Suwum – şerap, keliseden topragym,
Mömin boldum, kapyrlygym başymda.

* * *

Saňa nazar salar, soramaz, näsiň?
Ol güli, tikeni deň ösdi:r täsin.
Kerem derýasyna aldanmagyn sen,
Kenara elter-de, öldürer suwsuz!

* * *

Meýdan – giň, wah, ýöne meýdan merdi ýok,
Jahan mertleri bar, meýdan – ýurdy ýok.
Daşky sypatlary öwlüýä meňzeş,
Içlerinde musulmanlyk derdi ýok.

* * *

Sapardakam sapar ýoldaşym Sensiň,
Öýde bolsam, meniň öý dostum Sensiň.
Saga-sola güzerim-ýolum düşse,
Nazaryma iljek ýeke-täk Sensiň.

* * *

Jahan – gassaphana, biz oň maslygy,
Aşhanamyz – jahan, açlyk – islegi.
Ýokdur bizde behişt isleg-arzuwy,
Bize laýyk ýalyn- dowzah pesligi.

* * *

Eý, dide, iş – mähnet çokamakdadyr,
Dünýäniň syryny okamakdadyr.
Hylwatyň kanagat çüňkünde otur,
Ýalňyz bol, bar hikmet ýekelikdedir!

* * *

Gam penjäňde ýürek aýdanok aýdym,
Gamyňda perişan zülplerim ýaýdym.
Sessiz aglaýarys duýmazyň ýaly,
Tüssesizje otda lowlaýyp köýdüm.

* * *

Janymyň iýmiti umyt – garaşmam,
Köňlümiň – tarasy, ganym ýörüşmäm.
Lebim lebe degse, jan gider yzlap,
Janyma baglydyr maksat riştäm.

* * *

Dünýä çörňeşeniň ýüregi dertli,
Derwüşlik edýäniň kalby bagtly.
Ger eşegiň bolsa jaňy, zynjyry –
Ýstüniň ýüküne mydam ol örkli.

* * *

Şübheli gürrüňde ýok gizlin düwün,
Başymy galdyrmak kyn maňa bu gün.
Imanyny müň öwürdim, peýda ýok,
Bu kapyr, yslama boýun däl, boýun.

* * *

Her işiň ýetmese wadaly güni,
Nesip etmän ele almarsyň muny.
Gyş aňzagnyň azabyny çekmese,
Her tikeniň hasyl bolmaýar güli.

* * *

Hüýrler nigär görmekligiň gurbany,
Perişdeler el çarpyşyp durýany.
Iki tarapyna hal goýlan ýüzüň,
Mukaddesler gorkup, açdy Gurhany.

* * *

Sen taşlarsyň ähli halaýyk-halky,
Ýüzüň maňa öwrüpsediň Sen baky.
Özgelere baglanma bir puşmandyr,
Ol sapakdan çekseň, üzüler, belki.

* * *

Eger är duşmany ataş-ot bolsa,
Ýyldyrym deý ýanar, şöhrat-at bolsa.
Eger özün ursa ummana güjük,
Deňiz hapalanmaz, gark bor it bolsa.

* * *

Zulumkeşler özün ýalyna atar,
Ak säheriň «ahy» bogazdan tutar.
Eý, ýol kesen, jeza pursatyndan gork!
Seniň kesen ýoluň seni-de çapar.

* * *

Medresede amal ele berilýär,
Meýhanada lezzet dile berilýär.
Mekir-melgunlaryň öý-mesgeninde –
Imanyň maýsasy ýele berilýär.

* * *

Aşyk dost gamynda ýörese munda,
Magşuk näz-kereşmä erese munda.
Biz – günä tirýäris, Sen – yhsan-kerem,
Her kim özün görer derejesinde.

* * *

Lebiň – üzüm, nakgaş garalamasyn!
Gül öwüssün, bende paralamasyn.
Şeýle näzik – gül öwüsýän dahanyň,
Keseki nazary ýaralamasyn!

* * *

Adyl bol, bu jahan batlansa gowy,
Zalym bir «ýarak it» atlansa gowy.
Akyl gözleriňi giň aç, dogry bak,
Ynsan neneň-niçik ýatlansa gowy?!

* * *

Aý iltelen zülpi anbar bolup dur,
Gant gatylan sözi ballar bolup dur.
Onuň başyndaky hyýaldan ýaňa,
Döwür hökümdary gullar bolup dur.

* * *

Ýüregim: «Sen ýanyp-bişmäwer!» diýdi.
Gözlerim: «Salgyma joşmawer!» diýdi.
Janym: «Yşk ýolunda ýanyp-bişýän köp,
Meni haraplyga goşmawer!» diýdi.

* * *

Baga barsam, bagtym – bilbil kölgesi,
Sensiz synama ok – serwi jilwesi.
Ýa serwiniň görki sende jemlenen,
Ýa ýüzüň nusgasy – bagyň almasy.

* * *

Rahatdyryn bilsem, ynjym barlygyn,
Meni ýarsyz goýar wepadarlygym.
Kime sabyr-wepa etsem, şonça-da –
Subhanalla, şonça möçber harlygym.

* * *

Behişt senden alýar gyzyl-alyny
Bakylyk özüňden – ýadygärligi.
Çynystanyň[6] nagşy, keşdesi – sensiň,
Eýrana eçildiň gurrandazlygy.

* * *

– Aýralyk ne, hijrana hiç düşemok?!
– Nile dolanmazmy, Nile uçan ok?
Men – didäň,  gözüňe gözlemez gözüň,
Men – janyň, jan jana ýüzi açanok.

* * *

Öten agşam towly zülpün daran Aý,
Anbar ysly zülpe ýüzün büran Aý.
Duşmanlaryň ony tanamaz ýaly,
Diýdi: «Käte şeýle hile gerek» Aý.

* * *

Mätäçligmiz birdir, ruhum eliňde,
Özgeden geçdim men, gözüm ýoluňda.
Daýanmaga ýokdur ýagşy amalym,
Tut elimden meniň, gözüňi ýum-da!

---

6 Çynystan – Hytaý.

* * *

Men – Seniň Mejnunyň, tut sen elimden,
Sergezdanyň, torç bossanyň ozaldan!
Başsyz-aýaksyza arka bolýarsyň,
Men Seniň ýetimiň, habar al menden!

* * *

Bilmedim arada yş galjagyny,
Ganaty gyrylan guş galjagymy.
Munça sepil-sergezdanlyk görüpler,
Iki jahan Sensiz boş galjagymy?!

* * *

Hassa – ýürek, gussaly – jan, gan – kirpik,
Gowşurdy mähirli Aýyma eltip.
Ojaga el çoýup-çoýmankam, Pelek –
Diýdi: «Git, nagaraň başga ýerde dök!»

* * *

Allam, hossarsyzyň dadyna ýetiş,
Men ýalňyza hazynaňdan ber ülüş!
Kişä ýa hormatla buýsanýanlar kän,
Senden başga mende ýok gorag, hiç güýç.

* * *

Älem hossarsyzlar hossary Sen bir,
Zerre kerem bütin äleme deňdir.
Men – hossarsyz, hossarsyza söýget – Sen,
Ýa Rebbim, dadyma kömegiň indir!

* * *

Bahar geldi, täze dem hasyl boldy,
Ýaz ýazykly ömre gam hasyl boldy.
Bagda bägül basyrýança jaňyny,
Bahar kerweninde owaz sem boldy.

* * *

Yşk gamy saňa hem maňadyr ýürek,
Baş goýaly, ol tiz tanadar ýürek!
Eger dert lezzetin bilmeýän bolsaň,
Dost gamy – bizdäki gana deň ýürek!

* * *

Aramyz hernäçe bolsa uzak-daş,
Sen ýatdan çykmarsyň, gaçyrmaryn baş.
Topraga öwrülsem wepa köýüňde,
Ýel ogurlap bilmez meni alys-daş.

* * *

Yşkyňa yşk derde galdyran gelýän,
Yşka garşydaşyň şoldugyn bilýän.
Seniň yşk ataşyň şugla saçanda,
Seniň yşgyň merdi däldigim bilýän.

* * *

Köplük çaňyn ýürek howlusyndan sür,
Deşmegin, älemde Ýeke-Täk bu dür.
Gomparmagyn, Ýeke-Täkläp Allany,
Ýeke-Täk gör, aýtmak, diýmeklik däldir.

* * *

Yşk dürün aýtmandyr söz bilen peder,
Almazam deşmäge edendir heder.
Yşk – bu biziň gurýan söwdamyz, biliň,
Ol päkize geldi, şeýle hem gider.

* * *

Ol ornumyz döwür patyşaň ýany,
Biz barlyk halkanyň hakyky hany.
Kükregmize halkyň nazary düşýär,
Biz halkyň jahany görkezýän jamy.

* * *

Şir-u peleň bilen kişi ulaşsa,
Pakyr gargyşynyň tirinden gaçsa.
Derwüş ýüreginiň ahy igedir,
Onuň igeläni keser ir-giçde.

* * *

Günäler boýnumdan asyl-asyldyr,
Her biri janyma talaň misildir.
Hak tersine gitsem, müňde bir toba,
Toba günä ýuwýan ajap usuldyr.

* * *

Bar, Şam bilen Ýemen seň mülküň eken,
Çy:ndan Hotana çen, goý, seniň eken.
Bir gün bu mekandan gitseň sapara,
Ähli hemraň boljak ýedi gez kepen.

* * *

Bu ot içre men hijranda bulaşan,
Bir pursat çäre ýok, derde ulaşan.
Elim – Seň synyňda, ýanyňdan gitmen,
Ot içre däne men gana bulaşan.

* * *

Ýa, Rep, men derwüşiň halynda hal ýok,
Keremiň ýetmese, ýoda ýok, ýol ýok.
Ýalkawyňa ýaramasam, ýakmawer!
Balçym – Özüň, Sensiz ary ýok, bal ýok.

* * *

Toprakdan ýasadyň meni, sargarýan,
Islegiňe görä, nagşyňy berýäň.
Öz elleriň bilen eken ekiniň,
Näme ekseň, şonuň hasylyn tirýäň.

* * *

Saky meýi daşamasa ölýärin,
Meýli jamyň boşamasa ölýärin.
Sanalgysy dolan kişi gidýändir,
Men köňüller ýumşamasa ölýärin.

* * *

Dertden derman, ýürek ýaradan şypa,
Ahyr demde bakdyrmagyn Sen gapa!
Garaçygy bolsaň-da Sen didämiň,
Bakyp bilmän geldim, ynha, şu çaka.

* * *

Käte perişde dek sejdede başym,
Käte haýwan deýin ýatmak meň işim.
Käte it dek guduzlykda meň gözüm,
Subhanalla, nedir bu hetden aşmam?!

* * *

Çadyr dikýän! Teniň çadyr ýalydyr,
Soltan – ruhdur, menzili o dünýädir.
Hyzmatkär ajaly o dünýe üçin –
Soltan gidenden soň, çadyr ýykýandyr.

* * *

Mähirsizden ýaňa ýaradyr bu ten,
Ol dertsiziň barça bilýäni sütem.
Pis gylyklyň bar pişesi jepadyr,
Şonda-da ýarymyň söýýän bu tärin.

* * *

Gözüm açsam, göz öňümde Sen gerek,
Syrlaşamda, ýüregim – ten, ten – ýürek.
Halka bakyp, çagyramda olary,
Hiç kes Seň adyňdan başga bilmezek.

* * *

Gabyr ýada düşse gama batmaly,
Kalpda hasrat, dideden ýaş akmaly.
Dünýe üçin ýüz pursatlyk wagtyň bar,
Bir dem gö:r hakda-da, pikir etmeli.

* * *

Gamdan doly dünýä gysyp gowurýar,
Derdi söýýän jahan saman sowurýar.
Günde bir dost aýralygyn görmeli,
Her pursat bir hemraň hoşlaşyp barýar.

* * *

Kämil lutpuň[7] bilen abraý-atla goş,
Hakdan habarly et, şepagatla goş!
Ýa Rep, alyp ýatdy, jepakeş aklym,
Tarhan eýle, derwüş dyýanatla goş!

* * *

Eý, näzenin, meýlisiňe gyssanýan,
Zulum etgil, gazabyňy gysganman.
Gabanmakmy özge bilen söhbetiň?!
Bäriňi bakmasaň, ölmüş hassaň men.

* * *

Dat, bu dertden gözüň ýola dikmeli,
Yşkyň meýdanynda biliň bükmeli.
Daýanma ybadat-ýagşylyklarňa!
Hakyň rehim-keremine bakmaly.

* * *

– Halyň niçik, eý jigerim, eý janym,
– Sen sorama, ýaşyna bak didämiň!
Ýaşamak özgäniň jigeri bilen –
Şeýle kyn, şumudyr seniň idäniň?

---

[7] Lutp – mähribanlyk, mylaýymlyk.

* * *

Yşkyňda hanjary goýnuma gysýan,
Yşkyňda yşk monjuk boýnumdan asýan.
Yşkyňy ýitirsem, ynsan däldirin,
Yşk söwdaň unutsam, kapyr men hökman.

* * *

Agşam düşer, daňdan turýanlardan bol,
Tutuş gije gözi girýanlardan bol!
Hakyň buýrugyna mäkäm ýapyşgyn,
Tersliklerden boýun burýanlardan bol!

* * *

Akrap – ýaryň zülpi, Aý oňa peýwent,
Gedemligi, näzi eýlär sözi bent.
Döwür hökümdary onuň tabyny,
Ol şirin dillidir, lebi şeker-gant.

* * *

Atyr hem müşk ysly şar-gara zülpüň,
Al ýaňak üstünden goýberdi özün.
Paýyňa[8] ser[9] goýup, sözländir zaryn,
Baş-aýagy gurban, ependir dyzyn.

* * *

Kyblam, bagtyýarlar geler köýüňe,
Bagtdan paýly eňer ýürek öýüňe.
Şu gün Senden ýüz öwüren söwdaýy
Ertir ne ýüz bilen garar ýüzüňe?!

---

[8] Pa – aýak.
[9] Ser – baş,kelle.

* * *

Yşk ýolunda bu kysmatyň, eý, köňül,
Ýardan bir söz çyn islegiň, eý, köňül!
Eger ýardan jebri-jepa ýetse-de,
Sen ýüzüne hiç basmadyň, eý, köňül.

* * *

Seň ýanyňda aýan, pynhan hiç zatdyr,
Oýlanmalar, ynam, güman hiç zatdyr.
Durkuňdan ýok anyk-belli alamat,
Bar ýeriňde ähli nyşan hiç zatdyr.

* * *

Diýdim: «Yşk ýolunyň ýarasy ýeňil»,
Gözüme şeýle az göründi menzil.
Asyl, deňze aýak sokaýypdyryn,
Deňiz möwjäp, alandyr meň hezilim.

* * *

Bet işim il gözden gizläwer, Allam,
Muşakgatdan kalba gulguly salma!
Şu günüm hoş geçsin, erte Özüň bil,
Keremiňden laýyk paýymy belle!

* * *

Göwni şat etsek-de, wysalyň bilen,
Kalbyňa perişan saldyk biz talaň.
Saňa – wysal baly, bize – hijran zäk,
Saňa – gülşen, bize – ot bilen ýalyn.

* * *

Biz barlyk mülkiniň meýdanyn geçdik,
Nogsansyz özümiz Hudaýhon etdik.
Bize wysal meýi ýagşy sepleşýär,
«Tüf» meýiň ýüzüne, nä ony içdik?

* * *

Meý hem meslik bilen bizde takwa baş,
Dünýä talap edýäs, o dünýäden daş.
Haçan gabat geldi dünýä bilen din?!
Dinsiz hem dünýesiz, gözde ganly ýaş.

* * *

Mum – men, sessiz hem-de gizlin aglaýan,
Sessiz agym köňül gülkä baglaýan.
Meniň eňremämi eşitmez hiç kes,
Gör, ne ajap, jan içinde nalaýan.

* * *

Eý, Sen, ýürek syrlaryndan habardar,
Eý, Sen ejiz düşenlere howandar!
Maňa ökünç ýetir, kabul et tobam,
Toba berýän, kabul edýän Rehimdar.

* * *

Uzyn boý, gysga zülp urundym, galdym,
Humarsyz, meýsiz mes gözünden öldüm.
Kelisäň jaňyny, ýaryň elini
Tutup duran tersa duşan deý soldum.

* * *

Hakyň özi baky ýazga mynasyp,
Bar daňanym doly çözmä mynasyp.
Batyl akyl bilen ýol aljak boldum,
Ýazdym-bozdum, gury görgä mynasyp.

* * *

Eýe bolsam dünýäň howup-hatarna,
Umydym bar bir gün elim tutarňa.
–Ýetişerin – diýdiň ejiz halyňda,
Mundan beter horluklara iterme!

* * *

Ähli bar-ýoguňy oda atmasaň,
Hoşluk nesip etmez, zatdan geçmeseň.
Bir köňülde iki dosty saklama,
Çek atanak dünýä, bizi isleseň!

* * *

Tebibiň ýanyna bardym, sakyndym.
Diýdi: – Dostdan özgesinden çekingin!
Aýtdym: – Ne iş? Diýdi: – Şu jiger huny.
– Nämeden saklaýyn? – Iki jahandan.

* * *

Eý, Rebbim, kanagat köşgüm synmasyn,
Ynam nury ýüregimden dynmasyn.
Ýanan sergezdan men, gündelik ryskym –
Öňýetene el sermeli bolmasyn!

* * *

Gözellik çyrasy, meni eňretme,
Namaz-orazasyz çar ýan selpetme!
Seniň bilen bar bilenim – ybadat,
Sensiz namaz-roza – boş bir meňzetme.

* * *

Eý, Hoja, meý içsem, aşa keýipli,
Aşyk buzahory saýma aýyply.
Huşum ýerindekä ýaranym gaýry,
Serhoş wagtym ýar gujagy gülaply.

* * *

Eý, mähri kesiji, wysalyň süýji,
Hemişelik wysal – ynsanyň güýji.
Hudaýdan dilegim – Seniň wysalyň,
Ýürege ynanmak – umydyň işi.

* * *

Bolsaň medresede ylym alyjy,
Jedel nury bilen ýalkym salyjy.
Yşk mezhepde hasap däl bu ylymlaň,
Bolarsyň çaga dek haýran galyjy.

* * *

Ýalbaryş elimi galdyrsam eger,
Dagy köki bilen goparsam meger.
Ýöne köňlüm Hakyň: «Bes, gözel sabyr –
Bilen, sabyr-takat ediňne»[10] uýar.

[10] Gurhanyň 70-nji («Magaryj») süresiniň 5-nji aýaty.

* * *

Aryp gaý-tupanda kenary saýlar,
Tebip oty-çöpi, enary saýlar.
Meýhananyň bir çüňküni penalan –
Älem laýyny däl, sap dury saýlar.

* * *

Eý, şem, ýaz buluda meňzäpler agla,
Eý, köňül, sabyr eýle, her ýana agma!
Eý, nesibe, ýokmusyň, aýt köňlüme,
Goý, ol palta dişin ursun bu bagra!

* * *

Ömürden ýadamak irdir, eý, köňül,
Töwekgel arslandyr, şirdir, eý, köňül.
Barlyk bar – haýyr bar, ýoklukda gowga,
Alladan başga zat şerdir, eý köňül.

* * *

Düýşde eljiretdi Ýar didar meni,
Wysal bagyndaky gül, enar meni.
Oýanmazdan, ýatardym-la bir ömre,
Nämüçin oýatdyň, daň horaz, meni?!

* * *

Seň baran ýeriňde gamdan nyşan ýok,
Seniň ýok ýeriňde horram däl ýürek.
Birdem Senden aýra düşmedikleriň –
Şatlygy Ýer bilen Gök arasy dek.

3. Sargyt №53

* * *

Agaç ýonuldykça, barýar aklana,
Kişi bolgun men-menlikden saplana!
Aslyň – päk gum, guma garyl päklikde,
Tämizlik ýaraşýar murta, sakgala.

* * *

Yşk gelip ornady deri-damarma,
Göwrämi boşadyp, Dost guýdy oňa.
Barlyk böleklerne Dost eýe çykdy,
Maňa a:t, galanlar galdy Dost saňa.

* * *

Eý, Dost, dertlilere derman bagyşla,
Ynsu-jynsy doýrup, köňüller hoşla!
Umytsyzlyk jülgesinde teşne biz,
Umyt maýsasyna ynam nagyşla!

* * *

Haýyr tapdym, sapym duşman siltedi,
Gysym toprak deňze berdi külpedi.
Biz – ýalaňaç gylyç takdyr elinde,
Özün uran gurban ajala indi.

* * *

Dost wysal gapysyn ýapyplar goýýar,
Hijran bile ýürek ezmäge taýýar.
Ynjan kalbym alyp dur Oň işigin,
Çünki Dost ýaraly jigeri söýýär.

* * *

Teşe ýaly bolma, ýonma, eý, bende,
Bolmagyn hiç haçan parhsyz rende!
Durmuşda tälim al, erre-pyçgydan,
Ýarysyn seç, ýary, goý, bolsun sende!

* * *

Hak halar ýumşak bol, ýoluň saýgara,
Aklary ak, garany hem saý gara!
Säher deý ýakymly bolmak isleseň,
Hurşyt deýin, barçalara deň gara!

* * *

Päsgelçilik halka örsün daşyma,
Zowal nogsanlyklar gonsun başyma.
Ýalkanmakdan gorkýan, günämden däl-de,
Ezeli günäler geler gaşyma.

* * *

O dünýeden gorka şübhe etsem men,
Ölümden, janymdan has-da gorkýan men.
Ölüm – hakykatka neçün gorkaýyn?!
Diňe «meni» bilýän, şondan gorkýan men.

* * *

Başym alnyp, parçalansa bu läşim,
Ýoklukdan barlyga öwürer yşgyň.
Jana gelýän uçgun alyp yşgyňdan,
Isleseň, sen gamlan, isleseň joşgun.

* * *

Ýürek mazarynyň jany sen jany,
Ýürek mazarynyň magşuk aýany.
Gorkýan:«Ynjytmaňdan gan bolup ýürek,
Ganyň arasynda galýaň» beýany.

* * *

Seň gamyň zerarly, sojap aglaýan,
Gam derdimi gorjap, bagrym daglaýan.
Sen öýütdiň ähli ýürek özüň deý,
Olaň parhyn bilmän, köňül baglaýaň.

* * *

Seň köýüňde közden köýnek geýen men,
Gam odundan köz ýagşyna buýan men.
Düýn üçegňe mündüm, ogrudyr diýme,
Gorky gaflatyndan indi oýan, men.

* * *

Ylgaý-ylgaý, müň ýaşladym dide men,
Sensiz serenjam ýok, däl men idelen.
Wepadarlyk üçin gujagym açyp,
Rahatlandym oturamda öýde men.

* * *

Halyl kibi Käbe eýleseň binýat,
Oň bezegi etseň namaz-ybadat.
Bir göwün awlança arzysy bolmaz,
Günde iki müň gul eýleseň azat.

* * *

Aşyk toparynda ady bar kişi,
Metjit-kelisede[11] bolmaz hiç işi.
Diwana aşyga hijran-wysal nä?
Dowzahdan-behiştden gelmez oň hoşy.

* * *

Ýürek, aýralykda kes jan damarny,
Ol ganly hyrkaňy gizle, at aňry!
Ýürek, pynhan agla, sedasyz eňre,
Tüssäň görünmesin, ot görsün Taňry.

* * *

Ýürek, oňaraýjak pişäňdir nala,
Senden her pursatda çykýandyr läle.
Gözýaşyma köçe bitirer gamyş,
Deşik dillitüýdük meňzär ykbala.

* * *

Seň hyzmat bagtyňdan daş bolsa aram,
Seň ýüzüň aýnasy–meň ýürek param.
Hijran günüň jöwzasyndan ne gamym?
Çünku mende Seniň döwlet saýaň bar.

* * *

Seret, ynha dostluk ähdin bozan ýar,
Gidip barýar, meň elimde syny bar.
«Mundan soňra meni düýşde gör» diýdi,
Neýläýin, gözümde haçan uky bor?!

[11] Kelise – isaýylaryň ybadat edýän ýeri.

* * *

Janan, öýňe myhman ýazyň bolaýyn,
Oýnap duran gara gözüň bolaýyn.
Öýüň boş goý, bol arzyly myhmanym,
Hyzmatyňda diňe özüm bolaýyn.

* * *

Kişini ýola sal, ol gatnar gider,
Ýola düşürmeseň şol çetlär gider.
Öýkünseň bir-iki masgarabaza,
Beýikleň ýoluny tiz betnam eder.

* * *

Seň zatyň aýnasy – ýüzüdir hemmäň,
Sypatyň aýnasy – sypaty hemmäň .
Kepil men barçanyň halas bolarna,
Meň adyma ýazyň günäsin hemmäň!

* * *

Ýürek – gamly, ýalka, sebäp sorama,
Gizlin günälem köp, ýöne darama!
Amalymdan ýüzüm lap-lap gyzýandyr,
Eý, Jomardym, ýalka, em bol ýarama!

* * *

Zerler ýagar aşyk bolan ýüzümden,
Ataş-közler ýagar ganly gözümden.
Oturaryn Seniň yşk ataşyňda,
Semenderler[12] ýagar ot buludymda.

[12] Semender – otda doglup, otda ýaşaýan, otda ölýän we reňki hem oda meňzeş bir hyýaly jandar.

* * *

Bagyşlasaň, bu dünýeden gorkym ýok,
Edäýseň adyllyk şu dem men heläk.
«Men bir gara toprak – biçäräňdirin,
Näme iş bitirer bir gysym toprak?!»

* * *

Mömin däl, ýüzümde reňki bar butuň,
Sylagym – hormaty pereňli itiň.
Dowzah ody mendäki men-menlikden –
Utanyp, şeýle bir çykarýar tütün.

* * *

Şirdim, gelip meni bir gaplaň öwdi,
Niýetim alnymda Gün bolup dogdy.
Seniň yşkyň gujagyma gysamda,
Agsak tilki meni jeňňelden kowdy.

* * *

Örüm-örüm zülpli, ýürekde orna,
Bal, şirin leb bilen kalbymy serme!
«Sen, sen, sen» diýipler, başga bakmadym,
Janym Senem, özgä köňlüňi berme!

* * *

Gudrat gysymyna gysyp jahany,
Allam berdi iki gymmat bahany.
Görküň bilen söýdürýärsiň özüňi,
Mähir bilen söýýäň Saňa bakany.

* * *

Käbä barsaň, Haka sydkyň baglagyl,
Özüňe däl, il agysyn aglagyl!
Agyň ýalandanmy, onda gowusy –
Git-de, meýhanada keýpiň çaglagyl!

* * *

Diýdiň: «Gyş garyny ýaz talap otyr,
Özgäň yşk badasyn kalbyna geti:r».
Diýdim: «Seň bosagaň çaňy-tozany –
Ýürek körügimde tozgalap ýatyr».

* * *

Bu gün baýrynýaryn bilek zoruma,
Meň ýeke-täkligim meşhur äleme.
Men – zümerret, duşman – awuly ýylan,
Gözme bakan döner Käbe körüne.

* * *

Soltan hazynasyn, baýlygyn aýdar,
Sopy çäkmenininiň jaýdygyn aýdar.
Aşyk köne derdiň eýlär waspyny,
Ýüregim – pynhan syr, bir gizlin jaýdyr.

* * *

Dyzama[13] owazly bu gelýän ýarym ,
Özge onda dursun, özüm turýaryn.
Söýgülimiň maňlaýynda üç ýüz gül,
Hiç kime ýetirmän, özüm tirýärin.

---

[13] Dyzama – saz guraly.

* * *

Dünýe tomaşadyr – bir altyn küýze,
Kä awy, kä baly hödürlär bize.
«Ömrüm uzyn» diýip, buýsanmagyn sen!
«Amal aty» hergiz ýöremez yza.

* * *

Seň gapyň tozundan äkitmen düşek,
Gamyň bolsun meniň janyma duşak.
Görk hasratyň äkitmäýin o dünýä,
Jemalyňy görkez, sy:r perdäň aşak.

* * *

Ilde bolsa sähra-sähra jenaýat,
Ýuwar ony ýeke ýaprak enaýat.
Biziň gämi-gämi günämiz bolsa,
Umman-umman rehmiň goýar salamat.

* * *

Ýalňyzlyk ýolunda kapyrlyk, din ýok,
Öz-özüňden çyk-da, Hak ýoluna bak!
Jahan jany – yslam ýoluny saýla!
Ýekelikden gara ýylan ýeg, bu hak.

* * *

Deň öwrüm isleme çarhy pelekden,
Döwürden gözleme şa adyllygyn.
Bu jahanyň myhmanysyň bäş günlük,
Senden ynjamasyn seni ynjydan.

* * *

Gök daragt miweden maýrylsa gowy,
Dosta gul men, köňül gowrulsa gowy.
Dost indi söýmeli, saklanabilmez,
Gep-gürrüň aradan aýrylsa gowy.

* * *

Ýar yşkymy çildi, gussa kemeler,
Hemsaýam[14] eňresem düşmez, aňalar.
Dert köp, dermany ýok, aňsaň ýüzümden,
Ot tutaşdy, indi tüsse kemeler.

* * *

Eliň daş tut, haramhoryň hanyndan,
Rahatlyk isleseň, iýme nanyndan.
Nebsiňe görünse bal gatylan deý,
Içme bir kempiriň jiger hunundan.

* * *

Säher syr syrlaşýan men Seniň bilen,
Dergähiňe gelýän dileg-arz bilen.
Bendäňe ýok Seniň hiç bir minnetiň,
Ýola goý meň işim kereminň bilen.

* * *

Agşam Magşuk bilen aram etdim saz,
Menden dileg, Ondan öndi diňe näz.
Agşam düşdi, soňlanmady kyssamyz,
Günä ýok gijede, uzyn–söhbet-söz.

[14] Hemsaýa – goňşy.

* * *

Daşym selme, ak inişden in-de gaýt!
Ýol bal-miwe, iýmiş ýaly tän-de gaýt!
Gök asmanda gülüp bakýan ak ýyldyz,
Salamymy söwer ýara özüň aýt!

* * *

Läle ýüzli dildarym, eý, isleglim,
Düýşde ýüzüň görüp bolmazmy leýlim?!
– Düýşdäki ýüz bizsiz bolar, onsoňam –
«Indikide meni islärsiň» gaýgym.

* * *

Beýik Senden başga kim bolsun munda,
Buýr-bulaşyk işler kem bolsun munda.
Duşmanym aýagma ýykylsyn gelip,
Doňbagyrlar gitsin güm bolsun munda!

* * *

Ýüz nakgaşyň alysdadyr tagnadan,
Ussaň däldir bu işlerde oýun eden.
Ýüzüň – ýüz, lebiň – leb, ýerbe-jaýba-jaý,
Kimdir biri öwreden deý beýleden.

* * *

Hakdan özgä başy egip bolarmy,
«Süleýman[15] ýüzüksiz» diýip bolarmy?!
Iki dünýe abatlygy isleseň,
Betlagam pislige uýup bolarmy?!

[15] Süleýman – şan-şöhratly patyşa we pygamber bolan. Onuň san-sajaksyz mal-mülki bolupdyr. Şele-de, Ýer, Asman, şemal, döwdür peri, ähli janly-jandar oňa boýun bolupdyr.

* * *

Tekepbirlik etme pes tutgun päli,
Ýeten ýokdur ondan mertebä häli.
Gözelleriň zülpi ýaly sada bol,
Bir demde müň göwün awlaryň ýaly.

* * *

Tersa-ýehudylar kelisesinde,
Seni ýatlaýarlar pelsepesinde.
Buthanada butlar pyşyrdaşýarlar,
Diňe Seniň waspyň ýuwaş sesinde.

* * *

Baga barsam, öýüň ýadyma düşýär,
Güle baksam, roýuň ýadyma düşýär.
Serwi saýasynda saýalanymda,
Seniň serwi boýuň ýadyma düşýär.

* * *

Men – miwe, tänerin ýeke pitikde,
Ol ölüm ýassygy bolanda tekýe.
Bigamlara goşma, Seni unutman,
Eý, Allam, Sen meni gussa itekle!

* * *

Çugudyp otursam, zerre tagtymdyr,
Aç garynja götär – goşum – nagtymdyr.
Güneş aýtymyny selälik etsem,
Gursagym garaldar, bu-da bagtymdyr.

* * *

Jemalyny görkezende dilberim,
Maňa müň göz gerek bolar, illerim!
Ikije göz bilen aljak galaň ýok,
Ýaz gününde çakar gider ýyldyrym.

* * *

Abu Turap[16] muhabbeti halatym,
Hemdemim, syrdaşym Haýdar zynatym.
Uçar çagym meniň ganatym döwme,
Iki jiger – meniň goşa ganatym.

* * *

Mahal-mahal yşkdan çekilsem çete,
Kelise dynçlygna bilýän men ýete.
Peri ýüzli maňa güzer edende,
Keliseden dönýän, däli men öte.

* * *

Gurşady ýene-de meni meý ysy,
Oýatdy gykylyk-galmagal sesi.
Ylahy syr aýdýar ýürek gulagma,
Emma eşidýärin tüýdükden geňsi.

* * *

Oglan öten agşam eli elekli,
Aglaýardy, ýüzün dyrnap gazaply.
«Haý-haý pelek, döwdüň gitdiň elegmi,
Ýöne pul tapmadym täsin azaply».

---

[16] Abu Turap – Abu Hemze atly derwüş bolup, ol özüne pespälligiň nyşany hökmünde Abu Turap (Topragyň atasy) diýip at dakýar.

* * *

Toba etdim, ilkinji gün döwdüň Sen,
Soň çagyrdyň, aýtdyň pend-u öwdüň Sen.
Tobamyň ykbaly Seniň eliňde,
Ne döwük, ne bitin halda goýduň Sen.

* * *

Yşk pitne tozanyn guýdy üstüme,
Akyl ýitdi, huşum gitdi, gyssama.
Tapylmady elim tutan dosty-ýar,
Merjen gözýaş gaçdy aýak astyna.

* * *

Ýatlanymda, nazar-nyýaz aglaýar,
Ismiň tutsam, arzuw-hyýal aglaýar.
Sen hakda aýtsalar ýekeje kelam,
Dag, düz, deňiz – bütin diýar aglaýar.

* * *

Dowzahda zülpüňi sypasam eýsem,
Behiştdäki bendä agyrar nebsim.
Sensiz eltip oturtsalar jennetde,
Ýürek çat açmazmy, ol ýere sygsam?!

* * *

Ýa, Rebbim, bar jandar ýaşasyn sagdyn,
Kerem saçagyňdan naz-nygmat ýygsyn!
Gyýa[17] balasynyň tebsirän lebi –
Maýsa üste bulut süýdüni sagsyn!

[17] Gyýa – ösümlik.

* * *

Rebbim, jahan arzuwynda çyn şanyň
Nemrut keşplä iber pil deý bir çybyn.
Musanyň, hasanyň, Niliň zarbyny –
Görsün ähli zalym misli Pyrgaun.

* * *

Perwerdigär, eýle üstünlik hemrah,
Gije - gündiz şükür Saňa – Ýeke - Täk!
Perwerdigär, barça açar Özüňde,
Gapylary açgyl maňa, eý Fetdah.

* * *

Keşbiň ruh gülşende bir täze hüwdi,
Her şam-u säherler gül-gunça düwdi.
Oň hyýaly göz öňümden geçende,
Tikeniň kölgesi didämi gyýdy.

* * *

Il arzuwlap diýer: «Başçy-güýç tapsam»,
Biçäre saman däl, aýdar: «Çäç tapsam».
Dünýä geldim, kelep ujun ýitirdim,
«Ýaradan – Hak, şol kelebe uç tapsam».

* * *

Sensiz giden älem dowzahdyr maňa,
Ýüz men[18] daş astynda ýüregim ýana.
Bu ömür mütdeti zamana a:rdyr,
Bu jany äkitmek namys ajala.

---

[18] Men – agyrlyk ölçegi.

* * *

Ýüzüň bir tarapy maňa rapykdyr[19],
Beýleki tarapy duşman-rakypdyr.
Birinde «jan» ýazgy, birinde «ölüm»,
Bu janym yşkyňda ölen şehitdir.

* * *

Gelip-gidýän deme baglydyr gursak,
Dost bilen otursak, söhbeti gursak.
Ömrüň manysyny aňlajak bolsaň,
Hemdemim bol, gürrüň gurulan pursat.

* * *

Nazary buluda ilişen gerek,
Köňli gaýgy-gama bulaşan gerek.
Baş çapgy ýassykda, kükrekde hanjar,
Çyn aşyga, ine, şu nyşan gerek.

* * *

Arzuwyň bagyndan gül tirmek kada,
Jepa tikeni-de gül berer wada.
Umyt şahasynda myrat gülüni –
Aýagňa baş goýup, tirsem dünýäde.

* * *

Kalbyma gelipdir gaýypdan owaz,
Ganaty gyrlan guş eýleýär perwaz.
Ýa Rep, bendelerňe hormatym üçin,
Ýitiren zatlarym gaýdyp berseň saz!

---

19 Rapyk – ýoldaş, hemra.

* * *

Ýa Rep, bir ýürekdeş ýara ýetir Sen,
Dert owazym intizara ýetir Sen!
Meni gam deňzine atyp hijranyň –
Ýar bagbanym, ajap käre ýetir Sen!

* * *

Dost keşbinden intizar göz gyzmadyr,
Dostly gözden, heý, habaryň barmydyr?!
Dosty gözden, gözi Dostdan aýyrma,
Gözüm – Dostdur, Dostum – gözdür, gör-de dur!

* * *

Gara gözüm! – Gözüň ýola dik! – diýdi.
Sen jigerim! – Ahy-nala çek! – diýdi.
Eý, ýüregim! – Ýüregiňde näme bar?
Seniň yşgyň! – Kalpda garrat bek! – diýdi.

* * *

Eý, Taňrym, daşyňda gowurdy jem-le!
Ýanyňda baý, derwüş – hemmeler deň-le!
Halaýyk – ker, kör, lal, Saňa düşünmez,
Nähili söhbete girýärsiň şunda?!

* * *

Biz – aşyk, jan sözi – onuň muşdagy,
Yşk derdi tanydan nähaky-haky.
Gam – nabat, dert – söhbet, nala – aýdymmyz,
Meý – halk jiger gany, gözlerim – saky.

* * *

Baky pasyrdamaz eşret baýdagy,
Şatlyk gämik gurar, golun ýaýdygy.
Bu zatlaryň baryn oklap gidersiň,
Diňe baky nurly ýüzüň aýdymy.

* * *

Ýa, Rebbim, çäresiz galdym, ne çäre,
Ýol ber, yrfan köle tarap göçere.
Müň küpüri mömin etdi keremiň,
Arabany ýola salgyl hatara!

* * *

Çakdy ýylan, awy aýrar daşym ýok,
Ýollar uzak, alyp gitjek başym ýok.
Ýürek syrym jöwher syryndan pynhan,
Nädeýin ýanymda bir syrdaşym ýok?!

* * *

Şatlanmak ýok, ýürek gutaryp barýar,
Şowhuny az gussa göterip barýar.
Bize ýüz tutan her älem şatlygy –
Gaýga öwrülmäge tutaryk bolýar.

* * *

Yşkyňda janymy gurban eýlejek,
Bardan geçip, ýogy derman eýlejek.
Didaryňa didäm sataşan güni
Ynan, bu ömrümi biryan eýlejek.

* * *

Ey, Dost, öýüňe men togap isleýän,
Işigiňi öpüp, jogap isleýän!
Minnete goýmaýyn ýol azygymy,
Seniň hazynaňdan müň zat isleýän.

* * *

Gizlin syry ýoklar diýmegin mertdir,
Beýi deý çeýe däl, tal kimin portdur.
Bar-da, Biribardan dert talap eýle,
Ol derman-därisi bolmaýan dertdir.

* * *

Yşk ýurdunda bar ýer syrtmak-halkalar,
Ähli zat kemelýär, artmaz hiç olar.
Dert, ynjysyz – garaşmaýar dermana,
Hiç kim diýmez «Günäsizler ýalkanar».

* * *

Kämil bir hünäriň ýüz müňçe görer,
Pespäl tikeni hem bägülçe görer.
Ynsan – ynsanyň çyn ynsap aýnasy,
Ýagşy – şir dek, pis – bir maýmynça görer.

* * *

Muhabbet nazaryň salanyňda düýn,
Halk halyma ýandy, aglamazlyk kyn.
Her gün müň öldürip, direldýär yşgyň,
Munça jeza berýäň yhlasym üçin.

* * *

Ýigrim bäşde ölsem-gitsem, derdim kän,
Gubrum yşksyz güwläp durar, dörseň kän.
«Bu ýatan kim?» diýseň, mazarym sypap,
«Ýarym halyň niçik?» diýer birdenkä.

* * *

«Beýik bir dergähli, keremli Rebbim,
Biçäre, gözýaşly, aýply geldim.
Şepagat, keramat, hemaýat – Senden,
Geç günämi!» «Halyň ozaldan mälim».

* * *

Barça göz Hak gözläp, köňül tisginsin,
Taňry waspyn saýran bolmaz ysgynsyz.
Wepanyň ysy ýok ýüregi zyň sen,
Itiň neneň ysyrgansyn, ysgansyn!

* * *

Ynanýaryn eýleýänňe geçirim,
Gussaly ýüregiň tapýaň açaryn.
Barymyz bir Seniň gamhoryňdyrys,
Ýa Rep, gamhorlara nedir hajatyň?!

* * *

Eý, Rebbim, keremiň ýardam-hemaýat,
Özümden doýmuşam, gözýaşym – şaýat.
Toba edip, tobany bozmadan irdim,
Toba Etdirijim, Bozdurjym, medet!

* * *

Men özünden seniň bizar bolanyň,
Akyl bilen söweşmäge geleniň.
Dost köýünde agşam nalyşym köýüp –
Köňül paýy[20] daş astynda galanyň.

* * *

Mertebe dergähiň Aý üçin mekan,
Höwes elim synyň ugrunda bekän.
Ynjamasyn, Saňa bolan hyýalym,
Ýol – uzak, köýüňde tutundym mekan.

* * *

Päklik, tämizlik ber dok-u aç günüm,
Beýle mülk golunda ýokdur hiç kimiň.
Bendeler – ukuda, gapylar – bekli,
Sen bize, Hak, kerem gapyň açgynyň!

* * *

Ýüzüň barça älem bezegi Kuýaş,
Güni görmek üçin hemme arzuwdaş.
Waý, günüme, hemmelere deň baksaň,
Waý, günlerde hemmä bolsam kysmatdaş.

* * *

Hoja, Aý jemaly– seniň bar gamyň,
Ähli gamyň bagy-bossan, harmangäh.
Biz gamhory Ýeke -Ýalňyz Hudaýyň,
Çyn senamyz «Lä ilahe illallah!»[21]

[20] Pa ýa-da paý – bu ýerde aýak manysynda gelýändir.
[21] Lä ilahe illallah – Alladan başga hiç bir Taňry ýokdur.

* * *

Ýa Rep, munda günä batdym, tazykdym,
Erbet sözli, hereketli ýazyklyň.
Batyl hyýallarym köňlümden gitsin,
Sahawat ber päk älemde azykdan.

* * *

Akyl, özüň hoş sypata bagyşla,
Erbet hereketi hol, beýläk taşla.
Hoş söz diňle, ýüzleriňi turşatma,
Ilki berkit Arşy, soňra nagyşla.

* * *

Şalyk näme? Barçaň gedasy bolmak,
Özüňden geç, il-gün pidasy bolmak.
Täç kimin goýulmak isleseň başa,
Iliň-günüň sesi-sedasy bolmak.

* * *

Ilde hoşluk, bu kalbymda müň ünji,
Gam-gussaly, bir undulan göwünçi.
Eziz dostum, undulany unutma,
Dünýä bermen «dostluk» diýlen bu genji.

* * *

Meýdana galkanly, gürzüli girgin,
Başyňy belent tut, ýazgydy görgün!
Zamana ýa oda, ýa suwa zyňar,
Oň haýsy bolsa-da, döwranyn sürgün!

* * *

Haweran düzünde janym ha:r olmaz,
Kişi meň işime giriftar olmaz.
Seň jemalyň lutfy-yhsany üçin,
Ýüz müň jany gurban bersem, a:r olmaz.

* * *

Haweran düzünde ýeke digir ýok.
Menden saňa gowuşjak bir habar ýok.
Seniň didaryňa gowuşmak üçin,
Müň baş gider, oňa dilim baranok.

* * *

Haweran düzünde ýokdur ýeke daş,
Läleleri boýan gözden akan ýaş.
Ýokdur ýekeje ýer, ýekeje menzil,
Bar ýerde boldum men Özüňe syrdaş.

* * *

Habarly bolsa-da, arypyň[22] jany,
Dergähe ýetirmän, köseýän ony.
Ylym eýesine, arbap eline
Ýetmez Onuň akyl ýetiriş syny.

* * *

Ýoly çüýrük bolsa, ýoksullyk – däbi,
Ýok imany, ýok magrypet, ne dini.
Hudaý– Hudaý bolup, bir Özi galdy,
«Mätäçlik ýetişse Alla» diýýäňmi?!

---

[22] Aryp – magrypet eýesi. Allany tanaýan, kämil ynsan.

* * *

Allanyň ýolunda bir iňňe perde,
Öz işiň baryn ýap, bir ýana sür-de!
Ejiz bolduň duşman – nebsiň elinde,
Mal-gyz-aýal seni goýandyr derde.

* * *

Kineli, öýkeli, eý jan-u jenan,
Dar köňülli aýlanyldy bu jahan.
Eller işden, aýak güýçden galypdyr,
Sergezdanam, gara daş boldy baham.

* * *

Jinde geýnen garryň nalasynda – Hak,
Mekir nagaraçyň hilesinde – Hak.
Meýhor otparaz pir pyganynda – Hak,
Aşyk joşy, Käbe, Kyblasynda – Hak.

* * *

Seň gamyňdan janym çykar-gider-de,
Jahan – ýüregme dar, gamdyr pikirde.
Şu gamyňa döz gelipler bilmesem,
Haweran topragna göm sen, çöker-de!

* * *

Hanakada[23] garryň nalasynda – Hak,
Neresse bäbegiň agysynda – Hak.
Daň horazyň joşgun höwesinde – Hak,
Dünýäniň gamynyň barysynda – Hak.

---

[23] Hanaka – sopularyň,derwüşleriň jemlenip ybadat edýän ýeri.

* * *

Ýa, Ýaradan, barça Sensiň beren jan,
Bulam-bujarlyga salgyn serenjam!
Duşmanlarym meniň tabynym bolsun,
Doňbagyr güm bolsun, galmasyn nyşan!

* * *

Ýüzüň – bir görk deňzi, lebleriň – merjen,
Zülpüň – anbar, dahan dişleriň dürden.
Gaşyň – gaýyk, maňlaý gasynyň – möwçdür,
Alkymyň – al girdap, çeşm – didäň müň jan.

* * *

Gögüň görki on dört ýaşly gözel Aý,
Kämillik görküňe hiç tapmadym taý.
Ömür - baky on dört ýaşda galsyn ol,
Allam, oňa hiç ýetmesin ýaşyş paý!

* * *

Seň söwdaňa düşdük, biraz dursana,
Ýürek közümizden söhbet gursana!
Göz bäbenek saýdy diýarym meni,
Bu at arkasynda yşk bar, görsene!

* * *

Kalp zynaty ylym bilen taplansa,
Ten kapasa kineden has saplansa.
Tekepbirlik basgylansa palçyk deý,
Ýüregimde diňe Allam gaplansa.

* * *

Seniň yşgyň gamyn haklajakdyrys,
Başy humaryňa oklajakdyrys.
Sepil-sergezdanyň seri gerekmi,
Paýyňa kelläni oklajakdyrys.

* * *

Nygmatly jennetdir dilegim Hakdan,
Takwalykdan umyt gapysyn kakdym.
Men eli boş barýan, özge – sowgatly,
Bilmedim Taňryma, haýsysy ýakdy.

* * *

Ýürek seniň keçjallygňa öýkündi,
Jan hümmet göwherin köýüňden çildi.
Görküňe «Arkamy tutaý sen» diýdim,
Ol hem seniň görküň arkasyn aldy.

* * *

Muhabbet odunyň alawlan güni,
Magşukdan öwrendi ataşly demi.
Bu köýmek – bu otly köýnek dostdandyr,
Perwana kül bolmaz görmese şemi.

* * *

Pelek çarhy, ýyldyzyň ters täleýi,
Kelebiň ujuny ýitirtdim häli.
Sekizinji ymam, ýedinji kybla,
Aýaksyz galdym-la, tutmazmyň eli?!

* * *

«Otlama!» diýdiler, otladym harman,
Özüm özüm ýakdym, duşmandan görmen.
Ýagy hiç gerek däl özümden gaýry,
Waý, elim, waý, tenim, köýnegim – hernäm!

* * *

Şahym, takwaň doga-dileginden gork,
Säher turup aýdýan nalasyndan gork!
Buýsanma leşgerňe, leşgerbaşyňa,
Duýdansyz silleriň gelmeginden gork!

* * *

Daňdym guýrugyny ýylan-içýanyň,
Dişe diş, guýruga guýruk üç ýanym.
Yzarladym eždatlarmyň ýoluny,
Turup, Nuh nebime berdim salamym.

* * *

Jan-u ten riştesi, saňa baksadym,
Ölmek-ýaşamakda – Sensiň ak sütün.
Men – bäş günlük, Sen – ebedi rowaçlyk,
Baky ahyr meňem arzuw-maksadym.

* * *

Jahan suwa teşne Sende towlanýar,
Läle, gülleň reňki Senden gowlanýar.
Gymmat baha kimýaň mätäçleri biz,
Iň wajyby akyl Senden suwlanýar.

* * *

Ýürek yşkda hiç aýaga galjak däl,
Bu mähre ymsynyp, umyt üzjek däl.
Gül keşbinde janyň manysyn görüp,
Ýürek paýy palçykdan hiç çykjak däl.

* * *

Seniň aşygyňa päk ruh ýetendir,
Yşk aýagulaga päk bir akyldyr.
Ýürek – bu magrypet jahankeşdesi,
Gam deňziňde el-aýagy batandyr.

* * *

Mende seni görmek girmez hesibe,
Ölemden soň çekermikä nesibe?!
Wysalyňa atarjak ýol tapmadym,
Ýazýan, görýän, adyň şeýle ajab-a!

* * *

Gitdiň mundan soramadyň ejaza,
Isleg hatyň gysyş berdi nejata[24].
Seni görmek döwletinden aýryldym,
Meni halys alyp ýatdy bu jeza.

* * *

Bir polat sahypa dönse Ýer ýüzi,
Çyn aýnasy bolsa Asman gümmezi.
Rysgyňdan kemelmez ýeke saç tary,
Hakym paýly edýär nygmatdan bizi.

---

[24] Nejat – halas boluş.

* * *

Saňa söýgiň lezzetin Sen, sorama,
Jan höwesim – görnetin Sen, sorama!
Ol wysal synyňdan tutan elimiň –
Gaçyrdylar gymmatyn, Sen, sorama!

* * *

Sözüň köpri üstüniň ähdin aňdyrýar,
Mähriň – kine, gahryň – zelil öndürýär.
Ähdiň – galmagalçy, içi boş deprek,
Bir günlük gül, bir gijelik şem bolýaň.

* * *

Haýyr, kämillikden össe her kimse,
Allanyň nusgasy barýandyr öňde.
Şer, günä sapynda durýan kişiniň –
Kemini kötekläň, bişirilsin çaňda.

* * *

Gülap[25] gözleginde aýlanyp ýö:rdüm,
Bagda mahmal bägül diýdi «men soldum».
«Eý, tämiz ter, günäň nämedir?» diýdim,
«Bar günäm görkümdir, men bir çyn güldüm».

* * *

Ud[26] agajym bolman, söwüt getirdim,
Çal başymy, gury öwüt getirdim.
«Näumytlyk-küpürlikdir» diýipdiň,
Permanyň penalap, umyt getirdim.

[25] Gülap – gül suwy. Atyrgül ýapraklaryndan alynýan hoşboý ysly içgi.
[26] Ud – otda tütedilende hoşboý ys ýaýradýan ösümligiň bir görnüşi.

* * *

Aly ibn Abu Talyp hakyna!
Alla şiri, jahan piri hakyna!
Üç ýerde ynsanlaň perýadyna ýet:
Ölümde, gabyrda, sorag wagtynda.

* * *

Yşk bilen girende ýürek bir nika,
Arzuw aty alyp gaçar birdenkä.
Ýürek ýokmy, yşgyň, watany hany,
Yşk ýokmy, ýürek – güýçsüz bars, tenha.

* * *

Gam öýüniň bir burçuna ýykyldym,
Jahan gamy aýyrdy-la akyldan.
Weýsel-Karaň hormatyna, eý, Taňrym,
Kerem eýle, dişim dursun dökülmän!

* * *

Aşyklyk gürrüňin eşiden badym,
Jan, ýürek, didämi gamda ýadatdym.
«Aşyk-magşuk – aýry» diýip oýlandym,
Olar – birdir, çaşy eken meň gözüm.

* * *

Aýda bilmen, dostuň syryn hiç kime,
Ol göwher deşilmez, düzmek isleme.
Gijeler arkaýyn uklap bilemok,
Irkiläýsem, turýan derrew tisgine.

* * *

Ýokluk tagtasynda gadym syr nyşan,
Ýok bu syry bilýän ekeje ynsan.
Jyda görme, Suhany sen älemden,
Suhandadyr – älem, älemde – Suhan.

* * *

Sen zerarly müň köý köýümde bolar,
Seň lebiň bolmasa, «waý» munda bolar.
Bu ölümden lapym keçdir, men misgin,
Aramgähim ýokluk oýunda bolar.

* * *

Meniň birazajyk – kem pulum bardy,
Iki küýze şerap pulum dargady.
Barbatda[27] ne ýogyn, inçe heň galdy,
Derwüşlik, gam gepi halys ýadatdy.

* * *

Gadymdan garyplyk okuna men jäç,
Üflislik pelegniň depesine täç.
Bu zelil halymy beýan etsem men
Alla zat gerek däl, men şonça mätäç.

[27] Barbat – dört kirişli tambura meňzeş gadymy saz guraly. Onuň iň ýokary kirşi has ýogyn bolup, oňa «bem» (belent ses) we iň aşaky kirşi has inçe bolup, oňa «zir» (pes heň) diýlipdir. Aslynda bu saz guralynyň kädisi ördegiň gursagyna meňzeş bolany üçin «barbat» atlandyrylypdyr. «Bar» diýmek «gursak, kükrek», «bat» diýmek bolsa «ördek» diýmekdir. Bu saz guralyny «ud» diýip hem atlandyrypdyrlar.

* * *

Göwün çölde eňdi ýelgamak ýaly,
Köp gyl ýardy, birne düşnemok häli.
Ýüregimde müňlerçe Gün dogsa-da,
Ahyr, nesip etmez zerre kemaly.

* * *

Eý, dost, hoş saýaňda saýalaryn men,
Çynym: çyndan-çyny halaýaryn men.
Sen özüňden özüň yrak düşäýseň,
Düşdügiň, ýeriňi eýelärin men.

* * *

Dat elinden, pelek otsuz-ojaksyz,
Meň ýanymda behişt çakly, ne çaksyz.
Bujagaz günüme şükür eýläýin,
Beterin tapmazmy, Pelek öjükse?!

* * *

Rebbim, mätäçlige çydamaz göwre,
Bu pakyrlyk täjim gelişýär döwre.
Jana-jan dostum bol, talap ýolunda,
Senden sowa ýoldan yzyma öwre!

* * *

Adam bol, bu men-menlikde näme bar,
Eşegiň bolmasa, ýüpde näme bar?!
Senemiň zülpüne uzatma eli,
Myradyň Hak bersin, butda näme bar?!

* * *

Şükür, teniň sapa gülşen birikdi,
Saglyk yşk gülüni seçip ugrukdy.
Çog güzeri tenňe düşdi säwlikde,
Ataş dere dönüp, ýüzden syrykdy.

* * *

Meýhana giremde, çümdüm hyýala,
Getirdiler şerap doly pyýala.
Onuň keýpi meni mensiz goýandyr,
Meni kowup, başga girdi «toýhana».

* * *

Wysalyňdan gaýry bar zatlar toba,
Ýatlamaňdan gaýry perýatlar toba!
Ýüz gezek gapyňda toba syndyrdym,
Tobalar syndyryp gaýtmamdam toba!

* * *

Haýhat, dady-perýat golundan yşgyň,
Iş bökdendi, ýok gowuşgyn-gunuşdym.
Hakym köýdi, hany düzgün, adalat?!
Men ýok, yşk ýok, boş ertämden sowaşdym.

* * *

Maksadym bolmandy ynjytmak kişi,
Endik edinmedim hiç men bu işi.
Aýby görýän gözüm – kör, muňa şükür!
Göripleriň gözi mende hemişe.

* * *

Sahawat, keremiň kem etme, Rebbim,
Seniň halas ediş ýoluň – meň kesbim.
Abat eýläwergin iki dünýämi,
Kalbym köşkdür, orun bir Saňa ýetsin!

* * *

Eý, dost, seniň gamyň bize gerekmi,
Seniň derdiň hassa jana derekmi!
«Gussaly ýürege ýakyn men» diýdiň,
Eý, Dost, ine, biz şol gamly ýürekli!

* * *

Ýa, Rep, mätäç etme, täk dileg Senden,
Ýa gedanyň, ýa-da şanyň rysgyndan.
Keremiň agartdy gara saçymy,
Ak saç bilen gaçmaýyn güýç-gurbatdan.

* * *

Men – sensiz biçäre, dertli, görgüli,
Haýry-yhsanyň köp, mydam bergili.
Seniň waspyň müňden birin aýtmaz,
Sözläp bilse bedenimiň her gyly.

* * *

Pendim alsaň, şeýleräjik oýna sen,
Ajal iki-üç güne hem goýmasyn!
Dünýe – garry aýal, näme boljakmyş,
Iki-üç gün öň ölseň, garry oýnaşa?

* * *

Aýbym açsa ýa-da eýlese aýan,
Hemişe saklady edebi-haýan.
Aýagynyň tozy – başymyň täji,
Kereminden aýp depderim jyklaýan.

* * *

Ýürekde – şirk, maňlaý – ýerde, ne peýda,
Hapa ruha eşik – perde, ne peýda?!
Günä – zäher, toba – onuň tirýegi,
Zäher – janda, tirýek – serde, ne peýda?!

* * *

Wysal nire, yşgyň ataşy nire,
Dür nire, garynja söwdasy nire?
Ýanmakdan gorkym ýok, nire perwana,
Hem-de Tur dagynyň ataşy nire?!

* * *

Jan alyjy didäň bir dert örtese,
Allam senden aýryp,bersin men kese.
Ýa Rep, döwrüň ýaralaýjy garagy
Yza-renç bermesin hassa nerkese.

* * *

– Men Nyşapur Aýy, reňkim neneňsi,
– Eý, Nyşapur Aýy, Nyşapur seňki!
Dünýäni syr-süpür, holtumyňa dyk,
Ýöne diýme: «Duşmanym köp, bir geňsi!»

* * *

Kelisäniň işiginde ýorgatsaň,
Ýa-da eger Käbe üçin ylgatsaň.
Biziň barlygmyza zerurlykdyr ol,
Gowsy, bizi bizden bir halas etseň.

* * *

Ol Muhammet, Aly, Zöhre – şöhrat-şan,
Hasan hem Hüseýin – serwerden nyşan.
Eý Beýikler Beýgi, iki jahanda –
Gyşyk gep çekmegeý hiç eziz ynsan!

* * *

Alla şiri, zarply otly peýkamy,
Elsizler elinden dynma em barmy?
Eý, Allanyň güýçli goly, gollarym –
Synyňdan ýapyşdy, diňle zarymy.

* * *

Mansur Hallaç[28] deňiz läheňi boldy,
Pamyk tenden çigit jany sogruldy.
Özüne aýtsa-da «Enel Hak» diýip,
Mansur – Mansur, Hak hem Haklygna galdy.

* * *

Bizi üwäp gitjek batharazmyň, gel,
Kapyrmyň, gäwürmiň, otparazmyň, gel!
Gapymyzy ýel açyp, ýel ýapmasyn,
Tobany müň otlan butparazmyň, gel!

---

[28] Mansur Hallaç – meşhur sopy (858-922). Ol «Enel–Hak»–«Men–Hudaý men» diýenligi üçin öldürildi.

* * *

Dymma lebden janym agzyma geldi,
Dymma lebden janym lebime geldi.
Gulagyňda dert baryny eşitdim,
Belki, ýürek derdim gulagňa ildi.

* * *

Dilber bizi garşylama ýüreksiz,
Bir dilber– hoş, ýüz bir ýürek gereksiz.
Ne ýürek, ne dilber kalbyň içinde,
Ýa ýürek, ýa dilber gönder bärik Sen!

* * *

Lybasymyz günä Nilinde akdy,
Topragymyz erbet ýer bolup çykdy.
«Magşar güni gije bolmaz» diýýärler,
Eýsem namalarmyz açylmajakmy?

* * *

Eý, Allam, düýn dogaň eýläpler çykdym,
Badam gabak gözüň köýünde akdym.
Goý, yza dolansyn betpäl nazarlar,
Ýogsa gazaba tut, garaklar aksyn!

* * *

Harap jandan gitdi sabyr uýanym,
Göz owamy üzeňňidir duýanym.
Posa döwletiňe üzeňňi bolsam,
Hökmüňe jylaw dek başym goýanym.

* * *

Bu tün ganly gama boýanmak işdir,
Gaflat ukusyndan oýanmak işdir.
Öten agşam uçup geçen lezzetiň –
Ezýetine Rebbim, daýanmak işdir!

* * *

Ýardan sanjy üste sanjydyr paýym,
«Beýtme diýsem», beterledýär ýagdaýym.
Onuň jaýy kalbym töründe weli,
Hanjary özüne urmasa kaýyl.

* * *

Ýagşylyk – takwanyň lukmasy-awy,
Ol girew, kim etse gözýaşdyr agy.
Eger bolsaň, it gylykla baştutan,
Keýik gözli gaçar aňrydan-aňry.

* * *

Kä tesbili takwa, gelşikli gelşim,
Kä kezzap, buzahor, ýollarym kirşen.
Waý, waý-eý, ykbalym toz-u tüssede
Hiç, hiç, hiç görülmez hakyky bolşum.

* * *

Aşyklar syr açar, ýatmaz gijeler,
Özgeler hiç ganat kakmaz gijeler.
Temmelener gije külli işikler,
Aşyklar gapysyn ýapmaz gijeler.

* * *

Jaň kak, eýlän bolsaň namysy-ary,
Çetleşdiňmi, öwrül namazlyk sary.
Ýüregimde düşünme bar bu ikä:
Tesbiňi otladym, ýakdym zünnary.

* * *

Zatyň, sypatlaryň aýplardan Beýik,
Syrbiliji – adyň köňüle seýik.
Rehim et, ömrümi bermişem ýele,
Adym boldy ne-hä bir Nuh, ne Eýýup.

* * *

Husnuňyň aýnasy bezegdir, eý ýar,
Sabyr gämilere bu girdap taýýar.
Her aýna görkezse gaýry jemaly,
Akyl «aldaw sähra salgymy» saýýar.

* * *

Mejnunyň dag diýip barandyr çöle,
Baş diýe aýagy berendir ýele.
Her kes seni daşlaşdyrdy özünden,
Seni tanap Mejnun, gelmedi ele.

* * *

Yşk geldi, tozanyn janyma çaýdy,
Harmanym otlandy, çäjim-de gaýdy.
Elimden tutmady gözden gaýry dost,
Ähli baryn-ýogyn paýyma[29] guýdy.

[29] Pa – bu ýerde aýak manysynda gelýär.

* * *

Hurmadan dökülýär miwe ýagyşy,
Gül ýaka pürkülýär görküniň nagşy.
Ol terje nahalyň aýak tozundan,
Çeşme gözüň sili edýär çawuşy.

* * *

Käbeden gaýdýandyr maksadyň ýoly,
Meýhana sümülýän ýodalar doly.
Meýhana ýolundan giden abadan –
Elden-ele geçýän käse howaly.

* * *

Daş atyldy sapançaňdan ok bolup,
Ýürek wysal şuglasyna ýüklenip.
«Begenip oturma» diýdi daşdan ok,
Daş mekanda bilmeýäris saklanyp.

* * *

Ahy-nala, mähnet öňden nesibäm,
Jan karkara gelýär, hijran bu Käbäm.
Bosagaňyň tozanyndan mahrum men,
Ötürmeýär gözýaş silim-akabam.

* * *

Baýlyk – el kiridir, ýuwdugyň gider,
Ýokdan hantamalar ýuwdunyp gider.
Bary– ýok, ýogy– bar bilmedik kişi
Dünýäden ýaýdanyp, ýaýdanyp gider.

* * *

Aýagyň agyrdy, hasrat yrady,
Hassa misgin köňlüm dertden eredi.
Aýagňa ýylan dek oraşan ynjy,
Goja ykbalymdan ynjan ýalydy.

* * *

Ýürekde bolmasyn özgäniň gamy,
Ýa Rep, süpüripler taşla Sen ony!
Ýolbelet Sen, amalymyz bihasyl –
Bolmasyn, azaşdyk, menziller hany?!

* * *

«Yşk» lakamly ýandyryjy alaw ot,
Küpürlik hem din durkunda alar bat.
Iman aýry, söýgi dini aýrydyr,
Yşk resuly ajam, däl–de, başga zat.

* * *

Ejizlik hem ýokluk bize nagyşmy,
Barlyk, günä özgelere bagyşmy?!
Kalbymyzda peýda bolan bir Oldur,
Güýç-kuwwat-iş – Ondan, Oňa degişli.

* * *

Ýürek syryň mydam, wah, menden daşdyr,
Ýanan harmandyryn, ýadyňda öçdüm.
Ömür wepa berse, öz göwnüm senden –
Seniň kalbyňdan hem beterräk boş bor.

* * *

Kime ýürek berdiň, aýdara gamyň?
Göwräm – gam saraýyň, bar başga kimiň?
Mähire öwrülýär süňňüm gamyňgan,
Seni ýatlatmazmy her alýan demim?!

* * *

Haýdar, il söýesi, medet wagtyňdyr,
Sekiz[30], dört seresi[31], medet wagtyňdyr!
Men jahandan ejiz, duşmanym güýçli,
Sahyby Zülpükar[32], medet wagtyňdyr!

* * *

Yşk – men damarymda möwç urýandyr gan,
Ýüregim dert üçin urunýar çar ýan.
Şir penjeli agras sabyrdyr men,
Şükür men – hemişe dilegi bolýan.

* * *

Älemdäki Pelek, Aý, Gün kökenek,
Seniň meslik meýhanaňdan çykanok.
Sen jahandan aýry, ýok Sensiz jahan ,
Sen mekandan aýry, Sensiz mekan ýok.

---

[30] Sekiz – bu ýerde sekiz ymam: Hezret Aly we onuň öwlatlaryndan bolan ymamlar: Aly ibn Abu Talyp, Hasan, Hüseýin, Zeýnelabedin Aly, Muhammet Bakyr, Japar Sadyk, Musa Käzim, Aly Ryza (Ymam Ryza – Gyzyl Ymam) göz öňünde tutulýar.

[31] Dört seresi – bu ýerde dört çaryýarlar – «Hulafaýy raşydyn» – «Dogry ýoldan ýörän halypalar»: Abu Bekr, Omar, Osman, Aly göz öňünde tutulýar.

[32] Sahyby Zülpükar (Zülpükaryň eýesi) – Hezreti Aly. Muhammet alaýhyssalam özüniň Zülpükar atly gylyjyny Hezreti Ala sowgat beripdir.

* * *

Saçuzyn – sygyrda, daglykda – sygyr,
Balyk mydam deňiz göwsünden çogar.
Bildedir – biz[33], Bulgar – tuzuň[34] mekany,
Kirşi ýaýa çekmek gaty müşgildir.

* * *

Seniň keşbiň bar gözlere ýakymly,
Seniň ýoluň bar gözlegde ýakymly.
Seniň ýüzüň ýakymly bar ýüzlere,
Seniň adyň bar dillerde ýakymly.

* * *

Aşyk ýolun kesen butparaz hakdyr,
Älemde görünýän müň-hezar Hakdyr.
Jahana meňzeşe pitjiňim bolmaz,
Haka kasam bolsun, ähli bar – Hakdyr.

* * *

Genç göwherim hazynamda döwüldi,
Ähli syrym dury gussa owuldy.
Jandan çykan arzuw şuglamyň hersi
Aýna gyýçak gursagymda suw boldy.

* * *

Jahan – nard, onda utmak – utulmak,
Oýnamak– şert, köpi harçlap, az almak.
Nardyň oýny ýaly daşyň düz çyksyn,
Almagam, sülmegem – müň syry bilmek.

[33] Biz – mata.
[34] Tuz – gaýyş.

* * *

Bir tabak gül goýlan, ol ýüzüm – petim,
Saçym burum-burum – bir gara tütün.
Müň çüýşe müşk ýele, ol meniň ysym,
Dünýä ot beripdir, bu häsiýetim.

* * *

Janymy aljak dert çyndan ybarat,
Özge täsirsiz yşk çenden ybarat.
Pürkülýän gözýaşy gandan ybarat,
Daňa meni eltmejek tünden ybarat.

* * *

Eý, dostum, eý dostum, eý köstsüz dostum,
Görk diýe gan ýuwdup, közlere basdym.
«Dost gerekmi ýa-da behişt?» diýýärler,
Dostly behişt çykmaz arzuw-höwesden.

* * *

Perişde hulkuna eýe bol ynsan,
Jan duşmanyň başa göter, dostuň san.
Diwana ýürekliň endigi şudur:
Duşmanyna peşgeş berer şirin jan.

* * *

Ol bir Aýdyr, wepa-görküň gulpy dek,
Pelek gümmez direg husna janserek.
Bakyp başarmasaň, hurşyt ýüzüne,
Ýaňagyň hemrasy gara zülpe bak.

* * *

Ol ruh bulguryndan içdim, dadyndym,
Aklym diwanadyr, meý-mes men indem.
Tüsse ters öwrüldi, ot meni urdy,
Ataş Gün perwana bolan ol şemden.

* * *

Magrypet syryndan habarly aryp,
Özün goýar, Haky eder ol taryp.
«Lä ilähe illallah» sena bilen,
Özüňden gaç, Taňry işigne baryp.

* * *

Bolaýsa her işde çykalga, karar,
Meniň ýanymdajyk bolmazmy ol Ýar.
Aýralyk ýok, hiç bir zada degmeýän,
Jan deý wysal, derdiň dermany bolýar.

* * *

Gözowam püre-pür, kimi görýän men,
Yşkyňda ömrümi ýele berýän men.
Nam-nyşanym goýmaz, yşkyň bu oýny,
Biçäre magşuk men, kimi görýän men?!

* * *

Duýman gezdim, arzuw atly köşksüz,
Nätanyşdy maňa ýar-u yşk söz.
Ýarsyz ýaşap bolýan bolsa jahanda,
Mydar eýlese bor, meger yşksyz.

* * *

Gyzyl tiken seniň çölüň Haweran,
Ganymyzdan boýalan bar dabaraň.
Al ýaňak periler bize mynasyp,
Kim ýetirjek olara hoş habaryň?

* * *

Anyklyk deňzine bu şöhrat-şandyr,
Girdap – duzak ýaly, gam – nepes demdir.
Her sadap – gözowa gözýaşdan doly,
Her möwç – ýar gamyndan eziz nyşandyr.

* * *

Howa– simappisint, gök sähra– solan,
Eý, dost, geçen geçdi, şu güni bil sen!
Wepalymyň, ine – ýürek hem-de jan,
Jepalymyň, ine – başym hem legen.

* * *

Jahan aýralygy ýaly hasrat ýok,
Hijran wakasyndan öte ezýet ýok.
Sebäp bardyr hoşlaşygy terk etsem,
Sen – jan, jan üzülse, gaýry kysmat ýok.

* * *

Bil, Hudaýsyz gymyldamaz çöp başy,
Bitirýän işleriň – ýöne gepbaşy.
Şukrana, tabyn bol Eýäňe, ynsan!
Hak ösdürer, soň tozadar ak başy.

* * *

Özüňde ýok derdi görkezjek bolma,
Ýat welaýat içre erk aljak bolma.
Jöwher ussa görkezme aş pyçagy,
Ojarly meýdanda çerkezjik bolma.

* * *

Aýralyga dözüm, ine, mende ýok,
Janyma renç gerek, bu-da mende ýok.
Durmuşyň sermaýasy hoş, mende ýok,
Ýar-wysaly gerek, ýene mende ýok.

* * *

Eýýam eýesinden eýlegin ejap,
Söhbete goşulyp, durmagyl gorjap!
Kişä ýüklemersiň kişiň ýüküni,
Beýik Biribardyr güýçli Ýeke-Täk.

* * *

Ýaşlyk meni bir ýan ýykdy-da gitdi,
Bagt şatlyk bolup, bökdi-de gitdi.
Ýap boýunda suwsuz usurgap ýatdym,
Ýapdan Abyköwser akdy-da gitdi.

* * *

Gündizimi jahan gamy tozdurdy,
Gijelermi gaýgy-hasrat gowurdy,
Bir jahana degýän dem salym ömür –
Salgym saýasynda ýüzün öwürdi.

* * *

Özüňden aňsatja gaçyp bolanok,
Yşk şerbetin ýeňil içip bolanok.
Aşyklar janyna eziz bu meýden –
Müň jan berseň, owurt tapyp bolanok.

* * *

Säher ýelde hoşboý ysyň çagbalar,
Seni idäp, kä ýanymda agnaýar.
Indi seniň ýadyňa-da düşemok,
Ol ýel – ysyň, hüý-häsiýetiň, aňlaýan.

* * *

Derwüşlik et, tagta berme reje,
Garyplygam alyp gitgin bileje.
Ýylan agzy mülküň bolsun, baýlyk nä?
Guýuda otur, ine, beýik dereje.

* * *

Şol gören ýüregiň gan-hun bolandyr,
Ol ýürek gan bolan gözden dolandyr.
Yşkyň köçesinde kemsindi ýürek,
Leýli keşpli görüp, Mejnun bolandyr.

* * *

Ýarym diýdi: «Kalby sen synyk sakla,
Ýüregi hemişe umyda bekle!
Köňli synyklara düşer nazarym,
Isleg bize bolsa, wesýeti hakla!»

* * *

Ylmym ýokdur, goçaldara goçagy,
Sahylyk ýok, ýogy neneň seçeli.
Ylymym, amalym, kerem, edebim –
Bolan bolsa bezärdim Hak saçagy.

* * *

Jemalyň öňünde Aý, Gün nämemiş,
Lebiň – leb, selsebil, köwser nämemiş?
Gözüm jöwherlendi, bar zady gördüm,
Sen – bar, Senden başga eýsem nämemiş?

* * *

Diýdim: «Gözüň!» Diýdi: «Meslikden daş dur»,
«Ol dahanyň?», «Ýürek demir-u daşdyr».
«Seniň zülpüň», «Bulam-bujar sözleseň,
Başly-barat hekaýatyň bulaşdyr».

* * *

Eý hüýr nesli, ejir çekse aýagyň,
Ýarym derdiň ýeňlär bilseň anygyn.
Ol dert men-menlikdir, meň haýpym gelýär,
Meni ýalka, dyza çökýär ol bu gün!

* * *

Halyk goýup, rahatlygy-lezzeti,
Älem ýalňyzyna şeýle toý tutdy.
Päklikden jübüde öwrülen pekge –
Rahatlyk ýitirdi, baky unutdy.

* * *

Wysaldakak, hijran derdinden perýat,
Aýralykda çydam merdinden perýat!
Dat, uzaga çeken mahrumlykdan, dat,
Perýat, sabyrsyzlyk gamyndan perýat!

* * *

Yşka düşüp, başyn goýsa bu käre,
O ýürek müslim däl, kär etmez Käbe.
Eger zülpüň ýaýsaň Mekge-Medinä,
Zünnar zynjyryny urmazmy däbe?!

* * *

Bolsa kalpda yşka hyrydar peýda,
Perdäni syrmaga çäre bor peýda.
Takwalyk sejdesin şeýle ýaýaryn,
Her tarynda bolar müň zünnar peýda.

* * *

Yşk hasraty girse kişi kalbyna,
Merhuma öwrüler ondan tolguna.
Toprakda urunyp, gan eder ýüzün,
Ganhoryň daşyna geçer pyrlana.

* * *

Seni synlap, göwnüm baka öwrüler,
Hasratyňa gaýgym şoha öwrüler.
Gum mekandan dowzaha ýel äkitse,
Dowzah oda aýnalbaka öwrüler.

* * *

Eý, saplyk şerçisi, çökündi many,
Erte kyýamatda amalyň hany?!
Şeýle ýaşajakmy, utanç bu saňa,
Şeýle ölmekçimi, äkitme jany.

* * *

Erte aýal-erkek geler Magşara,
Hasap gorkusyndan her kes gagşara.
Husnuňy aýama goýup ýörärin,
«Şundan çen tut!» diýjek Saňa, eý, Jora!

* * *

«Şerigat gözegçi eýleýär güman,
Perde ýyrtyp, ony eýleýär aýan».
«Bu şerapdan ýeke damja tapsa ol,
Satyn alar ony dözüp şirin jan».

* * *

Men diri, wah, biri eýleýär öwrüm,
Kesäňden köçäňde guş diňlär böwrün.
Özge gözden baky bakmakçy Saňa,
Men ýumrulan gabryň tikeni, dogrym.

* * *

«Birje beýdiň barmy yşky depderde?»
Gülgün gözýaş, saralan ýüz geplär-dä!
Baş gowgaly baş daşyňdan aýlanar,
Derdi bolan dertli kalp seýiklär-dä!

* * *

Öten agşam janda hijran örtendi,
Ganly gözýaşymda girýan örtendi.
Maňa sowuk bakan bir Seň jigeriň,
Musulman, zünnarly kapyr örtendi.

* * *

Täleýim isleýär asudalygy,
Hümmet diýýär: «Palas atynsam gowy».
Iki jahan bir samana satylsa,
Mätäçligmiň ümsümlik bor arzuwy.

* * *

Kalp gidýär semada[35] dildar ysyna,
Bizem syr köşgüne itýär gyssana.
Dowamly hiňlenme seniň ruhuňy –
Göterýär, ýar älem eliň astyna.

* * *

Gül gözellik çyra gülşene elter,
Ýüzüň ýürek aýna gelşige elter.
Ýüzüň şemi her öýi, her ojagy,
Tümlügi tozduryp, bol şugla elter.

* * *

Arzuwyňda şat men, her dem gowşaýan,
Ýüzüň waspyn eşdip, derdim ýumşaýar.
Iki gözüm saňa bakyp bagtyýar,
Gadam – Saňa, dabanyňy ogşaýan.

---

[35] Sema – derwüşleriň goşgy-saz we raks-tans bilen zikr çekmekleri.

* * *

Sözi sozman sözle, duýgyňy jemläp,
Ters ýol görkezse dost, durmagyn oňlap!
Mertebe – ýar üçin ölüp-direlmek,
Süýjüdip, özüne habar ber soňrak.

* * *

Seniň ýagdaýyňdan habarly bolsam,
Iki agyz sözde beýanyn bilsem.
Gara ýere soksa seň yşkyň meni,
Mähriňden gögerip men ýene galsam.

* * *

Şat ýürek süteme ah çeker, çekmez.
Ynsan için bilmez ak şeker zäkdir.
Ýürek ýanyp mumlar kibi eredi,
Şugla eteginden el üzmäm ýokdur.

* * *

Duşman dost bolanda, aňladyň çaky,
Dadyna ýetişdiň, üzdümi haky?
Ol diýdi: «Bolaryn göwnüňe görä»,
Başga zat diýendir ýüregi, belki.

* * *

Ömür näme, birje gyzyp-üşäniň,
Bu juwanlyk bagty ýeke gijäniň.
Zulum berme, seniň halka azaryň –
«Ýa Rebbinde» ýanarsyň bir biçäräň.

* * *

Döwletli biardyr, syla özgäni,
Öwren, öz köňlüň ýyk, muňa söz barmy?!
Ölüm bilen ryskyň hakda oýlanma,
Olar geljek wagtyn bilmeýärlermi?!

* * *

Tekepbirlik – düwün nireden geldi,
Gabyr keşbi bu gün nireden geldi?
Bular nurly Günüm gözden gizledi,
Bu bulut – bu dowul nireden geldi?

* * *

Hak kä giňlik, käte darlyk bagyşlar,
Hak adynyň hersi peşgeş bagyşlar.
Älem dürslügine her daýym demde –
Bir a:t ýokluk, biri barlyk bagyşlar.

* * *

Yşk nemden laý boldy topragyň, Adam,
Gopgun gopup, sensiň pitnäni dadan.
Yşk neşderi ruh damarna sanjyldy,
Damja gandan boldy – «ýürek» binýadyň.

* * *

Yşkyň zenzelesi gulagym gapdy,
Aňym, akyl-huşum asmany öpdi.
Söýgiňden öwrendim bir sahypany,
Üç ýüz warak ylmym şemala gopdy.

* * *

Hiç bir bende binesip däl ylmyňdan,
Bakyýetde dikeleris alnyňdan.
Seniň mähriň bir pursatlyk zerresi –
Aýdan şuglalydyr, nurly – müň Günden.

* * *

Sopy semasynda el çarpyp sessiz,
Ýürek ataşyny öçürer kemsiz.
Dana biler: «Enä gerek sallançak
Çagasy usurgap ýatar bir gamsyz».

* * *

Ýykylan halyny bilermi pasyk,
Dertli biler derdi bagryna basyp.
Namart merdi gara köpükçe saýmaz,
Mert durar jaý söze gulagyn asyp.

* * *

Bu ömür nowbahar gülüne meňzär,
Bu dide daglaryň siline meňzär.
Şeýle ýaşa, toýa-ýasa ýaranlar –
Diýsinler: «Ol Taňry guluna meňzär».

* * *

Alladan kim bolan bolsa habardar,
Älem syryn bile-bile tygyrdar.
Husnuňa gedaýlyk çekýän kişiler –
Gördüler, Hak görki bolandyr äşgär.

* * *

Beň berdi derwüşler hanakasynda,
Käsede daş, görse, Hak aýnasynda.
«Günäm näme?» diýsem, tutdular urşa,
Galan däldir ne murt, ne sakgal mende.

* * *

Huşum alan ýaran-ýakyn däl magat,
Perişan saç tersa bolandyr böwet.
«Nä olara köňül berdiň» diýdiler,
Äkitdiler bermän, aman-u nurbat.

* * *

Hak bendesi ülke-ülke bitendir,
Guşuň guşa höwürtgesi bir geňdir.
Bu gözüň ýöntemdir çaky alardan,
Ah, olara iki dünýä mesgendir.

* * *

Alla rysky: ýagşy işler, azma-da,
Perişdeler alkyşyn al, az bu-da.
Taňry talabyn tut, goý, hoşnut bolsun,
Ýa ýörüber Hak ýazgydyn çözle-de.

* * *

Aşyk baş egmese, oň köňli ynjar,
Gijeler köýüňe köwlener zynhar.
Goý, öpsün ol örüm-örüm zülpüňden,
Däli-diwanadyr çeýnejek zynjyr.

* * *

Ýürek yşk ýoluna eýermän ýanar,
Jan wysal döwletin saýgarman ýanar.
Gün aýnaň ýüzüne nurun saçanda,
Ol özgä Gündügin duýdurman ýanar.

* * *

Eý, şemal! Eý, ýagyş! Eý, uly umman,
Mustapa[36] topragňa tagzymçy myhman.
Aly Murtuzaňa[37] tagzym eýleýän,
Şehidi Kerbela[38] halk aglar diňmän.

* * *

Derwüşlerdir durky ähli barlygyň,
Bilgin olaň öň hatarda barlygyn!
Men-menlik misini göwhere öwür,
Olar bilen bolgun, özüň barlagyn!

* * *

Eý, Jelal, ynsany saldyň ne görgä,
Kim gapyrga gemrer, kimler – oňurga.
Beýiklik gaşyňda däli-mejnun – biz,
Geçdik gitdik akyl-duýgudan aňra.

---

36 Mustapa – Muhammet alaýhyssalamyň atlaryndan biri.

37 Aly Murtuza – Hezret Aly. Öz ylmy, häsiýeti, din ýolundaky hyzmatlary, Allanyň, pygamberiň we yslam ähliniň razylygyna mynasyp bolan diýen manyda Hezret Ala Murtuza (razy bolunan) lakamy berlen.

38 Şehidi Kerbela (Kerbelanyň şehidi) – Hezret Alynyň ogly Ymam Hüseýin. Ol halypa Ýezide garşy häkimiýet ugrundaky göreşde (680) Kufäniň golaýyndaky Kerbela çölünde öldürilýär.

* * *

Pelegiň mährine per bermez bendäň,
Lebin goýmaz jama püre-pür gandan.
Wepa halkasynda pergarpisintdir,
Baş goýsa-da, aýak çykarmaz ondan.

* * *

Duşman bize bakar, düşünip bilmez,
Ýüň, ýüpek, ýüp bolup işilip bilmez.
Biz – bir aýna, ýagşy-ýaman – özleri,
Olarda onçalyk oý-düşnük bolmaz.

* * *

Ýüregimde pynhan dert, hiç sorama,
Ýürek janda gowrular giç, sorama!
Ýürekgysgynç ykbalda bir işim bar,
Muhabbetiň ornaşdy, uç sorama!

* * *

Seň yşkyňda men butparaz ograş, ýar,
Mekir, meýhanaçy, melgun adym bar.
Kemçiligim üçin peşgeşdir bular,
Lakamlarma şat men, ýok mende hiç a:r.

* * *

Men bendäni bu barlyga okladyň,
Ertäm takyk bildiň, men hem çakladym.
Köňlüm – Seniň mülküň, günäm hem Seňki,
Eý, Rebbim, oturdym, özüm akladym!

* * *

Roýuňy görüp men, başga gara ýok,
Jigermi tütetdiň, özge ýara ýok.
Jilwe eýläp, ogurladyň ýüregim,
Indi dilberim sen, gaýry çäre ýok.

* * *

Erte alty tarap gysanda seni,
Gadryň magrypete baglanan güni,
Ahlak eýesi bol, magşar gününde
Sypatyňa üýşer üýşmegiň göni.

* * *

Ol magşar gün sowal-jogap nähili,
Ol eziz Ýar gazapda bar dahyly.
Päk haýyr-yhsandan gowulyk geler,
Arkaýyn bol, gowulykdyr ahyry!

* * *

Hemme kişä aýan – aşygyň gamy,
Köňül dowzahynyň ýokmuka emi?!
Dünýäni boş geçirmedi, şat ýaşap,
Hoş demi, belki-de, ahyrky demi.

* * *

Ylmy, dini bilen Hudaýyň dosty,
Şübheli jogapdan tapar bir rasty.
Ezel ylma günä ýöňkeýän kişä –
Alym aýdar: «Munyň – nadanlyk kösti».

* * *

Öten agşam gam düşekde odundym,
Jahan gamy çykdy gitdi ýadymdan.
Nalamy eşitdi ähli ýaranym,
Gulak eşitmäm hem medet bagtymdan.

* * *

Onuň senden başga ýary bolmandy,
Seň gamyňdan özge käri bolmandy.
Şeýledi yşgyňda haly-ýagdaýy,
Senli, sensiz hiç karary bolmandy.

* * *

Senden daşda, tutupdyryn geň ýoly,
Ýüregimde didarlaşyk amaly.
Hiç wagt bölünip gitjek ýerim ýok,
Yzyňdan galmaýan kölegäň ýaly.

* * *

Döwür jepasyndan ýanmadyk il ýok,
Zamana şeýledir, solmajak gül ýok.
Gelmedigiň–gelmedigi ýagşyrak,
Gelenine begenýän bir dil hem ýok.

* * *

Öten agşam ne şöhrat, ne şan boldy,
Birsyhly älemde bagrym gan boldy.
Barýardym, eger men agsap barsam-da,
Men özümdim, agram iki men[39] boldy.

[39] Men – agyrlyk ölçegi.

* * *

Ömrüň işiginden girseň, hak çykym,
Gam bolan yşk gider, ýok muňa çakym.
Söz syryndan nyşan görkezjek barmy,
Her kes gider, çeýnär-de, öz sakgyjyn.

* * *

Aşyk gamy çykmaz harap janyndan,
Dirilikde howry gitmez ganyndan.
Aşyk derdi bilseň, simappisintdir,
Howsalasy hiç aýrylmaz jaýyndan.

* * *

Kalbyň şübhe, neçün goýýaň maňlaýyň,
Ýürek–zäher, ne geregi tirýegiň[40]?!
Daşyňy bezärsiň ýüpek don bilen,
Hapysa ýüregi neýlär zerbabyň?!

* * *

Hümmetiň Kyblasyn Hak eýläp pişe,
Başyň barka, hyzmatda dur hemişe.
Döwrüň zäherini dadan adama –
Olar bilen söhbet– derman ot-neşe.[41]

* * *

Yşkyň hanjarynda galmadyk sersiz,
Aşyklyk ýoluna birigip bilmez.
Saňa hem yşk gerek, hem-de baş gerek,
Iki höwes bir gursakda ýerleşmez.

[40] Tirýek – bu ýerde däri-derman manysynda ulanylýar.

[41] Nusgada tirýek diýlip berlen. Bu ýerde ýylanyň zäheriniň garşysyna ulanylýan tirýek ( derman ) göz öňünde tutulýar.

* * *

Jahan höwesine köňül baglansa,
Sadap içde barlyk hiç dür bolmasa.
Ser pyýala pür bolmaýar höwesden,
Dolmaýar başaşak tutulýan käse.

* * *

Ýürek gapyl bolmaz hiç haçan Senden,
Jan bedende, mähriň gitmez bu tenden.
Ýüzüňden düşen keşp hiç haçan öçmez,
Bezeg berer ýürek aýnama çyndan.

* * *

Medrese-minara bolmasa weýran,
Galandarlyk işi sürülmez birýan.
Iman gurşap, bürenýänçä imana,
Musulman bendäni, belki, men görmen.

* * *

Zerrejik çäginden çykmaz daşary,
Tekepbiriň ýanmaz bilim çyragy.
Mustapaň buýsanan pakyrlygyna –
Ýetmersiň etmeseň gan jiger-bagry.

* * *

«Tüme tütäp, gije geleýin» diýdiň,
«Il dilinden daşda bolaýyn» diýdiň.
Hoş ysyňy ukydaky duýmazmy?!
Asgyryp, tirsegne galýarka meýdem.

* * *

Lebiňe çalaja zülpüň çolaşan,
Bal bilen gözýaşa sapak bulaşan.
Bu jaýryk ýüregmi çat şonuň bilen,
Şonda kalba asudalyk gelişer.

* * *

Ýar öwezsiz hassa ýürek isleýär,
Ibermeklik üçin ony besleýän.
Ýoluna göz diksem, ol jan soraýar,
Islegine – buşluk, ine, wessalam.

* * *

Sapa ýeli, umyt gülzar, gül itdi,
Ýa Jebraýyl çala ganatyn ütdi.
Ýa säher Kuýaşyň bir ziresi bu,
Ýa Ýardan hoş nyşan birje halatmy?!

* * *

Gözüň agyrýanyn bildim idämde,
Ganly ýaşlar akdy iki didämden.
Maňa baksaň, çeşmiň gutular gider,
Görip köňli, goý, çykmasyn zyndandan.

* * *

Görküňi göz gördi, süňňüm ýeňledi,
Wysal gülüstanyň dünýä deňmidi?!
Söwdaýy ýüregim sözledi waspyň,
Özge taryp ne aýtdy, ne diňledi.

* * *

Öý bikesi hiç bir derdi dep etmez,
Ýürek syryň alar, özgä okatmaz.
Meýhana magşugy bolan ýerinde –
Aýdym ýatmaz, gyjak ýatmaz, dep ýatmaz.

* * *

Garrydyrys, yşka ýaraýandyrys,
Şat-şagalaň, näze aralandyrys.
Bir kemendi taşlap uzyn zülpüňden,
Geçen güni yza dolaýandyrys.

* * *

Eý yşk, seň derdiňe gerek gaty baş,
Seniň awuň menden güýçli, artykmaç.
Men bir şöhlä kebap bolan guşmuşym,
Semender deý otlar çeýnäp, örtäp öç.

* * *

Seň yşgyňda ýanýar mende derwüş dil,
Ol ot maňa gardaş, garyndaş, ogul.
Sapara gitmekçi gamyňdan gaçyp,
Gamyň garşylaýar menzilme-menzil

* * *

Tikenimden wepa gülzar döreýär,
Ýollarymda çyn wepadar döreýär.
Öten agşam Seni ýatlap gamlandym,
Bu gün kalpda miwe, müň bar döreýär.

* * *

Ýa, Rep, pygamberiň dide nurunyň[42],
Iki şemiň – nesli Haýdar ugrunyň.
Hatyryna baksyn enaýat çeşmiň,
Umydym: «Nazardan düşmän duraryn».

* * *

Arzuwlaýaň boý,zülpüni Dildaryň,
Höwes-hyýalyňda wysaly ýaryň.
Yşkda ol ýar ýaly müňüsi bardyr,
Taşla özi ýaly, diňlemez zaryň.

* * *

Al ýaňaga gözýaş pagyş döküldi,
Göze ysgynsyzlyk gaýyş çekildi.
Ýaz ýagşynyň sili suratyn sözlär,
Netijede, suwa nagyş çekildi.

* * *

Dost, gymmatly ömri sürmekde bol sen!
Döwlet kelep ujy barmakda bolsun!
Kyl bar iş, bar ýerde hemmeler bilen,
Göz açyk, dil ýarly bir çüňkde bolsun!

* * *

Gözýaşymdan pytran göwher maňa hak,
Jan sapagma düzüp, diýjek diňe Hak.
Ýaryň ýok wagtynda ol tesbim bolar,
Öz demimi şonuň bilen sanajak.

[42] Bu ýerde Hasan we Hüseýin göz öňünde tutulýar.

* * *

Ömrüň boýy jahan lezzetinden dat,
Söýgüliň hezzet-u ezýetinden dat!
Salyň deňze çümer, göç eýlemeli,
Dünýe – düýş, dadymlyk datdym, Sen-de dat!

* * *

Syrtyn samyr, senjap ýyladanmy Sen,
Zägi görer göze bal edenmi Sen?
Yşk mülkünden zara kerlik kesbiňmi,
Görke mätäç bagy çöl edenmi Sen?

* * *

Gün parlatdy al-asmanda baýdagyn,
Şöhlesinden açmady göz gabagyn.
Bulut perdesinden Gün daş çykanda,
Synlan kişi gördi ony ap-aýdyň.

* * *

Seň gözüň başlasa näz ede-ede,
Hassaň zaryň çekse «Sen» diýe-diýe.
Husnuň arypyňa etse jilweler,
Geler hakykatdan mejaza[43] ýene.

* * *

Ýürek seň yşkyňda pakyra döndi,
Jan yşkyňda ala-takyra döndi.
Hiç haçan hiç kimiň mähri gögermez,
Ýüregim şor bolup, çökere döndi.

---

[43] Mejaz– metafora.

* * *

Dost hatarna hatyrjem bol, gorkma gel,
Işimizde toz, merjen bol, gorkma gel!
Jahan janyňda jan goýmajak bolsa,
Giň bol, biz bar, bir ten, bir jan, gorkma gel!

* * *

Jigerim – janyň, ganly sil – men, inmen,
Gözüm – Sen, Jeýhun akaryn, dynman.
Janym wysalyňa ýetmek arzuwda,
Ýogsa alajyny tapardym dynmaň.

* * *

Tün boý söwdaň göz öňümde dikeldi,
Iki didäm gan möwjüni äkeldi.
Gijäň ýary geldi hyýal goşunyň,
Ýogsa janym haýma-çadyr dikerdi.

* * *

Eý dilber, didämiň üstünde gelşik,
Uçduň sen gözümden dag-derýa aşyp.
Ýaş döküp, gaş kakyp, gözüm hem gitdi,
Ýaşdan ýollar boldy eleme-deşik.

* * *

Ýaradan Alladan islegim ynha,
Bolan, boljak şeýle zatlara Sen şa.
Şu ruhy hemişe öz hylwatyňda –
Zyýandan, zelelden goraýyp sakla!

* * *

Eý gepe gidegen, göz öňne getir,
«Du[44] – jismiň nyşany» bu sözüň nedir?!
Şek-şübhesiz bu älemiň içinde –
Birje zat bar, Hakdan gaýry zat ýokdur.

* * *

Ugurdaş gopmaga sabyrly adyň,
Maksada ýüzlendiň, gaýtardy badyň.
Sen hyjap – hakykat perdäň açmasaň,
Hakykatyň nury görünmez aýdyň.

* * *

Hak barlyk lybasy haçan ýyrtylar,
Ýüz ýagtysyn bermez müňläp pelteler.
Ýürek onuň nur çogundan elener,
Jan oň joşgun tolkunyndan ýelpener.

* * *

Ýürek yşk depderne seretdi siňe,
Dözdi yşk derdine laýygy diňe.
Seniň ýüzüň görk üstüne görk goşdy,
Meň ýüregim bolsa yşk joşdy saňa.

* * *

Ýa, Rebbim, eýleme sen bizi ryswa,
Ömür şeýle kelte, günämiz – bisýar.
Sen bize däl, biz-ä – Seniň mätäjiň,
Ryskymyz özgäniň duluna basma!

---

[44] Du – iki.

* * *

Yşk mukamyn çaldy udda[45] meň kalbym,
Başdan–aýagyma yşk boldy şol gün.
Ähtimden dönmerin, ýöne gorkym bar:
Yşkyň ödäp bilmen ýekeje salkyn.

* * *

Hanjara sünjülmek kynmyşyn ne çün,
Maksat başsyz goýsa, ýaýraýjak geçim.
Kapyryň kastynda küküräp ýörsüň,
Gazy senmi? Kapyryň men – urşujym.

* * *

Zülpi bir küpürlik, iman dökülýär,
Gözünden arassa asman pürkülýär.
Käkilik deý näzli bakyp ýörände,
On iki synam bogun-bogun sökülýär.

* * *

Dini-dessurlarymyz yşk bolýandyr,
Ýorgan-u ýassygymyz yşk bolýandyr.
Alla Päkdir husny-jemal hoş gunça,
Yşkly ýürek bir üýtgeşik bolýandyr.

* * *

Il dergäh gapyňda, eý, Päk Ýaradan,
Damja suwuň gutarýar gam-ýaradan.
Bir gysym topragy suwar-da goýber,
Keremiňe bulut mirap per eder.

---

[45] Ud – saz guraly.

* * *

Mätäçlik topragy, yşk etek baýlyk,
Hapany, tämizi bir ýerde duýmak.
Jilwe berýän, jilwe görýän – yşkdyr,
Aşyk, magşuk – tutuş bir yşk diýmek.

* * *

Zülpleriňi sypan eli bagyşla,
Ýürek posun döken gözi nagyşla!
Ol göz Sensiz gana gapylyp galdy,
Ol el ýüregime çenelen daş-la!

* * *

Biri diýdi: – Hany mähirliň mähri?
Aýtdym: – Mesgeni ýüregmiň şähri.
Aýtdy: – Hany ýürek?
– Ýüregim onda.
– Ol nirde?
– Ýürekde – diýdim höwesli.

* * *

Men saňa: «Gözüňi tik» diýdim, köňül,
Ýaman ýola owsun atma, sen köňül!
Aşyk bolduň, halyňda hal galmady,
Toba et-de, gussa bat sen, eý köňül!

* * *

Arada wysal ýüp çözlemek müşgil,
Hijranda köňülden sözlemek müşgil.
Hem kyn, hem geň ýarym, Seniň baryňda,
Hem ýene ýoguňda ýazlamak müşgil.

* * *

Hanlar, begler bilen aşnalyk müşgil.
Çarhy pelek bilen öçlülik müşgil.
Janyňdan, jahandan el üzmek aňsat,
Kalbym, ýalňyzlyga çaknyşmak müşgil.

* * *

Gussaly köňlümden a:t ogryňdyryn,
Il-günüň huşundan ýat ogryňdyryn.
Arzuw gulp astynda, gözýaşym ýeňim –
Süpürýär, gygyrýar: «Dat, ogryňdyryn».

* * *

Sen – toprakmy, men şol topragyň tozy,
Her zerräm päkligiň nazar-nyýazy.
Gam aýlanmaz, köwlenmez sen tarapdan,
Gamgyn köňlüm Seni eýlärmi razy?!

* * *

Dostlar, Ýar gözüne bigäne boldum,
Barlykdan ýokluga rowana boldum.
Lam-jim öçdüm, diňlemedi sözümi,
Aklym alga almaz, diwana boldum.

* * *

Maňa at berdiler haşly-haşamly,
Posdur içki dünýäm kimir-kirşenli.
Içimi daşyma bir çöwürseler,
Otlarlar ýakan deý hapa-haşaly.

* * *

Badyhowalykdan kändir towakgam,
Jiger ganym boldy köldür bulaklar.
Gamdan halas etjek işsizlik işi,
Ýatdym rahatlygy başa çolaplar.

* * *

Men barkam, urnaryn seniň ugruňda,
Durna düşlär, garawuly dur onda.
Bagtyýar Senli – men, öläýsem eger –
Durkuňda däl, dirikäm-ä nuruňda.

* * *

Agşam ýar köýüne aýlanyp ýö:rdüm,
Nämä sergezdan men, oýlanyp ýö:rdüm.
Ýalan wadasyna gurbandym-gurban,
Intizar çaňyna bulanyp ýö:rdüm.

* * *

Ýeke-täkligiňe bar ynam-iman,
Lebim – gury, gözüm – nemli bigüman.
Jahanyň bahasyz zadyndan şular,
Mende bary şular, ine, men aman.

* * *

Men – Dakýanus genji, ajap hem gizlin,
Men – çyra şemi men, görünýän gizlin.
Bu çemende çyn diýsem, men – leýlisaç,
Näzli ösýändirin, başaşak gözgyn.

* * *

Pisden gorkma, etmen köýüňe seýran.
Il tagna etmezmi söhbetim haýran?
Hyrçymy dişledim, otura boldum,
Neçüýn arzuwyňa ýetip bilmeýän?!

* * *

Çeşmiň barka, terje nerkes islemen,
Lebiň – köwser, köwser suwun dilemen.
Hydyr Sensiz hödür etse köwseri,
Sensiz kapyr bolup, lebim öllemen.

* * *

Yşgymy yns-jynsdan gizläp nädeýin,
Dert agdyk, dermany yzlap nädeýin?
Men waz geçdim, kalbym – kebelek Saňa,
Jigersiz, bagyrsyz bozlap nädeýin?

* * *

Şatlykda, gaýgyda Seni görýärin,
Kenaryny sypaýşy deý derýanyň.
Eý, dost, endigimdir Seni ýatlamak,
Nirä baksam, Seniň keşbiň bir ýanym.

* * *

Arzuwlaýan ne bag, ne bossan keşbin,
Ne serwi, ne-de gül, ne-de bir jasmin.
Taňrym dünýäň bir künjünde oturtsa,
Bolsa ýanymda dost, ýüregi has giň.

* * *

Öten agşam nesim[46] gül getirendir,
Kümüş ýapraga hat setirlenipdir.
Sahawatly hüý-häsiýet ornaşyp,
Ýaprak ýagşy täsin atyrlanypdyr.

* * *

Iki gaş aradan gara zülp gaýdan,
Ak ýüzünde elip bezegi didäň.
Ýok, bu mugjyzadyr[47], ýeke barmakdyr,
Pygamberiň Aýa «Sen bölün!» aýdan.

* * *

Töwerek halkada sabyr – biz, anyk,
Gulagy halkaly bendäň dur ýanyp.
Eger bizi ezizleseň oýanýas,
Eger döşden itseň, çydaýas dymyp.

* * *

Bolsak-da bihabar öz işimizden,
Bihuda, gülzara synçy däl hiç hem.
Kitap gyrasynyň nokady deýin,
Derkar bolmasagam, däldiris bikär.

* * *

Haýp, gamymyzda ahyret ýokdur,
Pakyryk – köýnegmiz, derwüş dost ýokdur.
Gopbamlygyň, men-menligiň sebäbi,
Nesibä, kysmata kanagat ýokdur.

---

[46] Nesim – ýel, şemal.
[47] Mugjyza – adatdan daşary geň zat, ýagdaý, keramat, gudrat.

* * *

Saňa tarap gözde ýaş bolup ýöräp,
Gelýän isleg bada daş bolup ýöräp.
Aýralyk günleri sowulyp barýar,
Gelýän aýak däl-de, baş bolup ýöräp.

* * *

Meýhanaň meý-şerbedi biz bolaly,
Ýüz ýok, aman-nurbaty biz bolaly!
Sen erbediň erbedini görýärsiň,
Şolaryň iň erbedi biz bolaly.

* * *

Ýeke arpa däne tapylaýsa hoş,
Saçagymyz gölä ýapylaýsa hoş.
Gaýyp aşhanadan ýagyp dur tagam –
Ham[48] tagam hallanlap çekilmese hoş.

* * *

Magşugymy, öý-öwzarym ýitirdi,
Akyl lybasymy tüýtdi oturdy.
Nesihatçym geldi mejnun ýüregme,
Diwanalyk meni nirä ýetirdi?!

* * *

Ol ikiýüzlini «kybla» saýýarys,
Müşk ysly zülpüni «iman» bilýäris.
Ýok Dildarda bize ýagşy garaýyş,
Täleýmizi örän ýagşy duýýarys.

---

[48] Ham – çig, bişmedik.

* * *

Ýaradan Züljelal, Baky Rahmanym,
Ýola salyjy Sen gaýtgyn ykbalym.
Duşmanlarym meniň tabynym bolsun,
Birehimler menden tapsyn lukmanyn!

* * *

Barlyk – tolkun atýan deňiz deý göz gap,
Möwjünde başga zat durmaýar gozgap.
Üstünde gam her tarapa çapanda,
Ummanlar ýatýarlar ýuwaş usurgap.

* * *

Meýdanyň daşyna salýaň nazary,
Munda bar şir demi, pilleň ýarasy.
Bu meýdanda janyn goýan ol äre –
Görünmezmi soltan galaň garasy?!

* * *

Otparaz kowmunda perýad-u pygan,
Meýhora meýinden ne at, ne nyşan.
Onuň şeýle syrly gizlenmesi hem –
Pany bendesine bolandyr pynhan.

* * *

Barlygyň içinde gizlin sypaty,
Barçany bişirdi misli çapady.
Her zat kabul edýän barlyk waspyny –
Ukybyna görä dogry okady.

* * *

Dost derdi jana jeň, düşäýseň ele,
Gamy jan harmanyň sowurýar ýele.
Gözleginde gapy-gapy, köýme-köý,
Ýürekde gol saldy bu jan gerdene.

* * *

Derdimden dert bilmez başym sämedi,
Ony aýdar gözýaş, bagrym nalasy.
Ähli göwher-dürüm talaňa düşdi,
Düzüm-düzüm göwher-dürüm nämedi?!

* * *

Hiç kimi aýamaz, dünýäň boş gaby,
Ne ata, ne ogul, goýmaz kimsäni.
Başarsaň, ömrüňi takatda ötür,
Seret, pelek ne eýledi başgany?!

* * *

Dat, olaryň gije deý tün ýüzünden,
Gara kömür deýin gije gözünden.
Ilkagşamdan başlap, daň agarýança,
Raks-tans oýnarlar, çeňçi özümden.

* * *

Baka bilmen ýüzüň nikapsyz bolsa,
Görküň dokundyrmaz hyjapsyz bolsa.
Gün gyzaryp dogmaz, gyzaryp ýaşmaz,
Eger öz görkünden ejapsyz bolsa.

* * *

Aýtdym gülruha: «Eý, gunça dahan,
Gunça deý örtünme, beýgeler bahaň».
Ol hem diýdi: «Jahan görk seresine,
Perdede aýan men, perdesiz pynhan».

* * *

Bosagaňda biter dünýä gençleri,
Seniň lutpuň sebäbidir dynçlygyň.
Alla bereketi baky nur saçsyn,
Jahan üçeginden baýdak täçleri!

* * *

Ylahy syr örtülendir, dost munda,
Dirilik suw akýar ýeriň astynda.
Deňizde balyklar kowçumma-kowçum,
Deňiz pynhan, balyklar oň kastynda.

* * *

Hoş söz aýdyp, asla mende dynym ýok,
Süýji ýaňramakdan meniň arym ýok.
Amal – kyn, maslahat – itiň aňsady,
Aňsadym köp, arman, meniň kynym ýok.

* * *

Olaryň ylmynda Hak boldy beýan,
Haýyr-şerli dünýä gözlere aýan.
Dolananda älem, älemdäkiler,
Hakyň ylmyn alar, tur, senem oýan!

* * *

Ne peýda oturmak öýde keserip,
Synyňdan ýapyşsam bada esedip.
Etegiňe elim ýeten dessine,
Aýryp bolmaz gollarymy hem kesip.

* * *

Gulzum derýasyna bir köpri çek sen.
Gerdiş ýolun Pelek, ýyldyza dak sen!
Ýylan, içýan dişin saraplar taşla,
Çelek agzyn bogup bolmaýşy hak söz.

* * *

Lebiň kalba ýalkym salyjy bolsa,
Meniň işim hasrat kylyjy bolsa.
Sen: «Bir gün öýüňe gelerin!» diýdiň,
Haýsy gün, wah, şony biliji bolsa!

* * *

Hanjara sünjülmek kynmyşyn ne çün,
Maksat başsyz goýsa, ýaýraýjak geçim.
Kapyryň kastynda küküräp ýörsüň,
Gazy[49] senmi, kapyryň – men, urşyjym.

* * *

Dünýä hallan atma, boşdur deregi,
Oňa bir pursat hem ýakma ýüregi.
Jahan – hiç, biz hem – hiç, gam-u şatlyk – hiç,
Hiç zada gamlanmaň barmy geregi?!

[49] Gazy – din ugrunda söweşiji.

* * *

Ýa Rep, onuň näz ukusy islegi,
Pähimli et, örtär husun mesligi.
Ýa-ha bilmeýänin bilmesin, hoşmy,
Ýa halyny hal et, bilsin aslyny.

* * *

Diňle meni od-u elemme görä,
Dünýä bir sergezdan gelenme görä.
Meni men hasaplap, ýagşylyk etme,
Sahawat eýläwer keremňe görä!

* * *

Dokuz-on ýürekli – güm et hemmesin,
Barlyk serraby bol, goý il bilmesin!
Bir gün säher Dost gapysyn sübsele,
Dilegiň bitmese, şonda et göwün.

* * *

Gapymyzda dostluk eden ganymat,
Bizden özge zadyň baryn aňry at.
Bir gün gapymyza säher wagty gel,
Iş oňmasa, şonda göwün-kine et.

* * *

Eý, nala, nämeler nama etjek maňa,
Ol – serhoş, nämeler aýtjak oňa.
Dostluk eli, meniň elimden tut sen,
Ýar şerigat ruhy, bulamaz çaňa.

* * *

Lebiň maňa agşam aýdanda syry,
Diliň birden-birden ýitirýär ugry.
Sözüň ýakasyndan kim çykardy baş,
Neýlärkäm sözlerniň etegi dary?!

* * *

Ýürek ne-hä aly bilýär, ne beri.
«Sen, sen» diýýär gara gan kalp damary.
Wysalyňa aşyk, dert çekendirin,
Hiç kimsäniň ýokdur mundan habary.

* * *

Jigere ýolumy näzden talap et,
Püre-pür gam käse, sözden talap et!
Urmasyny goýsa, bir gün ýüregim,
Janymyň hununy gözden talap et!

* * *

Eý, meni görmegi a:r edýän, Janhor,
Tenimde mähiriň aýlanýar pynhan.
Islegim, arkaňa daňsynlar eliň,
Müň jan aldyň, maňa ýapjakmy, ganhor?!

* * *

Syr dünýäni ne sen bilýäň, ne-de men,
Muammany[50] ne sen bilýäň, ne-de men!
Perdäň aňyrsynda söhbet gyzyşdy,
Perde gaçsa, ne sen galýaň, ne-de men.

---

[50] Muamma – syrly tapmaça.

* * *

Pynhan otly köňle bir şugla nyşan,
Jan gowgasy möwjän deňiz – gyzyşan.
Diýme sözüň itler oýnan ýorunja,
Gepimden bäş beter özüm perişan.

* * *

Aýna deý bu Pelek jepadan geçem,
Pislere bu Pelek berýändir meçew.
Ýürek – gan, didäm – gan, pyýala men – gan,
Men munça ganlary her demde içem.

* * *

Köňlüm – gowga, gussam pelek-älemdir,
Gözüm– ýaşly, Jeýhun haýran galandyr.
Özüm – lagşan, şuglam harman-harmandyr,
Her bir şugla müň Kap dagy bolandyr.

* * *

Dady-perýat mawy Pelek elinden,
Jiger bagrym para jebir golundan.
Günde müň gam bilen ýetýän agşama,
Diýýän: «Pelek ne çykarar perdeden?!»

* * *

Nurana nazaryň sümmül, elbetde,
Men bir “kah-kah” urýan bilbil, elbetde.
Gülden ören maýsany müň synadym,
Sen maýsadan dörän bir gül, elbetde!

* * *

Çyn aýnasy bolsa Pelek gümmezi,
Polat tagta dönse älemiň ýüzi.
Kemelmeýär seniň rysgyňdan hiç zat,
Allam paýly edýär nygmatdan bizi.

* * *

Mertebäň, sypatyň nogsanlykdan päk,
Sen hakda soraga orun ýokdur hak.
Akyl göz gözlände, zatlar Senden daş,
Hakyky bakaňda, Sen bar – Ýeke-Täk.

* * *

Pygamberler pygamberin nagyşla,
Bedr, Hüneýn söweşleri Güneş deý.
Ýa Rep, magşar güni günäm iki böl,
Hasan jana, Hüseýin jana bagyşla!

* * *

Gulak asyň, eý «hüw» diýýän dost-ýarym,
Mertlik ediň, köki bolup ygraryň.
Birek-birekden Siz öwürmäň ýüzi,
Ok gelse-de, iki bölüp saç taryn.

* * *

Dilber, ýüzüň aýna berendir ýalkym,
Seň ýüzüňsiz aýna görmedi halkym.
Ýok, ýok, barça aýna görk paýlamaga,
Mähir eçilmäge gelensiň galkyp.

* * *

Janym bosagaňa sadaka kylsam,
Perman ber, kirpikde ýöräpler gelsem.
Seň wysalyň aýdýar: «Sen kellämde ýok».
«Kelläňde bolmadyk baş sersiz galsyn!»

* * *

Eý, Turuň şöhlesi, Tur – nur püre-pür,
Gudrat damjasyna Mansur mes bu bir.
Naz-nygmat, beýiklik gaýdýandyr Senden,
Sensiz – men ýok, mes ýok, serhoş ýok ömür.

* * *

Butparazyň dini güllese, Senden,
Musulmanyň ýoly talansa, Senden.
Küpürlik mendendir, yşk, zünnar –menden,
Ýürek – Senden, iman halansa Senden.

* * *

Ýaz sümmüli, gyýa ýaşyly Senden,
Gül ýüze gara zülp haşamy Senden.
Bikararyň ahy, gözýaşy Senden,
Şemal– Senden, ýagmyr-ýagyşy Senden.

* * *

Didäm – gan, ol gan ýagdyrýan bulutdyr,
Derman orna zäher bolan gantdyr.
Her pursatda mähnetkeş müň-müňleri,
Gamyň sersiz goýar, seni unutdyr.

* * *

Gamyň daş dideden damdyrýar ganlar,
Gamyň bilmez tanyş, nätanyş janlar.
Uludan dem alyp, noş etsem gamyň,
Menden soňra asla hiç kime galmaz.

* * *

Gamyň garry-ýaşa şüweleň ýaly,
Ähli ýüreklerem bolsun şuň ýaly.
Men gamyň zerarly toprak älemde
Ykmanda-sergezdan tüweleý ýaly.

* * *

Käbeparaz, durma kineli dymyp,
Synçy synlar, dine perwaz biz anyk.
Şeýle derýalar bar, düýbi görnüp dur,
Ýöne oňa ýetip bolmaýar çümüp.

* * *

Eý, şem, bu ýüregim kamat ölçegi,
Wysalyň – ezilen bendäň geljegi.
Ýüregim aýna deý doldy keşbiňden,
Seň gözüňden saňa bakýan, Sençemi?!

* * *

Köňlümiň jöwheri – özeni Sensiň,
Baş – söwdam, aklymyň syzany – Sensiň.
Ykbalyma siňe-siňe seretdim,
Şu gün – güzer, ertäm – nazary Sensiň!

* * *

Pikirim – ýürekde, jandaky keşbiň,
Sensiň din-u, dünýädäki bar yşgym.
Hemmä – hemdemligim, ýalňyzlygym – Sen,
Sen – mejlis hoşlugym, ýekelik rysgym!

* * *

Uzak gije ah çekýärin men sensiz,
Näz ukuda ýatyň sen üýnsüz-sessiz.
Ara daş, aýralyk, ah çekýärin men,
Ýalňyz, ýeke-täk men, sensiz höwessiz.

* * *

Zülpün çekseň, öňden müň gije çykar,
Göýberseň – müň jeňňel alnyňda çöker.
Açsaň towlam-towlam burumlaryny,
Älem-älem müşki-anbarlar kükär.

* * *

Yşkdan ejiz geler şirdir ýolbarsam,
Näme hakda aýtsaň, üstün ondanam.
Yşk gazaba tutsa, mähriň artdyrýar,
Dostlugynda gan ysgadar dembe-dem.

* * *

Ýüzüň günparazlaň maksady seniň,
Gyýma gaş – mähraby jahan ähliniň.
Lebiň pakyrlaryň şatlyk çeşmesi,
Saçlaryň perişan tary kalplaryň.

* * *

Başym bulam-bujar, kalbym elekdir,
Rehimsiz köseýän çarhy pelekdir.
Gaýgy-gam leşgeri dyngysyz çozar,
Bular hiç, ýar gaşy ysgyn alypdyr.

* * *

Seniň durkuň ula-kiçä haýrandyr,
Hyzmat dergähiňe diller saýrandyr.
Keseli Sen berýäň, şypany Özüň,
Kerem bilen al-ber, bendäň birýandyr.

* * *

Öz köýüňde maňa mesgen, penagäh,
Öz wysal toýuňda berdiň hanagäh.
Soňra ýüz dürli näz-kereşme bilen,
Aşyk etdiň, başa – sähra aramgäh[51].

* * *

Ine, dostuň köňli, ýoluň belle, goý,
Kerwenbaşym, ýolagçyny ýolda goý!
Asman gara reňki nämä ýaratjak –
Päliň päkle, don geý, başa selle goý!

* * *

Umyt eder takwa kişi her demde,
Günä çümen meýhor mydam gorkuda.
Bu hasap bulaşar öýdüp otyryn,
Otyryn men aýdylan deý Burkuda.

---

51 Aramgäh – gubur, mazar.

* * *

Zahyt-takwa, metjit, kelisedemi,
Ýerliksizdir onuň ähli edeni.
Ylym ýokmy, etmedigi– eden deý,
Etmedik deý– edeniniň tamamy.

* * *

Läle reňkli gözýaşymy dökenim,
Kirpikde gan bolan kyrk bäş nökerim.
Gan öýen ýüregim Seni synlaýar,
Gursak ýyrtygyndan saňa bakanym.

* * *

Ne eselýär, ne peselýär bu deňiz,
Möwçler ýanyna geler-giderem.
Älem ybaratdyr iki tolkundan,
Iki jahan däl ol, baky bir Kerem.

* * *

«Dar dere derwüşi» diýerler bizi,
Höregmiz kä tötek, kä berre guzy.
Danalardyr saýlantgylar bilýärler:
«Ters bakanyň terse öwrüler ýüzi».

* * *

Zyýan doly jahan pikrin etme, gel,
Janyň gussasyndan çek hany sen el.
Senden alyp boljak zat şu göwredir,
Gama gitme, ol-a bir üýşmek zibil.

* * *

Aw yzynda algyrdyrys hemmämiz,
Nebis, nebsewürlik bükdi bilimiz.
Eger işlermizden syrylsa perde,
Diňe günä bolar ähli ýükümüz.

* * *

Gam neşteri sabyr, hyjap goýmady,
Bar-ýok ähli derdim gorjap doýmady.
Gije – tüm, ýar – uzak, ýakyn syrdaş – ýok,
Bu hijran ynsan ýa gurjak goýmady.

* * *

Bulut – daýhan, ondan jöwenek-jala,
Mejnunyň çölünde gögerer läle.
Köňül – sopudandyr, hüýr-gyz – takwaňky,
Bizden – köňül, ondan ýaýraýan nala.

* * *

Senemim bar, ýüzi ýanyp durandyr,
Dünýä harmanyndan gözün ýumandyr.
Ol – özgäň aşygy, men bolsa Onuň,
Ol perwana sypat ýakyp-gowrandyr.

* * *

Men bir ýüreginde ot ýanandyryn,
Dünýä harmanyndan göz ýumandyryn.
Daş ataşa döndüm wepa ýolunda,
Belki, Seň daňyňa ýanyp ýeterin.

* * *

Ähli zatdan bolsaň barlyk goparjak,
Bolma hak zat üçin asla çak urjak.
Git-de, meýiň ýanyna bar, bir seret,
Meýe öwrüler meý üstünde köpürjik.

* * *

Ýa asyryň belent-pesin saýgyla,
Zamanaň tikenne sübsäňi aýla!
Haçana çen gaýtalanar şol bir zat,
Turuzýaň, çökerýäň, oýnaýaň beýle.

* * *

Pelek – boýnyýogyn, ýençgile ony,
Zamana tikenni süpür sen göni.
Rebbim, aç gözlerden ýürek owuldy,
Bulam-bujar boluş har eder meni.

* * *

Göz-görtele dil ujundan etdiň äht,
Ýüz öý doly buty döwmän goýduň nagt.
Birje şaýatlygňa[52] halaslyk barmy,
Bu gün serhoş, erte humar, ýatladýan.

* * *

Bolsa ähli gamlar pelegiň paýy,
Sabrym hem bolsady gussamyň taýy.
Gam özeni ömür deý kem bolsady,
Ýa ömre deň bolsa gamyň mukdary.

---

52 Şaýatlyk – bu ýerde kelemeýi şahadat göz önünde tutulýar.

* * *

Zülpüň ýetdi müşk çeşmesi deňine,
Ýeňişlim, girip sen gözleg jeňine.
Eý, ataş, buz wagtyň saňa çoýundyk,
Waý, seniň tutaşyp ýanýan günüňe!

* * *

Eý, Allanyň şiri, eý Emir Haýdar,
Saňa tabyn boldy ol gala Haýbar.
Açawer bent bolan umyt gapymy,
Sendedir Zülpükar, Sendedir Gammar!

* * *

Iki älem duzak, ýalňyz galan men,
Anka sypat, belent hümmet alan men.
Özün tapman, çöle çykan diwana,
Boýdan-başa söýgä çürşüp solan men.

* * *

Şemiň[53] töweregne tüsse[54] getiren,
Buýr-bulaşyk sakgal bilen oturan.
Bu hat[55] ahymyza jogap bolsa, giç,
Ganymyzdan bolsa, sen iş bitiren.

* * *

Yns-jynsyň eýesi, Beýik häkimi,
Kör ýolagçyň tutýaň üşük ýüküni.
Umyt dergähiňe bilim baglaýan
Men nadana açawergin gapyňy!

[53] Bu ýerde ýüz, görk göz öňünde tutulýar.
[54] Bu ýerde sakgal göz öňünde tutulýar.
[55] Bu ýerde hem sakgal göz öňünde tutulýar.

* * *

Aýagym ýok huzuryňa eltere,
Elim ýokdur miwäň üzüp, artara.
Keç kysmata aglamaga gözüm ýok,
Ýüzüm ýok säherler tozlar sürtere.

* * *

Horaz bary bezeg bermiş bu daňa,
Gygyrýar gaflaty garyplar çaňa.
Näme bu, ömrüňiň bir güni geçdi,
Gaflatdaky bende, mälim däl saňa.

* * *

Zatyň älem zatlarynda rowandyr,
Waspyň görk gülşene görmek berýändir.
Tarypyň özüň deý gepsiz-gürrüňsiz,
Özgeleň sypaty duşaksyz däldir.

* * *

Üýn-ybratsyz alymmysyň sen-de bir,
Akyşyňy üýtgetmeseň günde müň.
Düňderilýän däli-mejnun Jeýhunda,
Bir syr bardyr, bar hakykat şondadyr.

* * *

Kerimsiň Sen, Gapbarsyň Sen, eý, Rebbim,
Rahmansyň Sen, Rahymsyň Sen eý, Rebbim!
Ýazykly bendäňi salmawer gözden,
Rehim Senden, rehmet Senden, eý, Rebbim!

* * *

Müň kitaby ýatdan bilmegiň jady,
Kapyr nebsiň ýatyrýandyr bar bady.
Namaz diýip başyň ýere goýýarsyň,
Ondan ýere ur sen serdäki zady.

* * *

Eý şem, sensiň meniň ýanyşda nusgam,
Sende bar ereýip gutaryş kyssam.
Hijran agşamymdan habarlysyň sen,
Eýsem, aýanmydyr gündizki gussam?!

* * *

Gülaba ýuwulan külmüdir ýüzüň,
Müşk-anbar şöhleli saçlaryň-näziň.
Mygyllykly kyýamatyň meýdany
ýaly äpet hem gowgaly Seň Özüň.

* * *

Kalby sap tut, Hudaý – tämize arka,
Hakdan habarsyz kalp ýýarylsyn darka.
Diňe «Alla» diýen zahyt- takwanyň,
Eli synyn tutar Allanyň şarpa.

* * *

Dosta jan ber, boş goşuňy äkitme,
Dert berseler, derman keşgi äkitme.
Dertsiz çagyň dost derdine naladyň,
Dertlileriň haýyşyny äkitme.

* * *

Sen ýürek ogrusy, şonda hem ýagşy,
Gamdan daş, dogrusy, şonda hem ýagşy.
Men sensiz müň gije gam içre ýatdym,
Sen – men – menli, ýöne şonda hem ýagşy.

* * *

Eý sen Şahymerdan, sen – Alla şiri,
Murhaby öldüren, alan Haýbary.
Hendek gazan – sensiň, gulamyň gora!
Horlamasyn meni zaman pisleri!

* * *

Ýa Pelegiň guýma zynjyryn syndyr,
Ýa kesir zamana keremiň indir!
Bu gursakdan gat-gat asmana uçan,
Gamçydyr, şaldyrdyr, okdur, peýkamdyr.

* * *

Sen orun tutupsyň il kellesinde,
Güýjüň duýýan her bir dem gelmesinde.
Meni satma, juda azat hem etme,
Ýalňyz Hudaýym bar, bende kän Sende.

* * *

Şäher şöhratlysy – şäher şerçisi,
Öýünde güýlünen was-was jerçisi.
Gowusy Hydyr bol, ýogsa-da Ylýas,
Tanalma, tanajak bolma her kesi!

* * *

Jemagatdan geçen, serlige ýeter,
Öz köňlüni ýykan, nerlige ýeter.
Dost ýolunda sepil-sergezdan bolgun,
Ezýet çekmedikler harlyga ýeter.

* * *

Käte sen Leýliniň saç daraýjysy,
Kä Mejnun seriniň iş guraýjysy.
Kä aýna jemally Ýusup sen, Ýusup,
Käte Züleýhanyň ataş oljasy.

* * *

Jan näme? Ol – gama eýlenen bagt.
Ýürek näme? Otly, közli ezmaýyş.
Sap-sap bolup düzülmeli gün geler,
Bir ýanyň ölümdir, bir ýan ýaşaýyş.

* * *

Altyn gapyly hem, garyp çatmalam,
Huzuryňda iki jahan çöp-çalam.
Barçany aklasaň kereminň bilen,
Bagyşlarsyň ýeke gysym ak gumam.

* * *

Özüňi taryplap göriplik bilen,
Ötmez mata satma aryplyk bilen.
Sen – ýok, derde galýaň bardyryn öýdüp,
Sen bozuk boş hyýal, pasyklyk galaň.

* * *

Danalyk şerabyn süzüji köňül,
Seniň barlygyňa düşer bir dowul.
Gaflat deňze, arzuw köle gark bolma,
Betnamlykdan, hapa höwesden ýuwul!

* * *

Bag gülünden seni ýatlap ys gopdy,
Seniň senaň bilbillerde bäs gopdy.
Daglar bilen derdiň hakda syrlaşdym,
Her bir daşdan zaryn nala, ses gopdy.

* * *

Çekmeliňdir bir ýüregiň keşigi,
Bir ýürege ýarlyk – merdiň işi bu.
Hiç haçan ynjytma, eger ynjytsaň,
«Jiger ýakmak – iki jahan hoşy bu».

* * *

Derdiňden göz barmy, aýt ahyr, nemsiz,
Barça ýüreklerde gamyň bar kemsiz.
Seniň nähoşlygyň bizi ýok eder,
Ömür – sebäp, derdiň duşmasyn emsiz.

* * *

Bu ganhor çöl başsyz-aýaksyz ýakýar,
Hasrat, umytsyzlyk gamyny ekýär.
Seniň isleg jülgäň mähnetkeşleri
Hijran çekýär, ajal alarlyp bakýar.

* * *

Ýürekde seň gamyň, ýogsa satardym,
Gözümde seň keşbiň, ýogsa çatardym.
Ýürek – seň menziliň, ýogsa ýüz gezek
ýüzärlik deý tütederdim, ýakrdym.

* * *

Ganatym bolsady, uçar guş deýin,
Günde habaryňy alyp gideýin.
Duş gelmesem eger bu bela beýle,
Gözüm didaryňa dikip gezeýin.

* * *

Ýemende men – ýanyňda men, ýanyňda,
Ýanyňda men, onda Ýemen ýalan-da!
Men-ä – sen, senem – men, eý, Ýemen gyzy,
Sen nämeler görýäň ham-hyýalyňda?!

* * *

Ýaranlar dil açyp aýtmady nutuk,
Soltanyň gazabna özgäni itip.
Bizi urup, guýy başyna barýaň,
«Lähawle»[56] diýipler, ýüregňi tutup.

* * *

Ýer, gök, deňiz haýran onuň bolşuna,
Soltanyň gazaby gelmez gelşige.
Ýa Rebbim, rehmiňi wasp ede bilmen,
Haýranlyk, nadanlyk durkum durşuna.

---

[56] Lähawle we lä kuwwate illä billäh – Alladan başga hiç kimde güýç-kuwwat ýokdur.

* * *

Bir ýagdaýda saňa salmasa kölge,
Ikinji boluşda eýlär ol jilwe.
«Her gün her ýagdaýda» diýen sözden soň,
Alarlyk manyny algynyň alga.

* * *

Bir pursatlyk wepa ýokdur dünýäde,
Her pursat müň beýni baş ýarýar munda.
Bilseň, Taňry ony duşman saýandyr,
Hak duşmany dälsiň-dä, sen eýsem-de?!

* * *

Ýürekler nalasa nalany bilýäň,
Ganaty döwleniň halyny bilýäň.
Ýanan jigerlere diň salýarsyň Sen,
Geplemeýän lalyň dilini bilýäň.

* * *

Perişde syr döwüň eline düşdi,
Altyn teňňe gara pula çalyşdy.
Mertleriň şadyýan elin çarpmasy,
Gyrnaklaryň aýdym-sazyna düşdi.

* * *

«Mejlis wagty ýanmak üçin şeýle jaý,
Bolar inçelikleň haýsy göwnejaý?!»
Ýanandan, ýanmakdan sen, eý, bihabar,
Yşk bir gelýän zatdyr, öwrenmek bijaý.

* * *

Eý brahman, ýüzüň ne läleparaz?
On dört ýaşly ýüze çyndan biýr azar.
Eger Haky görýän gözüň ýok bolsa,
Günparaz[57] bol, bolma güwsalaparaz.

* * *

Gyzyl güle basyrnypdy Haweran,
Aşyk gözýaşy deý boldy dabara.
Jemal perdesini syranda Dostum,
Ahwaldan garaşdyk şeýle habara.

* * *

Guýa tarap itýäň sen bizi urup,
Eliň-ele urýaň «Lähawle» diýip.
Sütem eliň uzadýarsyň sen bize,
Bizi tün serhoşy, sakçysy öýdüp.

* * *

Haçana söz zülpi ýörjek daraklap,
Çawan peýkamyňy ýörjek derekläp.
Jak-jaklap gülerdiň manysyz gepe,
Dymmak ylmyn okan bolsaň waraklap.

* * *

Seniň umman deňziň aljyrany men,
Senden daşda,çyndan däljiräni men.
Ýetip bilerinmi Seniň gapyňa?!
Pynhanlygym – Sensiň, aýanlygyň – men.

[57] Günparaz – bu ýerde Dilberi söýüji bol diýmekligi aňladýar.

* * *

Eý, asmany bulutlardan doldurýan!
Gäwüre-de ýagşy nazary salýaň!
Olar ähli öýi harap eýledi,
Sabyr eýläp, Hakym, nä gijä galýaň?!

* * *

Bossan ýüzüň miwesidir gülüstan,
Lagyl durkuň – bagt, ýaşaýyş – dessan,
Ýer ýüzi jan – miwe getirer ýaly,
Gyzyl leb laglyny zamana islär.

* * *

Hakdan «weli» diýlen medet ber maňa!
Pygamberden uly wesýet bar saňa!
Elim boşdur, seniň kemremiň çäksiz,
Ýa, Murtaza Aly, ýetirgin daňa!

* * *

Höwesi, böwedi etmeseň biryan?
Ne ýüz bilen bu gün sen sejdä barýaň?!
Halaýyk, özüňi eýlemeseň terk,
Taýyndyr duzagy Latyň hem Uzzaň.

* * *

Pany wepasyny haçan görerkäň?
Pis-pasygy hemra neçün tutarkaň?!
Bir özüňki boljak ýara hemra bol
Müň emjekli dünýä emjek berýärkän.

* * *

Mestana gözüňe jan gerek ýarym,
Butparaz durkuňdan şu meň beklänim.
Eger-de ölsem men seniň eliňden,
«Eliň üzür islär»[58] diýip gorkýaryn.

* * *

Sada, agras hemem garyp meýdan men,
Boýnuýogyn, tekepbir sen, nadan sen.
Men ataşda otursamam çydaryn,
Sen çydaňok, götersem-de didämde.

* * *

Ýene bir dünýä bar tarypa laýyk,
Ol dowzah däl, jennetem däl, halaýyk!
Aşyklyk – baýlygmyz, «dünýä» diýýänmiz
Hoş «Gurhan» okamak, terkidünýälik.

* * *

Gel görersiň, meniň çyndan dilegim,
Uzak gijelerde ukusyzlygym.
Seniň aýralygyň diri goýjakmy,
Görer ýaly gelip meni sen bir gün?!

* * *

Aý gamaşdy wysal gözden bakaňda,
Gijämiz gysgaldy bizi ýalkaňda.
Urşup çykan gijäň men misgin bilen,
Parwin[59] ýelpäp çykdy göge çykanda.

[58] Üzür – ötünç.
[59] Parwin – ýyldyzyň ady.

* * *

Şahsyzlygy abraý goçuň-kelegiň,
Aýagna toz bolup her bir telegiň.
Doga bilen işimiz ýol almasa,
Üç talagy taýýar çarhypelegiň.

* * *

Seniň çöwgeniňde top bolandyr baş,
Permanyňdan kişi baş çykarmaz daş.
Daşymyz özümiz arlap-durladyk,
Içimiz eliňde, ony ýuwsaň hoş.

* * *

Merdi-merdanalar, eý medetkärim,
Gözläň Taňry ýolun tutmagyň tärin.
Şuwlap gelse, saç taryny ýarýan ok
Heran-haçan ýardan ýüz öwürmerin.

* * *

Seň köýüňde jan durýandyr bir arpa,
Müň düýeli kerwen, degýär bir arpa.
Äleme durýandyr wysal dänäň seň,
Biziň ýanymyzda jahan, gör, arpa.

* * *

Manyny sözden bir gözleme ynsan,
Däp-dessur, zynjyry oklaman bir ýan.
Nadanlyk derdine nämedir «Şypa?»[60]
«Nejat»[61] bolsa «Yşaratda»[62] däl eken.

[60] «Şypa» – Ibn Sinanyň eseriniň ady.
[61] «Nejat» (halas boluş) – Ibn Sinanyň eseriniň ady.
[62] «Yşarat» – Ibn Sinanyň eseriniň ady.

* * *

Dikilmezden ozal asman gümmezi,
Gök asman hem düzemäkä geň düzi.
Ukudaka ýokluk älem enesi,
Biz ýokkak, ýazdylar «söýgi» sözmüzi.

* * *

Ol Ülkere nur toruny atdylar,
Bu sebiti Jöwzaň bilne çatdylar.
Ýokluk äleminde mum ataşy deý,
Yşkyň müň sapakda maňa dakdylar.

* * *

Daşlar, çöpler döredilen çagynda,
Görkli serwiň ýaradylan çagynda.
Dälilik zynjyra güýlüngidim men,
Gepim ýazyldy soň Mejnun dabanna.

* * *

Çöller, daglar ýasalanda gatba-gat,
Serwi boýlar ýaradyldy sapma-sap.
Şol gün däliligiň zynjyryndadym,
Gürrüňim Mejnuna ýapdylar aňsat.

* * *

Haýranlyk zulmuna bolanlar ýesir,
Gaflat ukusyndan oýanmak isliýr.
Halas boljak bolgun sadyklyk bilen,
Yhlas seni nurlar nuruna ýetir.

* * *

Ýokluk awy bolsaň, özüňden daş sen,
Öz keşbiňe girseň, daňylarsyň sen.
Seň barlygyň – barýan ýoluň perdesi,
Özüňden geçdigiň oňalarsyň sen.

* * *

Ömrüň – salgym, bir pursatlyk aldawdyr,
Jebri-sütem eýgerene goldawdyr.
Meniň, seniň aslyň buýsançdan däldir
Toprakdyr, uçgundyr, şemaldyr, suwdur.

* * *

Dildaryň çapary geldi ýanyma,
Boş gelmedi, beýi goýdy hanyma.
Dildar beýisine sürtdüm ýüzümi,
Keselden saplandym, lezzet–janyma.

* * *

Alla arzuwyndan boş bolsa göwnüň,
Iki dünýe nurun görmez seň gözüň.
Bendelige goýgun gara başyňy,
Bihuda pikirden halas et özüň!

* * *

Aýtdym: «Seniň görküň şeýle bir gözel».
Öz-özüne diýdi: «Men soňsuz gazal,
Yşk men, aşyk men, magşuk men ýene –
Gözellik aýnasy, ýeke-täk ezel».

* * *

Aşyk bir dem gamsyz ýaşap bilmeýär,
Ýarsyz, diýarsyzlar gamsyz ylgaýar.
Bagtyýar ýar näze jan bagyş eýlän,
Hijran, wysal parhyna ol gelmeýär.

* * *

Isa demli tersa[63] dilber, Leýlimi,
Ýüregiňde bu ýan gelmek meýlimi?!
Käte nemli gözüm kepedip gidýäň,
Käte ölläp gidýäň kepän lebimi.

* * *

Tesbih – meleklere, sapa – behişde,
Ýüpek don – Jemşide, Kaýsar – hakana.
Dowzah – şumuň, jennet – ýagşyň mekany,
Janan – bize, jan ýaraşar Janana.

* * *

Höküm etseň, jahan–şan maňa näme,
Sudy-zyýan, aňsat-kyn maňa näme?!
Tagan– men, gazan– men atarsaň oda,
Senden perman gelse, jan maňa näme?!

* * *

Bar ýeriňde ýeň astyndan gözleýän,
Näpäk ýerde ýer astyndan gözleýäň.
Aşyk eýläp, bilmekçi sen syrymy,
Bu ýakymy her jismiňden gözleýän.

---

[63] Tersa – hristian, isaýy.

* * *

Sen ol elde aýna ýaly owadan,
Bu tarapdan bakdyň, çykdyň o ýandan.
Barlykdyr öýdüldiň, sen – şonuň özi,
Sen ony görmediň, şol şekil çyndan.

* * *

Hajaty bitirýän haýr-yhsan Sensiň,
Möhümmizi syzýan, buýurýan Sensiň!
Saňa ýürek syryn aýtmak ne derkar,
Syrlar hem pynhanlyk hazynam Sensiň!

* * *

Her bir synan göwnüň seýikçisi Sen,
Sen näçe, nähili, diýmekçisiz Sen.
Bar döwletim – Saňa bendeligimdir,
Taňrymsyň Sen, maňa eýleýäň kerem!

* * *

Subhanalla, gama çyn gamhor– Sensiň,
Subhanalla, işe ygtyýar– Sensiň!
Subhanalla, älem emriň bilendir,
Subhanalla, baky tagty bar – Sensiň!

* * *

Alla – Sen, bilýärsiň bar-ýok ünjim Sen,
Men bir bagtygara, ýol görkezjim Sen!
Kyrk gulaçlyk guýa gaçsa garynja,
Deminden habarly, çyn Bilijim Sen!

* * *

Sensiň baky galýan älem mülküňde,
Tün etegi säher Sensiz mümkin däl.
Men görgüliň işi bent bolup galdy,
Açyjysy Sen, – gulp-temmäň, kiltiň-de.

* * *

Köňül, dogry ýaşa, göni bat ýasa,
Ýolda sen özüňe ajalyň ýasa.
Yşka «durmuş» diýip bakmajak bolsaň,
Isleseň, öläý sen, isle-de – ýaşa!

* * *

Takwalykdan medet berseň imana,
Dini terk etmeklik endik bor jana.
Zahytlyk däl, terkidünýälik ýagşy,
Terkidünýäligi ündeýär dana.

* * *

Jismimize bu yşk baky gelipdir,
Aklymyza tanytman, ol bilipdir.
Oň nurundan anyklyk daň atypdyr,
Bagt – gutarýandyr garaňkylykdan.

* * *

Wepaly dost bilen syrlaşsam men beg,
Biwepadan daşlyk, belki, maňa ýeg.
Zamana şalygy galdyrýan zat,
Ondan biçärelik mülki maňa ýeg.

* * *

Ah, hijran odunda weýran boldum men,
Gam tupanda gagşap, girýan boldum men.
Köne dünýäň çarhlanan har-tikeni –
Meni parçalady, haýran boldum men.

* * *

Kitap syry bolar, bil, oba-oba,
Birin geçmän, giräýmersiň ol oba.
Söýgi ody tutaşmaz hiç ýöräňde,
Müň syr aç, soň eýle Hudaýa toba!

* * *

Jan dökülýär şirin sözliň lebinden,
Küpürlik pürkülýär perişan zülpden.
Sopy gadam goýsa küpür zülpüne,
Iman üste silkýär aýak tozundan.

* * *

Dert barmydyr, bardyr onuň dermany,
Yşkyň bardyr jananasy–gurbany.
Demsaýyn üýtgeýär jahanyň taby,
Bardyr aýlanmaga berýän permany.

* * *

Hak ýoly aýdyňdyr, bir geňsi bolar,
Dogry bolsaň, ýoluň çyn ýeňşi bolar.
Wepaly, ak ýürek bolup biläýseň,
Sen Onuňky borsuň, Ol seňki bolar.

* * *

Men bir günäkäriň, bagt guşuň nirde?
Men bir gyş, baharyň, kuýaşyň nirde?
Tagat-ybadata behişt wadaň bar,
Bu bir söwda, kerem-peşgeşiň nirde?!

* * *

Dowzah – kalp odunyň birje uçguny,
Jennet – kalp hazynaň birje joşguny.
Eý, köňlüm, baglanma behişt-dowzaha,
Sen Dost gamy bilen joşup-daşgyny.

* * *

Akyldan bihabar bir kezzap jandar
«Älem geçip barýan bir hyýal» aňlar.
Älemiň hemmesi bir hyýal, ýöne –
Hemişe onda bir çynlyk lowurdar.

* * *

Akyl hilesiniň etdik ählisin,
Aňar ýaly dilber ýolunyň ysyn.
Ýola düş, gözüň dik, ýar ýoly uzak,
Şonsuz tapyp bolmaz nigäriň ýolun.

* * *

Halallyk endigin döşüne dakan,
Il aýbyna ýagşy göz bilen bakan.
Il aýbyny görer aýyplyň gözi,
Içinde bolan zat küýzeden çykan.

* * *

«Ylah–yeke Alla» joşynda alym,
Dana: «Bu dostmy ýa duşman, nämälim?»
Möwji bardyr deňziň öz barlygyna,
Saman: «Çekeleşik– meniň ykbalym.»

* * *

Ýyldyzlaryň, pelekleriň ýok wagty,
Bu suw, howa, ot, topragyň ýok wagty.
Men Towhydyň sapagyny berýärdim,
Beden, ses hem bu sähranyň ýok wagty.

* * *

Baran ýeriň toý-dabara-şagalaň,
Ýok ýeriňde ýasa dolar bu älem.
Seniň bilen baky hemdemiň şady –
On doldurar ýer bilen gök aranam.

* * *

Anyk bil, çyn aşyk – musulman bolmaz,
Yşkyň mezhebinde hiç iman bolmaz.
Ýürek ýok, akyl ýok, ten ýok hem jan ýok,
Bu adam, belli bil, nadanam bolmaz.

* * *

Derwüş bolsaň eger toplama baýlyk!
Ne çagla göwnüňi, ne dagla ýürek!
Şatlansaň, Allanyň mülkünden şatlan,
O dünýe, bu dünýe zatdan peýda ýok.

* * *

Hak – elip, sen Ondan isle mededi,
Adam ata täk – Ahmedin idedi.
Alla: «Aýt, Ol Alla-Ýeke-Täk!» diýdi,
Ýerde sena aýtdy ynsan didesi.

* * *

Jana, biz pergaryň[64] nemunasy[65] biz,
Iki başly, ýöne bir göwreli biz.
Pergar kimin bir ok üste ýöreýäs,
Bir baş bolup birikmeli ahyr biz.

* * *

Kemlik ýa artyklyk derwüşe iş däl,
Saňa kelläň ýeke gyly bagyş däl.
Hem diniň, hem dünýäň yzynda sepil,
Dowzahda-da, behiştde-de derwüş däl.

* * *

Seň gamyňdan özge işlerme toba!
Seň gussaňdan başga gamlarma toba!
Ähli tobam saňa bagyş eýlärin,
Has uly tobanyň sozlanna toba!

* * *

Seniň gözüň barçalara göz çeşme,
Nursuz galar, kim Seň bilen erjeşse.
Nazaryny Saňa diken dideler –
Nuruňdan gansa-da, ýene-de teşne.

---

[64] Pergar – sirkul.
[65] Nemuna – nusga.

* * *

Köýüňde mesgeni beren dilberdiň,
Wysal bezimiňde maňa ýer berdiň.
Eger meni äkitseler dowzaha,
Dowzah odun salkyn çeşmä öwrerdiň.

* * *

Aşnalyk jan – hemmä ýeten şahadat,
Hijran, sütem zährin bermegiň – adat.
«Kim öldürdi?» diýýäň, meýdimi görüp,
«Niçik biwepa sen, biwepa sen, dat!»

* * *

Iki älem şasy derdimi dep et,
Ejiz hem perişan halyma nep et,
Eý, Allanyň şiri, ýetiş dadyma,
Barmaga gapym ýok, özüňden medet!

* * *

Gül ýüzüňden döndi dünýämiz hoşa,
Al şerap kalbymy tutdy ataşa.
Alty esse artdy ýeke şatlygym,
Hoşluk paýlaýjymyz, Sen hem şat ýaşa!

* * *

Pelek, gije-gündiz, tutup sen terse,
Bahar – hoş, gerekmi gyş diýen närse?!
Gara ýer ýuwutdy jahan mertlerin,
Namardy çykardyň bir belent kürsä.

* * *

Bir ýandan nigärim açdy nikaby,
Säher hem göterdi ýüzden hyjaby.
Bir tarapym – kuýaş, bir ýanymam – Aý,
Bu kyýamat, hany bulaň ejaby?!

* * *

Bir derdim bar ýüregime dag basan,
Bir yşkym bar, neýleý giryan aglasam?!
– Ol yşk ne yşk? – Ol älemiň ýakymy.
– Ol dert ne dert? – Dermanyny aňmadym.

* * *

Eý, göwher gözleýji, käne bar, käne,
Dirimiň, wysal tap, jany ber jana!
«Gözlenýän ähli zat – Ondadyr Onda,
Gulagyňy germe başga bir ýana!»

* * *

Dertlileriň derman- emini Bilýän,
Gussaly ýüregiň gamyny Bilýän!
Ýüregmiň halyny niçik aýdaýyn,
Aýtmasyzdan, takyk Sen ony bilýäň!

* * *

Ýürekler nalasa, nalany bilýäň,
Ganaty döwleniň halyny bilýäň.
Ýanan jigerlere diň salýarsyň Sen,
Geplemeýän lalyň dilini bilýäň!

* * *

Ylym bilen amal Seniň deregiň,
Ine, şular iki dünýä diregiň.
«Bir warak okadym» diýip buýsanma,
Seresap bol, agdararlar waragyň!

* * *

Çüýrük ömrümizden birje bi:l pelek,
Ganly gözýaşymdan bir nyşan bulak.
Dowzah – ahymyzdan ýekeje uçgun,
Jennet – wagtymyzdan ýekeje gulpak.

* * *

Ybadat eýesi, mätäçlik çekmän,
Patyşany, baýy, derwüşi saklan.
Karzymy ýetirgin bol hazynaňdan,
Ýa keremiň joş-da, baýlyga okla!

* * *

Eger müň Käbäni abat eýleseň,
Ondan birje köňli awla, neýleseň!
Müňde bir bendäni azady kylman,
Hoş söz bilen birin bendä aýlasaň.

* * *

Gözlerimden ýakut döksem, çäräň ne,
Paýyňa merjenler eksem, çäräň ne?!
Barçalardan gaçyp, bardym ýanyňa,
Senden gaçyp, Saňa eňsem, çäräň ne?!

* * *

Eý, köňül, ol al ýaňaga per etsem,
Älem tozun görýäň oňa seretseň.
Buýsanma görküňe, aýna az bakgyn,
Aýna bol, özgeler saňa seretsin!

* * *

Uky ýerne göze kakyldy çişler.
Dünýäde didäňe didäm bir düşse,
Maňa uky haram boldy, neýläýin,
Diýýärsiň: «Ymyzgan, görersiň düýşde!»

* * *

Gam üste gam, dagda daş üste daş deý,
Başda söwdam dagda peleň deý joşdy.
Watandan aýrylyp, gurbatda galdym,
Ýolbars deňze, läheň boş derä düşdi.

* * *

Meni bir nebite bulaşan görüň!
Nebis iti deýin uwlaşan görüň!
Bu ýarama burç bile duz basanlar,
Dostdan aýra salman, talaman görüň!

* * *

Didelerim didar çeşmesi etdiň!
Gül ýaňak ýaryň, wah, teşnesi etdiň!
Sözler bilen aýdyp bolmaýar, Allam,
Gep-gürrüňden güýçliň riştesi etdiň!

* * *

Köňül, muşakgatyň artdyrjakmy sen,
Dertde galyp, gana öwrüljekmi sen?
Köýme-köý, işikme-işik entedik,
Meni ryswa etdiň, ryswa bolduň sen.

* * *

Baýlyk açgöz, mes melguny inderdi,
Musa däl-de, Pyrgauna ýan durdy.
Hudaý bile ähdin bozdy Pyrgaun,
Zerre peýda Beýik ähdi syndyrdy.

* * *

Hijran urşuň başa näme getirdi,
Galam gara damja pürkdi oturdy.
Men gitdim, ruh guşum ýanyňda galdy,
Kepderimde nama-höwes joş urdy.

* * *

Aşyk bolsaň, başyň gorama topdan,
Zäher berilse-de, eziz gör ýagdan.
Daşyň duşman gabap, takyrda galsaň,
Daşyňy gumak bil, dolanma dagdan!

* * *

Hak zikrin aýtmaga bal zyban gowy,
Tagata tün, sergin, gül eýwan gowy.
Pulsyratdan[66] aňsat geçmek isleseň,
Äleme nan paýla, nan örän gowy.

* * *

Boş zynatdan,geýseň gara gowudyr,
Nadan bejerenden ýara gowudyr.

[66] Pulsyrat – syrat köprüsi.

Pasyklaryň parhsyz söhbet-sazyndan,
Dagu-daş, boş gowak, dere gowudyr.

* * *

Eý, çisňeýän ýagyş, sençe günäm bar,
Utanjymdan başym aşak, senam bar.
«Derwüşlik – ýeňil zat» ýaňlandy owaz,
Ýeňillikden agyr, aýdyň nämäm bar?!

* * *

Öýümde çök düşdüm batyplar gama,
Günä ukusyndan baş egip dyza.
«Eý, derwüş, gam çekme!» diýen ses geldi,
Öwüt – Saňa laýyk, bu hasrat – maňa.

* * *

Eý, pelek, takwalar döküändir gözýaş,
Golaýy ýakyp, daşy doňdurar Kuýaş.
Halas bolan ýokdur gaýgy-gamyňdan,
Birin gapyl basdyň, birini – buşlap.

* * *

Näçe toba geldim, eý, tobam, köýdüň,
Menden toba nalap, saýraýar aýdym.
Düýn bir toba bilen döwdüm şakäse,
Bu gün bulgur bilen tobany döwdüm.

* * *

Barlygyň syrlary bişirilmän galdy,
Göwher dakylmady, deşilmän galdy.
Her kişi akyla eýerip diýdi,
Asyl hakykata düşnülmän galdy.

## PAÝHAS SAÇAGYNYŇ NYGMATLARY

Türkmen topragynyň keramatly şahslary barmak büküp sanardan juda kän. Allanyň nazary düşen her gysym topragynyň üstünde uly-uly pirler, we öwlüýäler, danalar we danyşmentler, akyldarlar we alymlar, suhangöýler we oýlap tapyjylar mesgen tutdular. Olar bu topraga bagyrlaryny badaşdyryp, özleriniň gymmatly eserlerini, ajaýyp söz hazynalaryny nesillere ebedi miras galdyrdylar. Şeýle şahsyýetleriň biri-de dünýä taryhynda Abusagyt Abylhaýyr ady bilen tanalýan beýik öwlüýä, umman misli ulama, keramatly pir, köňül gözi bilen syr älemini gören, Hakdan halaty bilen dünýäni seýr eden, emma birje pursatlykda öz ilini, ýurduny, döwletini terk etmedik keramatly Mäne babadyr.

Taryhda öçmejek yz galdyran islendik adam dogrusynda söz açmak ýeňil iş däl, çünki her bir zadyň mertebesine görä gürlemek adyllyk hasaplanýar. Mäne babanyň belent ahlagy, adamkärçiligi , päliniň pesligi eýýäm onuň öz döwründe dillere dessan, köňüllere kyssa bolup ýazylypdyr. Beýik şahsyň ýazga geçirilmedik ömür sahypalary dil üsti bilen nesillerden nesillere, asyrlardan asyrlara aşyp, geçmişe hormat goýulýan biziň zamanamyza gelip ýetdi. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow 2007-nji ýylda Abusagyt Abylhaýyryň edebi mirasyna bagyşlanylyp geçirilen «Abusagyt Abylhaýyr – Gündogaryň beýik akyldary» atly Halkara ylmy maslahata gatnaşyjylara iberen Gutlagynda: «**Müň ýyldan gowrak wagt bäri Mäne babanyň ady adamzada miras goýup giden hiç haçan gymmaty gaçmajak çuňňur pelsepeleri bilen diňe bir onuň watandaşlary**

**hem mirasdüşerleri bolan türkmenleriň arasynda däl, eýsem, bütin Gündogarda şöhrata eýe bolup gelýär**»[67] diýip nygtaýar.

Türkmen halkynyň geçmiş taryhynda, edebiýatynda we medeniýetinde uly yz galdyran alym Abusagyt Abylhaýyr – Mäne babanyň – keramatly piriň ömür ýoly irki döwürlerden bäri alymlaryň üns merkezinden düşmändir. Mäne babanyň neberesinden bolan Muhammet Münewwer «Esraryt-Towhyt» atly eserinde Mäne babanyň terjimehaly we bitiren hyzmatlary hakynda gymmatly maglumatlary miras galdyrypdyr. Şol edebi gymmatlyk hem Mäne babanyň ömür ýolunyň öwreniliş taryhyna giň gapyny açyp beren ygtybarly ylmy çeşmedir. Gündogär edebiýaty, poeziýasy bilen gyzyklanan daşary ýurtly alymlaryň birnäçesiniň özlerine şöhrat getiren, abraý beren ylmy işleriniň hatarynda Mäne baba bagyşlanan ylmy-barlag işleriniň möhüm ähmiýeti bardyr.

Rus alymy W. A. Jukowskiý (1858-1918) «Goja Abusagyt Mäneliniň durmuşy we hekaýatlary» we «Meşhur pir Abusagydyň pentlerinde Beýik Alla birleşmegiň syrlary» atly işlerini 1899-njy ýylda Sankt-Peterburgda pars dilinde neşir etdirýär. Mäne babanyň pentdir nesihatlaryndan düzülen bu kitaplar ol aradan çykansoň, onuň nebereleri we şägirtleri tarapyndan jemlenilip, kitap görnüşine getirilipdir. Gündogary öwreniji alym A. A. Seмýonowyň (1873-1958) «Hudaýa tagat ediji musulman sopusy», «Zakaspiniň ýadygärlikleri», «Gadymy Haweranyň Mäne we Çäçe düzlügindäki ýadygärlikler» atly ylmy işlerinde Abusagyt Mäneli, onuň ýadygärlik gümmezi hakynda gymmatly maglumatlar berilýär. Mäne babanyň sopuçylyk taglymatyndaky dini garaýyşlary alym A. Ý. Krymskiniň (1871-1942) «Eýran taryhynda we edebiýatynda derwüşçilik taglymaty» atly işinde hem derňelýär.

Edebiýatçy alym S. Durdyýewiň (1917-1981) «IX-XVIII asyr türkmen edebiýatynyň şahyrlary» atly kitabynda Abu-

[67] «Abusagyt Abylhaýyr – Gündogaryň beýik akyldary», Halkara ylmy maslahatyň nutuklarynyň gysgaça beýany, Aşgabat – 2007, 6 sah.

sagyt Mäneliniň terjimehalyna degişli owal mälim bolmadyk gyzykly maglumatlar ylmy dolanyşyga girizilipdir. Kitabyň awtorynyň Mäne baba hakynda ylmy iş ýazan Sagyt Nefisi ýaly belli eýran alymlarynyň pars dilli çeşmelerini peýdalanmagy aýratyn nygtalyp geçilmegine mynasypdyr. Şeýle hem bu kitapda Mäne babanyň rubagylaryndan nusgalar ilkinji gezek türkmen okyjylaryna ýetirilipdir.

Edebiýatçy alym A. Meredowyň «Seljuklar döwrüniň edebiýatynyň taryhyndan» atly kitabynda hem Abusagyt Mäneliniň ömür ýoluna we şygyrlaryna degişli ençeme täze çeşmelerden peýdalanylypdyr. Kitapda Mäne babanyň terjimehalyny has aýdyňlaşdyrmaga we onuň şygyrlaryna çuňňur baha bermäge ýardam edýän rowaýatlaryň getirilmegi ylmy işiň üstünlikli tarapydyr.

Gadymy we orta asyrlar türkmen edebiýatyny öwrenmäge uly goşant goşan alym N. Gullaýewiň (1936-2006) «Gadymdan galan nusgalar» atly ylmy işinde Mäne baba hakynda bar bolan maglumatlar bir ýere jemlenilip, umumy netije çykarmaga şowly synanyşyk edilipdir. N. Gullaýewiň «Gadymdan galan nusgalar» kitabynda Mäne babanyň ençeme rubagylarynyň çeper terjimesi berlipdir.

Türkmenistan döwletimiz öz Garaşsyzlygyna eýe bolanyndan soňra, Abusagyt Mäneliniň durmuş ýoluny, şygryýet dünýäsini açyp görkezýän makalalaryň sany has köpeldi. Olaryň arasyndan A. Halmyradowyň galamyna degişli bolan makalalar toplumy aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Makalalaryň ýazary Abywerdiň ýadygärliklerini, Mäne baba hakynda halk arasynda aýdylyp gelinýän rowaýatlary ylmy çeşmeler bilen deňeşdirip öwrenmäge çalyşýar.

Ylym bakjasynyň miwesi egsilmeýän daragty hökmünde görülýän bu beýik şahsyýetiň doly ady Abusagyt Fazlulla ibn Ahmet ibn Muhammet ibn Ybraýym bolup, «Abusagyt Abylhaýyr – Mäne baba» ady bilen meşhurlyk gazanypdyr.

Ol 967-nji ýylyň dekabr aýynyň 7-sinde ýekşenbe güni Mänede dünýä inýär. Edil Yzmykşir obasynyň Abulkasym Zamahşarynyň ady bilen adygşy ýaly, bu sebit hem Mäne babanyň mertebesi bilen bütin dünýä meşhur boldy. Mäne baba şyhypanylyga ýeten adam hasaplanylýar, çünki ol pany jahanda müň aý ýaşan adamdyr.

Mäne babanyň ýaşlyk döwri, ene-atasy hakda dürli çeşmelerde, esasan hem, Muhammet ibn Münewweriň eserinde ygtybarly maglumatlar berilýär[68]. Ol halalhon, dindar hem-de takwa maşgalada önüp-ösüpdir. Şol halallyk onuň ömür daragtynyň her bir miwesiniň bereketli we datly bolmagyny üpjün edipdir. Mäne babanyň kakasy hoşboý ysly zatlary, dermanlary, melhemleri ýasamakda belli adam bolup, onuň dükanynda dürli keselleriň garşysyna ulanylýan ot-çöpler we beýleki zatlar hemişe tapylyp durupdyr. Mäne babanyň kakasy garyp-gasarlara, hor-homsulara hem ýardamyny gaýgyrmandyr. Hoşboý ysly zatlary ýasamakda ussat bolany üçin, ilat oňa «Attar» (atyrçy) diýip ýüzlenipdir. Ol hoşboý ysly däri-dermanlar bilen Mahmyt Gaznalynyň köşgüni hem üpjün edipdir we patyşanyň aýratyn hormatyndan peýdalanypdyr. Şonuň üçin köşgüň gapysy onuň üçin islendik wagty açyk bolupdyr.

Mäne baba ýaşlykdan örän zehinli bolupdyr. Çeşmelerde heniz ýaş wagtlary fykh ylmyny öwrenmek üçin Mäneden Merwe barýarka, araplaryň yslamdan öňki şygyrlaryndan otuz müň beýti ýatdan bilendigi hakda aýdan sözleri bar. Yslam dinine jany-teni bilen berlen bu ulamanyň yslamyýetden öňki edebiýat bilen gyzyklanmagy, olary çuňňur öwrenmegi, adamzat gymmatlyklaryna garylyp-gatylyp biljek paýhaslary döwrebap zerurlyga ýugrup, ile ýaýmagy tüýs ylym eýesiniň edäýjek işleri. Taryhda adygan ussat alymlaryň her biri diňe

[68] Muhammet ibn Münnewer Meýheni, «Esraryt-Towhyt fi makamat-iş şeýh Abusagyt», çapa taýýarlan Muhammet Reza Şafygy Kadkany, 4-nji neşir, 1957, Giriş, 141 sah. (Mundan beýläk şu neşire salgylanylanda, Muhammet Münewwer "Esraryt-Towhyt ..." diýiljekdir).

bir dildäki ylmy we edebi eserleri okamak bilen çäklenmändirler. Dünýägaraýşyň, gözýetimiň giň bolmagy üçin, gaýry halklaryň, gaýry dilleriň ruhy hazynalary hem esasy çeşmeleriň biri bolup hyzmat edýär.

Mäne babanyň ylym dünýäsindäki ilkinji ädimleri öz obasyndan başlanýar. Ol başlangyç bilimi şol ýerde alýar. Gurhany-Kerimi ymam Abu Muhammet Annazydan öwrenýär. Bu takwa adam Horasanda belli hafyz bolup, onuň mazary Nusaýda ýerleşendir. Horasanyň meşhur karysy Abu Muhammet Aýýary, Hakyň ýolunda ybadatyny egismedik takwa pir Abulkasym Beşir Ýasyn, meşhur müfti, edebiýatçy hem dilçi alym Abusagyt Aýýary dagy Abusagyt Abylhaýyryň Mänedäki esasy halypalary bolupdyr. Soňra ol bilimini artdyrmak üçin, Merwe gidýär. Ol ýerde Abu Abdylla Hydyrynyň ýanynda bäş ýyl bolup, öz döwrüniň ileri tutulýan ylymlaryny öwrenýär. Halypasynyň ölüminden soň hem birnäçe wagtlap Merwde ýaşan Mäne baba Abu Bekr Kaffal Merweziniň söhbetlerini (leksiýalaryny) diňläp, fykh ylmyny has hem kämilleşdirýär. Merwden soň Sarahsa baryp, tanymal ymam Abu Aly Zähir ibn Ahmet ibn Muhammet ibn Isa Sarahsydan bilim alýar. (Bu keramatly piriň gubury Sarahsdadyr). Soňra ol kämil pir Lukman Sarahsynyň kömegi bilen Abylfazyl Sarahsynyň – Saragt babanyň ýanynda bolup, birnäçe wagt onuň elinde tälim alýar. Mäne babanyň halypalarynyň biri hökmünde ýatlanmaly şahslaryň biri-de Amul şäherinde ýaşan Abulapbas Gassapdyr. Mäne baba özüniň ilkinji hyrkasyny, ine, şu pir Abulapbas Gassapdan teperrik alýar.

Mäne baba hakda söz açylanda, oňa döwürdeş şahsyýetleriniň ýürekden joşup beren mertebeli lakamlary barada-da ýatlap geçmek artykmaçlyk etmeýär. Bu lakamlar onuň halk arasynda nähili ornunyň, neneňsi derejesiniň, niçiksi hormatsylagynyň bolandygyna şaýatlyk edýär. Döwürdeş alymlar, şahyrlardyr kätipler onuň mübärek adyny öz depderleriniň,

ýankitaplarynyň bezegi hasaplap, ol hakdaky ýagşy ýatlamalary, köp sanly lakamlary, ajaýyp wasplary ýadygärlik goýupdyrlar. «Esraryt-Towhyt» («Birhudaýlylygyň syrlary»), «Halat we suhanany şyh Abusagyt» («Pir Abusagydyň halatlary we paýhasly sözleri») atly eserlerde ol «şyh», ýagny «keramatly pir» lakamy bilen ýatlanýar. Muhammet ibn Münewweriň «Esraryt-Towhyt» eserinde ýatlanmagyna görä, Mäne babanyň meşhur bolan lakamlarynyň ýene biri «Hatem ul-öwliýa», ýagny «Öwlüýäleriň iň soňkusy» diýen derejedir. Bu lakam barada «Esraryt-Towhytda» Abusagydyň adyndan şeýle maglumat berilýär: «Mustapany (s.a.w.) düýşümde gördüm, ol şonda maňa: «Eý, Abusagyt, men pygamberleriň soňkysy boldum, sen bolsa öwlüýäleriň iň soňkysy bolduň. Senden soň hiç bir öwlüýä bolmaz» diýdi»[69]. «Şahy-Meýhene»[70] («Mänäniň şasy»), «Ezizi-ruzgar»[71] («Döwrüň ezizi»), «Piri-sufyýan»[72] («Sopularyň halypasy»), «Mihteri-Meýhene»[73] («Mänäniň baştutany»), «Mehini-Meýhene»[74] («Mänäniň beýigi»), «Zahydy-Meýhene»[75] («Mänäniň takwasy») ýaly atlar agzalanda, diňe Mäne baba göz öňünde tutulypdyr. «Keşf ul-mahjup» («Pynhanlygyň açylmagy») eseriniň awtory Hüjwiri ony «Şyh ul-meşaýyh» («Pirleriň piri»), «Şahynşahy-muhybban we melik ul-muluky-sufyýan»[76] («Aşyklaryň şahynşasy we sopularyň beýik patyşasy») diýip ýatlasa, beýik ulama Abu Aly Hüseýin ibn Abdylla ibn Sina (Ibn Sina) oňa «Hatem ul-meşaýyh»[77]

[69] Muhammet Münewwer, "Esraryt-Towhyt ...", 248 sah.
[70] Şol ýerde, 43 sah.
[71] Şol ýerde, 106 sah.
[72] Şol ýerde, 144 sah.
[73] Şol ýerde, 203 sah.
[74] Şol ýerde, 202 sah.
[75] Şol ýerde, 186 sah.
[76] Seýit Muhammet Damady, «Abusagytnama», 2-nji neşir, 1955, 17 sah. (Mundan beýläk şu neşire salgylanylanda, "Seýitmuhammet Damady", "Abusagytnama" diýiljekdir).
[77] Şol ýerde, 18 sah.

(«Uly pirleriň iň soňkusy») diýen at bilen ýüzlenipdir. Hijriniň 451-nji ýylynyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda doglan Mejdeddin Abulhasan Abdylgafur ibn Muhammet ibn Hüseýin Hawerany «Kitab us-syýak li taryhy Nyşabur» atly eserinde Mäne babany «Pişwaýy-meşaýyhy-sufyýan»[78] («Sopy pirleriniň başy») diýen at bilen ýatlaýar.

«Nüzhet ul-kulub» atly eseriň «Haweran» diýen goşmaça bölüminde Hamdylla Müstewfi Kazwininiň Mäne baba bagyşlap ýazan birnäçe setir beýdi ýerleşdirilipdir. Şol ýerde Mäne babanyň ady «Soltany-tarykat»[79] («Tarykatyň soltany») diýlip berlipdir. Mugyneddin Muhammet Zamçynyň «Rawzat ul-jennet fi awsafy-medineti-Hyrat» atly eserinde Mäne babanyň ady «Kutbul-ebrar, sultanul-ahrar, sultan Abusagyt Abylhaýyr»[80] («Ýagşyzadalaryň serweri, tarhanlaryň soltany, soltan Abusagyt Abylhaýyr») ýaly atlandyrylsa, Abdyrahman Jamynyň «Nafahat ul-üns» atly eserinde bu keramatly şahs «Soltany-wagt» («Zamananyň soltany»), «Jemaly-ähli-tarykat we müşrifi-kulub»[81] («Tarykat ähliniň gözelligi we ýürekleriň halany») diýlip wasp edilýär.

Gündogar edebiýatynyň parlak ýyldyzlarynyň biri Ferideddin Attar öz eserlerinde Mäne babany uly hormat bilen ýatlaýar. Bu alym käbir çeşmelerde Abusagyt Abylhaýyr Mäne babanyň ölüminden edil bir asyr soňra doglan, käbir çeşmelerde Mäne babanyň ömrüniň ahyrky döwürlerinde ýaşan diýlip hasaplanýar. Attaryň eserlerini, ýatlamalaryny okanyňda, ol Mäne baba goýýan hormatyny başga kimdir birine bagyş edendir öýtmeýärsiň. Ol özünden öňki we döwürdeş alymlarynyň hiç birine hem Mäne baba goýýan hormaty-söýgüsi ýaly garamandyr. Attar olaryň hiç biriniň döredijiliginden Abusagydyň döredijiliginden ylhamlanyşy ýaly ylham alyp bilmändir.

[78] Seýitmuhammet Damady, «Abusagytnama», 18 sah.
[79] Şol ýerde, 18 sah.
[80] Şol ýerde, 19 sah.
[81] Şol ýerde, 19 sah.

«Attar Hakyň bakylygynda, özüniň panylygynda Abusagyt Mäneli ýaly hiç bir mänelini tapmaz»[82] diýen setirler Attaryň Mäne baba bolan ýokary hormatyny äşgär edýär. «Mäne baba bolan hormaty hökmünde Attar Mäne babanyň ömrüne we durmuşyna degişli dessanlaryň, hekaýatlaryň köpüsini özüniň eserlerine siňdiripdir, özüniň yrfany (sopuçylyk) şygyrlarynyň arasynda olary hem şygra salypdyr. Şeýle hem Attar özüniň «Musybetnama» eserinde Abusagyt hakdaky on sany hekaýata özüniň şygyr köýnegini geýdiripdir».

Attaryň «Ylahynama», «Mantyk at-taýr» we «Musybetnama» ýaly eserleriniň ählisinde Abusagydyň adyny agzandygyny, şeýle-de onuň adyny beýleki sopularyňkydan has köp ýatlandygyny, onuň durmuşyny şeýle bir hakykata ýakyn we ýürekden suratlandyrandygyny görmek bolýar.

«Esrarnamada» we «Tezkiret ul-öwlüýäde» Abusagydyň iň ýalkymly sypaty hökmünde «Hakyň halany we Hakyň aşygy» diýen sözleri getiripdir.

Attar beýleki şyhlary hormat bilen ýatlaýan bolsa-da, olaryň hiç biri hakynda hem şeýle ynamly we jandan syzdyryp ýazmandyr. Bu Attaryň ylym deňzinde we adamkärçilik sährasynda Abusagyt ýaly başga bir piri görmändigini, tapmandygyny aňladýar. Şeýle-de bu sözler Attaryň Mäne baba bolan çuňňur ynamynyň, söýgi-sarpasynyň alamatydyr.

Elimizde bar bolan ýazuw çeşmeleri Mäne babanyň daşky keşbi hakda hem gymmatly maglumatlary galdyrypdyr. Biz şol ýazgylaryň üsti bilen onuň hyýaldaky keşbini hakykata öwrüp görüp bilýäris. Mäne baba uzyn boýly, akýagyz, dolmuş göwreli, uly gözli, peşeneli sakgaly göbegine ýetip duran, elmydama sopy-derwüş eşigini geýnen, başynda sopy sellesi bolan, ýüzi nurana adam bolupdyr[83]. Ony eli hasaly we kündükli, egnine namazlyk atynan halda görenler Hakdan halatly

[82] Seýitmuhammet Damady, «Abusagytnama», 87 sah.
[83] Muhammet Münewwer, «Esraryt-Towhyt ...», 66 sah.

piriň ýatlarynda ornan bu keşbini ýazgylara siňdirip, miras galdyrypdyrlar. Bu gün biz şu ýazgylaryň üsti bilen Mäne babanyň hakyky keşbini aňymyzda janlandyryp bilýäris.

Abusagydyň iki aýalyndan iki sany gyzy, bäş sany ogly bolan. Onuň ilkinji aýaly mäneli bolup, ol şyhyň uly ogly Abu Tahyryň ejesidir. Ol zenan hem sopuçylyga ýykgyn edipdir we şyhyň ýanyna gelip, toba eden we onuň ýoluna eýeren aýallara hyrka geýdirer eken. Onuň beýleki aýaly Bestama we Harakana gidilende, onuň bilen hemra bolan aýaldyr. Ol «Hoja Muzaffaryň ejesi» diýlip tanalýar. Abusagydyň nesilleri taryhyň dürli döwürlerinde yz galdyran atly-abraýly adamlardyr. Olar taryhy döwürlerde Yslam äleminiň dürli sebitlerinde dürli derejeleriň eýeleri boldular. Olaryň arasynda şahyr, fakyh, hadysçy, wezir, ýazyjy, pälwan, döwlet işgärlerini, şyhlary we hanaka müritlerini görmek bolýar.

«Esraryt-Towhyt» kitabynda berlişine görä, Mäne babanyň beýleki alymlardan tapawutly taraplary örän köp. Mäne baba öz döwrüniň tanymal alymlaryna garanyňda, saparlara az giden adam bolupdyr. Ol ýaşlyk döwründe ylym, tälim almak üçin syýahat etse, ýaşy durugşan çaglarynda öz pirleri, halypalary we şägirtleri bilen didarlaşmaga, görme-görşe zyýarata barar eken. Mäne babanyň, esasan, Horasanyň çäginde: Amul, Merw, Sarahs, Astrabat, Nusaý, Nyşapur, Tus ýaly şäherlere sapar edendigi hakda taryhy çeşmeler maglumat berýär.

Ol öz halypalary, pirleri-ussatlary bilen görşüp, didarlaşyp durmagy Hudaýyň beren nygmaty hasaplapdyr. Ylym üçinem, Allanyň ýaradan täsinliklerini gözüň bilen görmek üçinem alys ülkelere, ýat ýerlere gidip ýörmegiň zerurlyk däldigini, köňül gözüni we göwün gapysyny açsaň, öz töweregiňde Hudaýyň ýaradan ähli gözelligini görüp bolýandygyny, şeýlede öz sebitlerindäki keramatly ýerlere, öz topragyňa zyýarat etmegiň uly sogapdygyny ündär eken.

Mäne babanyň syýahat eden, zyýarat eden, gezen ýerlerini okanyňda, ýatlanyňda, ünsüňi çekýän ýene bir zat bar: ýokar-

da ady agzalan şäherler bir döwletiň çäginde ýerleşen şäherlerdir. Bu bolsa Mäne babanyň öz ýaşan döwrüne we döwletine berlen adamdygyny aýdyň görkezýär.

Mäne babanyň sapar-syýahatlary hakda gürrüň edilende, diňe onuň gezen ýerleriniň adyny agzamak bilen çäklenmek maksada laýyk däldir. Onuň sapar-syýahatlaryndan başga bir has aýdyň mysaly, nusgalyk mysaly alyp bilýäris. Ol hem Mäne babanyň öz diýaryny, öz Watanyny, öz ilini ýürekden söýen adam bolanlygydyr.

Döwrüniň beýik ulamalary Mäne babanyň özüni Käbe deňäpdirler. Oňa: «Sen Mekgä äkidilmekden beýiksiň, gaýta togap etmek üçin, Käbäniň özi seniň huzuryňa gelmelidir» diýer ekenler.

Mäne babanyň öz döwrüniň iň ylymly, danyşment ynsanydygyna gözi hem göwni ýetenleriň biri-de Gündogaryň beýik danasy, lukman, filosof Abu Aly Ibn Sinadyr. Olar biri-biri bilen hat arkaly pikir alşypdyrlar. Bularyň şol hatlary barada dürli çeşmelerde maglumatlar we hatlaryň nusgalary getirilýär.

Rowaýatlara görä, bir gün Ibn Sina beýik piri görmek üçin, Mänä gelýär. Ibn Sina hanaka gelende, pir wagyz aýdyp duran eken. Olar öň hiç wagt biri-birlerini görmän ekenler. Hanaka gelende hiç kim ony tanamansoň, oňa ünsem bermändirler. Şonda pir sözüniň arasynda «Hanaka beýik pelsepeçi geldi» diýýär-de, sözüni bölmän, söhbetiniň-wagzynyň yzyny dowam etdirýär. Soňra olar üç günläp bile bolýarlar. Ibn Sina gidensoň, şägirtleri Mäne babadan ol hakda soranlarynda, ol: «Ibn Sina meniň ähli görýän zatlarymy bilýär» diýip jogap berýär. Şeýle soragy Ibn Sina berenlerinde, ol: «Mäne baba meniň ähli bilýän zatlarymy görýär» diýip jogap berýär. Diňe şu jümläniň özi Mäne babanyň nähili beýik keramat eýesidigini subut edýär. Şu ýerde Ibn Sinanyň Mäne baba ýollan hatlarynyň birini getirmekligi maksada laýyk hasaplaýarys:

*«Şyh reýis Abu Aly ibn Sinanyň beýik ymam Abusagyt ibn Abylhaýyryň (Beýik Taňry ol ikisiniň syryny mukaddes we ýatan ýerlerini ýagty etsin!) hatyna ýazan jogap haty*

***Mähriban we rehimli Allanyň ady bilen***

*Maňa beýik şyh pylanynyň haty gelip ýetdi. Ol Allanyň onuň ýanyndaky ähli sungy-ýagşylygy hakynda, oňa bagyş eden nygmat bezegi (boýagy) hakynda, onuň mäkäm (iman) ýüpünden ýapyşýandygy we sozulmaz (din) tanapyndan tutýandygy, Onuň ýoluna berlendigi, ýüzüni Oňa ýakyn barmaga öwrendigi, beýik hümmeti bilen bu hapysa nebsinden geçip, Allanyň mübärek jemalyny görmäge ýüzlenendigi, beýik ýörelgesi, pynhan (syrly) birigişi, nepislik bilen doguşy we hormat bilen gijeki seýr edişi hakynda beýan edipdir. Men bu haty dykgat bilen okadym, oňa düşündim, ündelýän zatlary özümde terbiýeledim, yzygider gaýtaladym we ony özümde hakykata öwürdim (hasyl etdim), şoňa görä ýöremegi ýüregime düwdüm. Akyly bagyş ediji, adyllygy ýaýyjy Biribara şükürler aýdyp başladym. Pire miýesser eden beýikligi üçin, Hudaýa hamdy-senalar aýtdym... Bir zady bilgin, iň pazylatly hereket – namazdyr, iň haýyrly ýagşylyk – sadakadyr... Iň haýyrly amal arassa niýetden gözbaş alan amaldyr. Iň haýyrly niýet pazylatlaryň serweri, ýagny enesi bolan ylym we hikmet tarapyndan köräp tutaşan niýetdir. Iň sogaply, haýyrly zat bolsa Allatagalany tanamakdyr. Gözel jümleler we salyh amallar Onuň dergähine göterilýändir. Ine, men göwnümde beslänlerimi aýtdym. Alladan günälerimi ötmegini, meni dogry ýola salmagyny, Oňa barha ýakyn barmagymy we bir Özüniň berýän kömegine kanagat etmegimi dileýärin. Amallarym we sözlerim bilen meni Özüne golaý eltmegini soraýaryn,çünki Ol her bir zady eşidýän we her kese her zatdan iň ýakyn duran Alladyr.*

*Hat tamam boldy. Akyly bagyş ediji Hudaýa tükeniksiz hamdy-senalar bolsun!»*

Ibn Sina Mäne babanyň mertebesiniň ýokarydygyny ykrar etmek bilen, özüniň «Yşarat» atly kitabynyň bir bölümini oňa bagyşlaýar.

Her bir şahsyýetiň, alymyň ömür beýany öwrenilende, ony onuň döwründe ýa-da onuň yzysüre ýaşap geçen alymlaryň terjimehally we taryhy eserlerinden ýa-da şol alym bilen ýüzbe-ýüz bolan jahankeşdeleriň galdyran maglumatlaryndan anyklap bolýar. Bu meselede esasy çeşme alymyň öz ýazan, miras galdyran edebi ýadygärlikleridir. Mäne babanyň ömrüni, döredijiligini, ylym dünýäsinde galdyran yzyny doly öwrenmek üçin, onuň edebi mirasyna degişli eserler, ýazgylar ygtybarly esaslandyrmadyr.

Abusagyt Abylhaýyryň – Mäne babanyň ömri, durmuşy, edebi hem ylmy döredijiligi , pelsepe garaýyşlary, sopuçylyk taglymatlarynda goýan yzlary barada möhüm maglumatlary özünde saklaýan eserler alymyň nebereleri tarapyndan ýazylyp galdyrylypdyr.

Olaryň biri Mäne babanyň ýuwlugy Jemaleddin Abu Rawh Lutfulla ibn Abusagyt tarapyndan ýazylan kiçeňräk ýygyndydyr. Mäne babany öwreniji rus alymy W.A.Žukowskiý ol eseri Britan muzeýindäki golýazmasy esasynda 1899-njy ýylda «Goja Abusagyt Mäneliniň durmuşy we hekaýatlary» («Жизнь и речи старца Абу-Саида Мейхенейского. Персидский текст») ady bilen neşir edýär. Alym şol esere ýazan sözbaşysynda eseriň aýratyn bir ada eýe däldigini, eseriň awtorynyň adynyň Jemaleddin Abu Rawh Lutfulla ibn Abusagytdygyny görkezýär. Eser Soltan Sanjaryň wepatyndan soňra (1154-nji ýyldan soň) ýazylypdyr. Soltan Sanjar aradan çykandan soň, Horezm şa Il Arslan Horasana gelipdir. Ony Mäne galasyna gelende, Mäne babanyň nebereleri garşylapdyr. Olar Horezm şa özleriniň atalary, meşhur şyh, alym Abusagyt Abylhaýyr, onuň işleri, keramatlary barada yzygiderli gyzykly gürrüňler beripdirler. Bu gürrüňler soňra Jemaleddin Abu Rawh Lutfulla aýratyn bir kitap ýazmaga esas bolupdyr.

Mäne baba hakdaky ikinji bir eser – «Esraryt-Towhyt fi makamat-iş şeýh Abusagyt» atly eser bolup, ol alymyň başga bir ýuwlugy Muhammet ibn Münewwer ibn Abusagyt tarapyndan ýazylypdyr. Eser, takmynan, 1178-1185-nji ýyllar aralygynda, ýagny Mäne babanyň wepatyndan 130-140 ýyl töweregi soň ýazylypdyr. Awtor bu kitaby Gur soltany Kyýaseddin Muhammet Sama peşgeş beripdir. Mäne babanyň ömri baradaky bu eseri awtor ýazuwly we dilden toplan çeşmeleri esasynda ýazypdyr. Esasan, awtora ýazuwly çeşme bolup, onuň doganoglany Jemaleddin Abu Rawh tarapyndan düzülen ýokarda ýatlap geçen eserimiz hyzmat edipdir. Mundan başgada awtor özüniň dilden toplan ygtybarly maglumatlaryndan we Abusagydyň durmuşynyň aýry-aýry pursatlary baradaky kiçeňräk ýazgylardan peýdalanypdyr. Muhammet Münewwer kitabynyň sözbaşysynda eseriň Abusagydyň ömrüniň irki döwrüni (çagalykdan 40 ýaşa çenli), orta ýaş döwrüni, ömrüniň soňky döwrüni beýan edýän üç bapdan durýandygyny we ol baplaryň hem birnäçe bölümlere-hekaýatlara bölünýändigini görkezipdir. Ýöne eseriň birnäçe golýazma nusgalarynda bu ýagdaý saklanmaýar, çünki eseri, golýazmany göçürijiler awtoryň sözbaşyda eseriň gurluşy barada aýdanlaryna garamazdan, ony birnäçe baplara, bölümlere bölüpdirler.

Terjimehal edebi ýadygärligi we möhüm taryhy çeşme hökmünde uly ähmiýete eýe bolan bu eserler diňe bir Mäne babanyň ömri barada däl, eýsem sopular, olaryň ýaşaýyş terzi, durmuşy, ýörelgeleri, pelsepewi garaýyşlary barada hem maglumat berýär. Olar özünde X-XI asyrdaky Günorta Türkmenistanyň syýasy-jemgyýetçilik, edebi-medeni durmuşy, taryhy ýagdaýlary, ilatyň dürli gatlaklarynyň ýaşaýyş durmuşy, ülkäniň taryhy-geografiýasy, alymlary, döwrüň häkim toparlary (gaznaly, gur, seljuk türkmen soltanlary, dürli hanlyklar, beglikler..) baradaky gymmatly maglumatlary özünde saklaýanlygy üçin, edebi hem taryhy jähetden möhüm ähmiýete eýedir.

Abusagyt Abylhaýyryň edebi mirasyna degişli golýazmalar dünýäniň sanaýmaly, ýöne iri kitaphanalarynda gabat gelýär. Eýranyň, Germaniýanyň kitaphanalarynda Mäne babanyň rubagylary bölek-büçek görnüşde dürli-dürli golýazmalarda ýerleşdirilendir. Türkiýäniň Süleýmaniýe kitaphanasynda onuň rubagylary dürli golýazmalaryň arasynda gelýär. Şeýle hem köp çeşmelerde Abusagydyň ýetmişe golaý rubagysynyň birlikde getirilendigini görüp bolýar. Abusagydyň özüne bagyşlan «Hawra» rubagysyna Ahrar Ubeýdullah ibn Mahmyt Şaşy (1403-1490) tarapyndan ýazylan şerhler Süleýmaniýe kitaphanasynda[84] dürli bukjalarda saklanýar.

Mäne babanyň ömür beýany barada giňişleýin ýazylan iň gadymy kitaplaryň biri bolan Muhammet Münewweriň «Esraryt-Towhyt ...» eseriniň golýazma nusgalary häzirki wagtda dünýäniň dürli kitaphanalarynda, gündogarşynaslaryň şahsy arhiwlerinde saklanylýar. Ol kitap şindi türkmen dilinde kämil görnüşde çap edilmedi. Häzirki wagtda bu eseriň dünýäniň dürli künjeginde 11 sany golýazma nusgasynyň saklanýandygy bellidir.

«Esraryt-Towhyt...» kitaby aslynda şeýle tertipde ýazylan:

Giriş; Birinji bap; Ikinji bap; Üçünji bap (bular alty pasyldan ybarat).

Bu eser miladynyň 1997-nji ýylyna çenli fransuz (1974-nji ýyl), arap (Kair, 1966-njy ýyl) dillerine terjime edilipdir.

Eseriň ýazylyşy barada söz açsak, ol orta asyr pars dilinde ýazylan. Tekstde diňe bir parsça däl, eýsem arapça ýazylan jümleler, hadysy-şerif, Gurhandan aýatlar, arapça şygyr setirleri köp. Şonuň üçin bu kitaby islendik dile terjime edýän şahsyýetiň diňe bir pars dilini däl, şeýle hem arap dilini kämil bilmegi, eserde getirilýän aýatlaryň Gurhanyň haýsy aýatlary-

---

[84] Mahmud Paşa, nr. 278/8; Esad Efendi 1755-07;Hekimoğlu Ali Paşa ve Camii, nr. 933; Hamidiýe 1547, Aýasofýa 1980, Şehid Ali Paşa 2797; Şehid Ali Paşa 2815; Reşid Efendi 1044; Reşid Efendi 1055; Aşyr Efendi 177/3.

dygyny bilýän terjimeçi bolmagy zerurdyr. Indi bolsa bu eseriň nusgalarynyň üstünde durup geçeliň:

**1. «Esraryt-Towhyt»** eseriniň iň esasylarynyň biri Türkiýäniň Millet Kütuphanesi Reşid Efendi (Türkiýäniň Reşit Ependi Millet kitaphanasy) atly kitaphanasynda 1164 belgili bukjada saklanýar. Ol golýazmany nash hatynda Muhammet şa ibn Albeg ibn Aýbeg göçüripdir. Onuň bu eseriniň göçürilip tamamlanan senesi hijri-kamary hasabynda 801-nji ýylyň Remezan aýynyň 2-si.

Golýazma 70 warakdan, 142 sahypadan ybarat. Her sahypada 25 setir ýerleşdirilen. Ol nusgadan foto nusgany hijri-şemsi hasabynda 1335-nji ýylda eýranly alym, merhum Müjtebi Minewiniň ýardamy bilen Tähran uniwersiteti nusga hökmünde özüne alýar. Häzirki wagtda nusga Tähran uniwersitetiniň kitaphanasynda 481 belgili bukjada saklanylýar.

**2. «Esraryt-Towhydyň»** bu nusgasy Türkiýäniň Selim aga kitaphanasynda 488-238 belgili bukjada saklanylýar. Bu nusga hijri-kamary hasabynda 800-nji ýylyň jumadylahyr aýynda göçürilen nusga bolup, tertip boýunça birinji ýatlan nusgamyzdan bir ýyl töweregi gadymydyr. Bu nusgany Muhammet Salyh diýen kätip göçüripdir. Golýazma nash hatynda bolup, 258 sahypadan ybarat. Her sahypada 15 setir ýerleşdirilen.

**3. Bu nusga Russiýa Federasiýasynyň** Sankt-Peterburg şäheriniň Saltykow-Şedrin adyndaky umumy kitaphanasynda 156 belgili bukjada saklanýar. Ol golýazmanyň göçürilen senesi mälim däl. Rus gündogarşynas alymy W.A.Žukowskiý (1858-1918-nji ýyllarda ýaşan) bu golýazmany hijri hasabynda VIII asyrda göçürilendir diýip güman edipdir. Bu nusga esasynda W.A.Žukowskiý ol eseriň tekstini taýýarlapdyr. SSSR ýykylýança bu nusgadan foto, surat göçürmäge ygtyýar berilmändir.

**4. Bu nusga Kopengagende,** Daniýa korollygynyň kitaphanasynda saklanylýar. Onuň göçürilen senesi, hijri-kamary senesinde 711-nji ýylyň sapar aýynyň 9-yna, şenbe güni. Golýazmany göçüren kätip Möwdut ibn Fakyh.

**5. Bu nusga Türkiýäniň** Şehit Aly Paşa kitaphanasynda 1416 belgili bukjada saklanýar. Nusganyň göçürilen senesi: hijri-kamary hasabynda 854-nji ýylyň sapar aýynyň ahyry. Bu milady hasabynda 1450-nji ýyla gabat gelýär. Nusgany göçüren kätip, biziň ildeşimiz Muhammet ibn Abdylla Sarahsy. Nusga nestaglyk hatynda ýazylan we 240 sahypadan ybarat bolup, her sahypasynda 19 setir ýazgy ýerleşdirilen.

**6. Bu nusgada** göçürilen senesi görkezilmändir, ýöne nash hatynda diýseň owadan edilip ýazylypdyr. Eseri göçüren kätip – Muhammet Selim. Bu nusganyň asly Müsür Arap Respublikasynyň paýtagty Kair şäherindäki «Darul-kitap» kitaphanasynda 2977 belgili bukjada saklanylýar. Sahypalarynyň sany 219, her sahypada 23 setir ýerleşdirilen.

**7. Bu nusga** hijri-kamary senesinde 856-njy ýylyň jumadylowwal aýynyň 13-ine ýazylyp tamamlanypdyr. Kätibiň ady Hajy Muhammet ibn Rafyk Jajermi. Hatyň görnüşi nash.

Bu nusganyň asly Kanadanyň Magkil uniwersitetiniň professory Herman Landoltyň şahsy arhiwinde saklanýar. Bu golýazmanyň foto nusgasyny eýranly alymlar alyp, Tährana getirmegi başarypdyrlar. Bu golýazma 258 sahypadan ybarat, her sahypada 18 setir ýerleşdirilen.

**8. Bu nusga** eýranly alym, doktor Muhammet Reza Şafygy Kadkanynyň pikirine görä, kämil nusga däl. Belki-de, ol eseriň gysgaldylan görnüşidir?! Bu golýazma hijri-kamary hasabynda 877-nji ýylyň şowwal aýynyň ahyrynda göçürilipdir. Bu sene milady hasabynda 1473-nji ýyla gabat gelýär. Golýazma Türkiýäniň Myrat Molla kitaphanasynda 1796 belgili bukjada saklanýar. Golýazmanyň haty – nestaglyk haty. Her sahypada 17 setir ýerleşdirilen. Göçüren kätibiň ady golýazmada görkezilmändir.

**9. Golýazmanyň bu nusgasy** Özbegistanyň paýtagty Daşkent şäherinde 2086-njy belgili bukjada saklanýar. Golýazmanyň göçürilen senesi hijriniň IX asyry. Ol 177 sahypadan ybarat.

**10. Golýazmanyň bu nusgasy** Sankt-Peterburgyň Gündogary öwreniş kitaphanasynda S 1926 belgili bukjada saklanyl-

ýar. Ony göçüren kätip Abdylla sopy Serwi. Golýazma hijri-kamary senesinde 849-njy ýylyň zülhijje aýynyň 1-ne göçürilip tamamlanypdyr. Ol 212 sahypadan durýar.

**11. Bu nusga** Daşkendiň Biruny adyndaky gündogary öwreniş merkezinde saklanylýar. Ol golýazmanyň başky sahypalary ýok bolmaly.

Türkiýäniň Süleýmaniýe kitaphanasynda Abusagyt Abylhaýyryň adyna berilýän ýene bir ajaýyp golýazma bar. Bu golýazma «Muraselaty-Ibn Sina» diýlip atlandyrylýar. Adyndan mälim bolşy ýaly, bu eserde Abusagydyň Ibn Sina bilen alyşan hatlary bar. Biz ýokarda şol hatlardan bölekler getirdik. Ibn Sina bilen Abusagydyň bu hatlary dünýä pelsepesiniň möhüm meseleleri hakda bolup, ol ýerde bu beýik alymlaryň her biriniň öz garaýyşlary, gabat gelýänleri we çapraz gelýänleri beýan edilipdir. Süleýmaniýe kitaphanasynda saklanylýan «Muraselaty-Ibn Sina» atly bu golýazma göwrüm babatda uly, ýazuwy babatda hem düşnükliden ygtybarlydyr. Abusagydyň Ibn Sina, Ibn Sinanyň hem oňa ýazan hatlaryndan ybarat bu eser Süleýmaniýe kitaphanasynda[85] saklanylýar. Şeýle-de Mäne babanyň rubagylarynyň şägirtleri tarapyndan toplanan we göçürlen bir nusgasynyň Pakistanyň kitaphanalarynda saklanylýandygy barada maglumatlar bar. Mäne baba degişli edilýän rubagylar eýran alymy Sagyt Nefisi tarapyndan toplanylyp we işlenilip, Eýranda çap edilendir.

Türkmen akyldary Mäne baba özüniň ahlak-mistiki garaýyşlaryny rubagy žanrynda döreden sopuçylyk poeziýasynyň ilkinji wekilleriniň biridir.

Mäne babanyň her bir rubagysynda belent derejede aýdylan pikir bir rubagynyň bir dessanlyk hikmeti özünde jemleýändigini görkezýär. Paýhasyň gymmatbaha dürlerini zehiniň altyn halkasyna düzmegi başaran keramatly piriň her

[85] Hamidiýe 389; Süleýmaniye 1368, Süleýmaniye Hamidiýe 1447; Süleýmaniýe Aýasofýa 4851; Süleýmaniýe Ktp., Pertew Paşa, nr. 617; Nuruosmaniýe 4894 bukjalary.

bir sözüniň aňyrsynda hem sadadan düşnükli, hem akyl ýetirerden syrly pikirler bir ulgama salnypdyr. Akyldaryň uly ahlak ähmiýetine eýe bolan rubagylary kämillik we ruhy gözellik ýolunda ynsanlaryň arasynda ruhy ýakynlyk we gowulyga ynam döredipdir.

Alla alkyş-sena aýtmak, kynçylyklar ýüze çykanda Oňa bil baglamak, kömek-ýardamy diňe Ondan soramak akyldaryň rubagylarynda esasy orny eýeleýär. Şeýle rubagylaryň üsti bilen Mäne baba adamlarda ahlaklylygy, Hudaýdan gorkmak, halaly haramdan, haýry şerden, dogry ýoly ters ýoldan saýlamak duýgusyny terbiýelemek isläpdir. Ol adamlary ähli işlerinde Hudaýyň rehimdarlygyna, Onuň bagyşlaýjylygyna bil baglamaga çagyrypdyr. Abusagydyň rubagylarynyň häsiýetli aýratynlyklary onuň epitetleri – Allanyň gözel atlaryny, Gurhandan alnan meşhur sözleri, söz düzümlerini we jümleleri ulanmagydyr. Olaryň şahyrana görnüşde ulanylmagy bolsa okyjylaryň rubagylary çeperçilik taýdan oňat kabul etmegine ýardam edipdir.

Şahyryň garaýyşlarynda Alla ähli düwünleriň çözüjisi bolup çykyş edýär. Ol öz okyjysyna hut ýokary ahlaklylygyň, başlan işiňi ahyryna çenli dowam etdirmegiň we uly ynamyň adamlaryň durmuşyny ýeňilleşdirýändigini ynandyrmaga çalyşýar. Ol adamlary adamkärçilikli, asylly bolmaga çagyrýar. Hakykata bolan söýgi adamlaryň hakyky ýoluny tapmagynyň iň oňat usulydyr diýip, akyldar öz okyjysyny ynandyrýar. Bu ynam ynsanlary azaşmanyň we şübheleriň tümlüginden halas edýär.

Bu gün biz Mäne babanyň ruhy gözelliginiň syrlaryny onuň rubagylaryna esaslanyp, çözmäge synanyşýarys, çünki hak piriň hak sözi — onuň rubagylary. Gündogarda rubagy ýazmak sungatynda Omar Haýýam näderejede meşhur hem bolsa, Gündogar sopuçylygynda rubagy žanryny ilkinji bolup ulanan Abusagyt Abulhaýyr – Mäne babadyr. Bu iki ägirdiň rubagylaryny seljereniňde, olaryň arasyndaky ruhy meňzeşlikleri duýmak bolýar. Köp halatda Omar Haýýamyň Mäne babadan ylham alandygyny ýatlasak, öte geçdigimiz bolmaz, emma Haýýamyň we

Abusagydyň goşgularyndaky umumy pikirler olaryň şahyrana garaýyşlaryny garyşdyrmaýar. Bu iki şahyryň şahyrana garaýyşlary dil aýratynlyklary we stil özboluşlylygy taýyndan birmeňzeş däldir. Bu iki şahyryň şygyrlarynda mistika uly orny eýeleýär.

Abusagydyň we Haýýamyň rubagy ýazmakda özboluşly usuly bolupdyr, ýöne olaryň hakykata bolan garaýyşlary umumylykda beýän edilýär. Abusagyt hem, Haýýam hem ötegçi ömrüň gutulgysyzlygyna we hakykatlygyna ynanýar, ýöne olaryň durmuş hakyndaky netijä gelmeleri we durmuş täsirleri biri-birinden görnetin tapawutlanýar. Abusagyt we Haýýam ylmyň, edebiýatyň, şeýle hem şygryýetiň beýik ussatlary saýylýarlar. Olaryň her biri aýratyn döredijilik şahsyýetidir. Ýöne şygryýet sungatynda olary biri-birine baglaýan düwün bar: iki şahyr hem täsirli we owadan beýan etmäniň ussadydyrlar.

Abusagyt Abylhaýyryň durmuş ýoluny öwrenen şwed gündogarşynasy Fris Meýer onuň ynançlarynyň esasy dogmasyny zikr etmegiň hökmanylygynyň düzýändigini, sabyrlylyk we şadyýanlyk ýaly gapma-garşy häsiýetleriň onuň pikirlenmesiniň esasyny düzendigini görkezýär. Mundan başga-da Abusagyt uzak wagtlyk terkidünýälik, derwüşlik durmuşyny başdan geçirensoň, şadyýanlyk pelsepesini ösdürmäge ýykgyn edipdir. Pubagylaryndan we ol hakdaky hekaýatlardan bilşimiz ýaly, Abusagyt özüniň garşydaşlaryna berk tankydy pikirleri aýtmakdan hem çekinmändir.

Belli nemes gündogarşynasy German Gesse Abusagydyň edebi mirasyna ýokary baha bermek bilen, onuň diňe bir sufizm poeziýasynyň ussat kethudasy bolman, Rudakyny we onuň döwürdeşlerini hasaplamanyňda, oňa rubagyny dörediji şahsyýet diýip boljakdygy baradaky pikiri öňe sürýär".

Mäne babanyň ruhy-pelsepewi dünýäsine düşünmegiň esasy açary – onuň rubagylary. Biz ilkinji gezek onuň rubagylaryny asyl nusgasyndan – pars dilinden terjime etmäge synanyşdyk. Ýedi ýüzden gowrak rubagydan ybarat bolan bu ýygyndy häzirki döwre çenli Mäne babanyň bir ýere jemle-

nen iň uly rubagylar ýygyndysy hasap edilýär, emma muňa garamazdan, käbir çeşmelerde şu ýygyndyda getirilmedik ýene birnäçe rubagynyň bardygy barada maglumatlar bar.

Öz ýaşan ata watanyny, aýak basan topragyny gözüne sürme edinip, Hakdan halaty bilen dünýäni seýr eden, emma bir pursatlykda öz ilini, döwletini terk etmedik ýa oňa gyýa göz bilen bakmadyk keramatly piriň rubagylarynda watanyna, topragyna, tebigatyna, ot-çöpüne, har-tikenine bolan çäksiz söýgi-guwanç bar. Ol Haweran topragyny taryp edýän rubagysynda:

Haweran düzünde ýokdur ýeke daş,
Läleleri boýan gözden akan ýaş.
Ýokdur ýekeje ýer, ýekeje menzil,
Bar ýerde boldum men Özüňe syrdaş –

diýip, Haweranda özi we özüniň ykbaly bilen bagly bolmadyk ýekeje daşyň, ýekeje menziliň ýokdugyny, ähli ýerde hem ýoldaşynyň, syrdaşynyň diňe Beýik Alla bolandygyny nygtaýar.

Zemin we Asman yşkyny, Hudaýa we tebigata bolan söýgüsini utgaşdyran alymyň ähli rubagylarynyň içinden ylahy söýgi eriş-argaç bolup geçýär. Rubagylarda tumar edip, boýnuňa dakylmaly paýhaslar, her pursat dadyňa ýetişjek hikmetler, öwütler beýan edilýär. Ynsana ýüz saraltman, hajatyňy Hakdan dilemek, kişi minnetini çekmän, diňe Alla sygynmaklyk ündelýär. Adamy zelil edýän häsiýetleriň biri – ulumsylyk, men-menlik, tekepbirlik. Mäne baba sözünde, hereketinde, ylmynda, amalynda hiç wagt «men» diýip, özüni ileri tutmandyr, güjeňlemändir, «men» diýip, söze başlamandyr. «Ähli dertleriň sebäbi men-menlikdir» diýip, men-menligi ýazgarypdyr, beýik şahsyýetdigine garamazdan, özi bilen özgeleriň arasynda hiç hili parh goýmandyr, gaýta olary Hudaýyň nygmaty hökmünde özünden hem eý görüpdir.

Ömür gözüni şygyr bilen açyp, şygyr bilen hem ýuman, kalbyny ylahy nur bilen yşyklandyran, diňe Magşugynyň

gam-derdi bilen ýatyp-turan we Ony özüniň aýrylmaz hemrasy edinen takwanyň ylahy häsiýetli rubagylarynda Allanyň durmuşa hemişelik gatnaşyk duýgusyna we bu gatnaşygyň ynsany erbet hereketlerden saklamak häsiýetine uly üns berilýär. Şeýle-de ynsan bilen Ýaradanyň arasyndaky söýgi hem üns merkezinde durýar. Goşgularyndan görnüşi ýaly, ol Allany özüniň Magşugy hökmünde kabul edip, özüni Onuň yşkyndaky, «Aşyk», «Mejnun», «Perwana» diýip atlandyrýar. Magşugynyň jemalyna, wysalyna teşne bolup, öz ýüregini onuň menzilgähi edýär. Rubagylarda Allanyň ady «Magşuk», «Dilber», «Janym», «Nigär», «Näzenin», «Dost», «Ýar» görnüşlerinde getirilip, rubagylaryň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Rubagylaryň gahrymany bolan «Aşyk» Magşugyna kökerilendir. Onuň erkine we köňül islegine garşy bir ädim hem ädip bilmeýär. Dilberine (magşugyna) ýaramajak, onuň raýyny ýykjak hereket ederinden howatyr edýär, Ony goldan bermekden, ygtyýaryndan gidermekden we ýalňyz galmakdan gorkýär. Şonuň üçin hemişe öz hereketine ünsli, özüni alyp barşyna dykgatly bolýar.

Takwalyk howasyny demine sorup, bihudalyk demini özünden daş eden dana takwanyň, ruhy dünýäsi umman deýin çuň we gözbaş ýaly dury bolan beýik dananyň rubagylar ýygyndysynyň süňňi ynsanyň, adamzat nesliniň, ähli milletleriň we jemgyýetleriň ähli döwürlerde iň kösençlik, kynçylyk hem mätäçlik çeken we çekýän zady – ruhy iýmiti, iň derwaýys, iň wajyp hem gaýragoýulmasyz meselesi bolan – şahsyýet, kämil ynsan, ahlak binýadyndan tutulandyr. Ahlak häsiýetli rubagylarynda Mäne baba:

Käbä barsaň, Haka sydkyň baglagyl!
Özüňe däl, il agysyn aglagyl!
Agyň ýalandanmy, onda gowusy –
Git-de, meýhanada keýpiň çaglagyl! —

diýmek bilen, gara pikirleriň, gara nebsiň ýesiri bolman, beden durkuňy sagdyn paýhaslaryň, päk niýetleriň jemlenen «jennet mekanyna» öwürmegiň gizlin syrlaryny we bagtly bolmagyň syrlar açaryny salgy berýär. Men-menlik, tekepbirlik, özünbilerlik, rehimsizlik ýaly ýaramaz häsiýetleri özüňe golaýlaşdyrmazlygy, hatda ýele ýanyňdan hem getirmezligi wesýet edýär. Dünýälik haý-höwesleriniň guly bolmazlyk, dünýe üçin diniňi we imanyňy, ynsabyňy goldan bermezlik, dünýä gymmatlyklaryna zynjyrlanyp, erkinligiňi elden bermezlik rubagylaryň gahrymanynyň rubagylaryň muşdaklaryna edýän sargydydyr.

Onuň dilewarlyk zehininden syzylyp çykan örän akgynly, labyzly, pikirleniş ukyby gaty ýiti we güýçli, many taýdan nepis hem inçe, her setirine umman, her bendine älem ýerleşdirilen rubagylarda çeperçilik serişdeleriniň – meňzetmeleriň, ulaltmalaryň, kiçeltmeleriň jaýdar hem gaty ussatlyk bilen getirilendiginiň şaýady bolýarsyň. Rubagylaryň parsça ýazylandygyna garamazdan, onda ençeme pars söz düzümleriniň türkmen stilinde getirilendigine köp duş gelinýär.

Ähli adamzady ahlak taýdan päklige, Hudaýa ýakynlaşmaga ündän beýik pir, akyldar şahyr:

Maksadym bolmandy – ynjytmak kişi,
Endik edinmedim hiç men bu işi.
Aýby görýän gözüm – kör, muňa şükür,
Göripleriň gözi mende hemişe

ýa-da:

Kämil – bir hünäriň ýüz müňçe görer,
Pespäl – tikeni hem gül-gunça görer.
Ynsan ynsanyň çyn ynsap aýnasy,
Ýagşy – şir dek, pis – bir maýmynça görer –

diýip, sabyr-çydamlylygy, geçirimliligi, kesekiniň ýetmezçiligine göz ýumujylygy bilen, ähli köňülleri ele almagy başar-

ýar. Onuň bu häsiýeti «Esraryt-Towhyt» kitabynda berilýän hekaýatlarda hem giňden açylyp görkezilýär.

Jan bar, dil bar, jana ýagy bil dili!
Sözüň az et, titrese jan bilbili!
Bir ajap söz diýmiş senemler şasy:
«Baş – bag ýapragydyr, dil — güýzüň ýeli» —

diýýän Mäne baba ahlak häsiýetli rubagylarynyň üsti bilen ölçäp äden ädimleriň, ölçerip gürlän dilleriň, saýgaryp gören gözleriň, diňşirgenip diňlän gulaklaryň, ýerlikli ýylgyryp, ýerinde aglan ýüzleriň nur-tuwagynyň dökülmejekdigini aýdýar. Mäne babanyň ähli beýik häsiýetleri onuň Hudaýa bolan yşkyndan gözbaş alýar. Ol ähli ruhy gözellikleriň gönezligini Hudaýa bolan halal söýgüsinden gözläpdir. Şeýdibem, şol halallygyň köňüllerde şineleden paýhasyny il-güne miras galdyrypdyr.

Rubagylarynyň durkuny ynsanperwerlik bilen bezän we:

Men seniň topragyň topragy boldum,
Topragyň topragy boldum, päklendim[86] —

diýip, özüni «toprak» sypatda gören aşa pespäl akyldar şahyr ynsanyň beýikligini öz durkuňy kiçeldip, özgäniň mertebesini has ýokary götermekde görüpdir. Bu pespällik onuň ruhupesliginiň alamaty däldir. Muny onuň Hakyň bendelerine goýýan hormat-sarpasy we Hakyň razylygyny halk bähbitli işlerde görendigi bilen delillendirmek bolar.

Abusagyt, Omar Haýýam, Hemedany,
Firdöwsi, Nyzamy, Hafyz Perwany,
Jelaleddin Rumy, «Jameul-many»,
Alarnyň jaýynda men hem kän bolsam[87] –

diýip, özüni Abusagydyň deňine ýetirmegiň arzuwyny gursagynda beslän Magtymguly Pyragy öz döredijiliginde gaýybana halypasynyň öňe süren pikirlerini goldaýar. Abusagydyň

[86] Muhammet Münewwer, «Esraryt-Towhy ...», 202 sah.
[87] Magtymguly, «Saýlanan eserler», I jilt, 1983, 73 sah.

rubagylary bilen Magtymgulynyň goşgularynyň arasynda pikir-ideýa-mazmun ýakynlygyny güýçli hem görnetin görmek bolýar. Abusagydyň ady Magtymguly ýaly beýik ussadyň döredijiliginde diňe bir hormat bilen ýatlanylyp geçilmän, bu beýik pirden güýçli täsirdir ylham alandygyny Magtymgulynyň birtopar goşgularyndan bilmek bolýar. Abusagydyň suw içen çeşmesinden Magtymgulynyň hem içendigini, şeýle-de, goşgularyndan mälim bolşy ýaly, iki akyldaryň hem bir maksady tutandyklaryny, wagyz-nesihatlarynyň belli bir maksada ugrukdyrylandygyny aňmak bolýar. Şular ýaly pikir ýakynlygy olaryň ruhy dünýälerinde, dünýägaraýyşlarynda ýakynlygyň barlygyny aňladýar.

Magtymguly Abusagydyň döredijiligini düýpli yzarlap, ondan köp zatlary öwrenip, ylahy, öwüt-nesihat, ahlak häsiýetli goşgularynda onuň rubagylaryna salgylanypdyr. Muny birnäçe meselede iki akyldaryň pikir-garaýyşlarynyň deň gelmegi, hatda goşgy setirleriniň diňe söz tapawudy bilen gabat gelmegi-de şaýatlyk edýär. Abusagyt bir şygrynda:

Ýa Rep, salma meni perişan hala,
Dogana mätäçlik dälmidir nala?! –

diýýän bolsa, bu Magtymgulynyň döredijiligine özbaşdak reňk bolup siňip, ol muny şeýle röwüşde beýan edýär:

Doganyň dogana bahasy ýokdur,
Agany inige mätäç eýleme[88].

Abusagydyň:

Keremiň agartdy gara saçymy,
Ak saç bilen garaltmagyn ýüzümi –

diýen setirlerini Magtymguly:

Yhlasym ary kyl, ýalanym ýok et,
Tilimni deraz kyl, ýüzümni ak et[89] –

---

[88] Magtymguly, "Saýlanan eserler", I jilt, 1983, 73 sah.
[89] Şol ýerde, 73 sah.

diýmek bilen, goşgynyň ideýa-mazmunyny dolulygyna saklapdyr.

Magtymgulynyň başga-da köp goşgularynda Abusagydyň döredijilik möhüriniň yzy mese-mälim görnüp dur.

*Magtymguly*:

Hazynaňdan bergil meniň ryzkymy,
Bendäňi bendäňe mätäç eýleme![90].

*Abusagyt*:

Karzymy ýetirgin bol hazynaňdan,
Ýa keremiň joş-da, baýlyga okla.

Magtymgulynyň goşgularynda Abusagydyň orta atan oňat pikirleriniň gaýtalanmalaryny görmek bolýar. Ol Abusagydy diňe hormatlamak bilen çäklenmän, onuň ajaýyp pikirler siňdirilen setirlerini özüniň orta atýan, beýan edýän pikir-duýgusynyň has aýdyň, has düşnükli, has ýerlikli bolmagy üçin gollanma edinipdir. Muňa näçe mysal getirseň getirip oturmaly.

*Mäne baba*:

Ýa Rebbim, eýleme sen bizi ryswa,
Ömür – şeýle kelte, günämiz – bisýar –

diýse, Magtymguly ony:

Jürmüm çoh bolsa hem, keremiň kändir,
Bagyşlasaň neýlär, ýarym, ýa, Alla![91]

ýa-da:

Eýa, Kadyr, Senden gudratly kim bar,
Keremiň güýçlüdir, günähim bisýar[92] –

diýen setirleri bilen beýan edýär.

---

[90] Magtymguly, "Saýlanan eserler", I jilt, 1983, 73 sah.
[91] Şol ýerde, 41 sah.
[92] Magtymguly, «Saýlanan eserler», II jilt, 1983, 147 sah.

Birnäçe goşgularynyň ideýa-mazmun taýdan meňzeş gelmegi tötänleýin zat däl-de, Magtymgulynyň Abusagytdan görelde alandygyny görkezýär. Durmuş seslenmelerinde bularyň ikisiniň ündeýän pikirleri deň gelýär. Ýagşy işleri, ýoluň dogrusyny salgy bermek, ynsan sarpasyny belent tutmak, ynsan göwnüni awlamagyň sogaby hakdaky ýürek hiňlenmelerinde, ikisiniň owazasy deň sazlaşykly çykýar.

Ýokardaky ýaly biri-birinden reňk alan setirleri iki söz ussadynyň döredijiliginden näçe diýseň tapmak bolýar. Bu bolsa Magtymgulynyň beýik pirden diňe bir täsir almak bilen çäklenmän, onuň döredijilik mekdebini özboluşly dowam etdirendiginiň güwäçisidir.

Döwürdeş hem özünden soňky şahyrlar Abusagyda hormat-sarpa hökmünde, onuň adyna aýdylýan we taýsyz şahsyýetini açyp görkezýän hekaýatlara özleriniň şygyr köýneklerini geýdiripdirler we ynsanlar ol şygyrlary dilleriniň senasyna, gursaklarynyň tumaryna öwrüpdirler. Ybadat wagty musulman doganlaryna ellerini ýürege, ýüreklerini hem Alla golaý tutmaklygy ündän, kalby garaňky gijäniň parlak ýyldyzy deýin lowurdap duran pir hakdaky «Esraryt-Towhyt» kitabynda berlen «Hak syry» baradaky ajap hekaýatyň mazmunyny pars dilli söz ussatlary-şahyrlary özleriniň şygyr setirlerine siňdiripdirler. Biz ony pars dilinden türkmen diline terjime etdik:

Mäne baba duşup diýdi bir nadan:
«Maňa Hakyň syryn aýdyp ber, danam!»

Ertesi sandyga salyp bir syçan,
Nadana gowşuryp, pir söhbet açan:

«Munda gizläp goýdum, Hakyň syrlaryn,
Ony bir salym hem gözden salmagyn».

Ol sandygy alyp, gysdy gujagna,
Waswasalyk gün bermedi hiç oňa.

«Bujagaz sandygyň syry bir geňsi,
Hak syryn pir munda goýdy neneňsi?!»

Sabyr käse çat açdy waswaslykdan,
Böküp çykdy syçan derrew sandykdan.

Gazaplanyp diýdi: «Sen kezzap, a:ýdyň,
Neçün sen syçany «Hak syry» saýdyň?!

Eý, kemakyl, ýaňra, sen bir agzyboş,
Bedasyl derwüş sen, bolmaz göwnüň hoş».

«Sandykda syçany goýmadyň bir dem,
Hak syryn gursakda neneň goýjak sen!»[93].

«Esraryt-Towhytda» getirilýän hekaýatlaryň birinde Abusagydyň bir müridine şeýle öwüt bilen ýüzlenişi beýan edilýär. Ol şygryň türkmençe terjimesi:

Abusagyt aýtdy bir müridine:
«Hanakada ýokduň sen gündizine».

Ol aýytdy: «Ýazdym şyh hekaýatyn,
Berjaý edip, garyp-derwüş haýyşyn».

Mäne diýdi: «Şu dem taşla galamyň,
Eý gör, illeň senden öwüt alanyn.

Il gürrüňin ýazmak – girmez hünäre,
Öwgiň bilen deňelgin sen ýüz äre»[94].

Adamkärçiligiň, ynsanperwerligiň çür depesine çykan, halallygyň aýdymçysy bolan beýik pir müridine şeýle sargyt edişi ýaly, özi hakdaky şunuň ýaly ýagşy hekaýatlary we gürrüňleri bilen taryh gatlaryna girmegi we halkyň ýüreginiň töründe jaýlaşykly ornaşmagy başardy.

---

[93] Seýit Muhammet Damady, «Abusagytnama», 109 sah.
[94] Şol ýerde, 110 sah.

Abusagyt Abylhaýyryň özbek halkynyň arasynda hem uly söýgä we meşhurlyga eýedigini nygtan özbek alymy Ergeş Açylow onuň 186 sany rubagysynyň özbek diline terjime edilendigini belläp: «Onuň sopuçylyk we didaktiki pikirleri dilden-dile, kitapdan-kitaba geçýär, rubagylaryny uly söýgi bilen okaýarlar we ýat tutýarlar, teswirleýärler we terjime edýärler» diýip ýazýar.[95]

Mäne baba türkmen nesilşalyklary bilen ýakyn aragatnaşykda bolupdyr. Onuň gudrat-keramatyna, ylym-bilimine döwrüniň ähli nesilşalyklarynyň soltanlary uly hormat-sarpa goýupdyrlar. Älemi sarsdyran soltanlar hem döwlet işlerinde bu dili dogaly pirden ak pata almagy özlerine uly bagt we mertebe-dereje saýypdyrlar. Soltan Mahmyt Gaznalynyň kätibi Abulfazl Beýhakynyň eserlerinde türkmenleriň beýik-beýik döwletleri gurandygy, çünki olara Mäne babanyň ak pata-haýyr doga berendigi baradaky maglumatlara duş gelse bolýar.

Taryhy çeşmelerden bilşimiz ýaly, ol Seljuk hökümdarlary Togrul bege we Çagry bege gol göterip pata berip, olaryň gaznalylardan üstün çykjakdyklaryny welilik bilen öňünden aýdypdyr. Togrul bege Yraga, Çagry bege Horasana häkim bolmagy tabşyrypdyr. Olaryň döwlet nyşanynda iki kelleli laçyny şekillendirmekligi maslahat beripdir.

– Diňe Haka golaý duruň, ogullam,
Diňe halka golaý duruň, ogullam! –

diýip, wesýet edýän beýik piriň döredijiliginde ähli işlerde diňe Haka, halka we hakykata golaý durmak ündelýär. Ol şeýle diýýär:

Hudaý bilen däl zat – hiç zat,
Hudaý bilen däl adam – hiç kim[96] —

Mäne baba jemgyýetdäki orun-derejelerine garamazdan, ähli adamlar bilen oňat aragatnaşykda bolupdyr. Bir gün oňa:

---

[95] Abusagyt Abylhaýyr – Gündogaryň beýik akyldary, Halkara ylmy maslahatyň nutuklarynyň gysgaça beýany, Aşgabat – 2007, 124 sah.

[96] Muhammet Münewwer, «Esraryt-Towhyt ...», 286 sah.

12. Sargyt №53

«Suwuň üsünde ýöräp bilýän adam bar» diýip aýdýarlar. Ol: «Bu kyn zat däl, hakyky adam – adamlaryň arasynda bolup, olar bilen bile ýatyp-turýan, iýip-içýän, şol bir wagtda hem bir pursatlyk hem Hudaýy ýatdan çykarmaýan adamdyr» diýýär.

Okyjylaryň, edebiýatçy alymlaryň Mäne babanyň dünýä edebiýatynyň genji-hazynasyna giren, pähim-paýhaslardan, öwüt-nesihatlardan ybarat bolan «Rubagylar» ýygyndysynyň içine gezelenç etmekligi, onuň «miweli baglarynyň» bişen datly miwelerinden iýip, lezzet almaklygy, beýik «dereklerine» ýiti nazar bilen syn edip, olaryň sergin saýasynda saýalap, «şahalarynda saýraşýan guşlaryň» hoş owazlaryny diňläp, hassa köňüllerini aramlaşdyrmak bilen, biziň ýaňzytmadyk ýene birnäçe zatlary tapyp biljekdigine ynanýarys. Onuň rubagylary ruhy baýlyklara we medeni gymmatlyklara has uly sarpa goýulýan eýýamda – türkmeniň Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda ilkinji gezek pars dilinden terjime edildi. Bu biziň döwrümiziň beýikliginiň ýene bir subutnamasydyr. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň taýsyz aladalary netijesinde türkmeniň dymyp ýatan ýene bir edebi ýadygärligi gaýtadan dikeldildi – Mäne baba garysyna galdyryldy. Bu keramatly Mäne babanyň ak patasyna eýe bolmak mysalyndaky beýik işdir. Türkmen topragyň üstünde gezen, türkmen tebigatynyň howasyny sorup, ýiti paýhasy bilen nesillere ýadygärlik galdyran Mäne babanyň nygmatlar hem paýhaslar saçagyndaky rubagylary türkmen nusgawy edebiýatynyň we şöhratly taryhynyň muşdaklaryna Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynyň sowgadydyr.

*Çary Kömekow,*
Ruhabat etrabynyň bilim
bölüminiň hünärmeni
*Gurbangözel Kömekowa,*
Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň
Milli golýazmalar institutynyň uly ylmy işgäri

## MAZMUNY

Göwne – ganat,  dile – aýdym ........................................ 3
Rubagylar ........................................ 6
*Çary Kömekow, Gurbangözel Kömekowa*
Paýhas saçagynyň nygmatlary ........................................ 150

*Mäne baba*
(*Abusagyt Abylhaýyr*)

# RUBAGYLAR

**Redaktor**
*Annagurban Aşyrow* – dil-edebiýat ylymlarynyň doktory

Teh. redaktory *T. Aslanowa*
Kompýuter bezegi *O. Gataulina*

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň
Milli golýazmalar instituty.
744000, Aşgabat, Puşkin köçesi, 13A.

Ýygnamaga berildi 03.01.2012. Çap etmäge rugsat edildi 10.02.2012.
A-680012. Möçberi 60x84 $^{1}/_{16}$. Çap listi 11,25. Hasap-neşir listi 13,848.
Neşir № 11. Sargyt № 53. Sany 5000.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň "Ylym" neşirýaty.
744000. Aşgabat, Türkmenbaşy şaýoly, 18.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň "Ylym" çaphanasy.
744000. Aşgabat, Bitarap Türkmenistan şaýoly, 15.